**G.Seýithanowa, B.Iwanow, G.Şükürow, A.Myradow,**
**Ş.Kerimberdiýewa, A.Arlanowa, D.Sarygulow**

# HALKARA MAGLUMAT IŞEWÜRLIGI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2016

UOK 004. 6:378
S 41

**Seýithanowa G. we başg.**
S 41 **Halkara maglumat işewürligi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.:Türkmen döwlet neşirýat gullygy, 2016.

Okuw kitaby ykdysady hünärler boýunça bilim alýan talyplar üçin niýetlenilip, ol halkara maglumat işewürliginiň guralyşyny, maglumat önümçiligini, onuň marketingini, mahabatlandyrma işini, Internet ulgamynda işlemegiň esaslaryny, elektron täjirçiligini hem-de maglumat howpsuzlygyny öz içine alýar.

TDKP № 68, 2016 KBK 73, ýa 73

© Seýithanowa G. we başg. , 2016.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*- Ýurdy ösüşiň innowasion ýoluna geçirmek boýunça bu hem-de beýleki wezipeleriň ählisi, tutuşlygyna globalizasiýa ýagdaýlary we bazar gatnaşyklaryna geçilmegi döwletiň rolunyň hem-de wezipesiniň düýpli üýtgedilmegini talap etdi. Häzirki wagtda Türkmenistanda syýasy ulgamda, maglumatlar ulgamynda özgertmeler durmuşa geçirilýär, kanunçylyk täzelenilýär, institusional esaslar kämilleşdirilýär.*

# GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynda, işewürlikde, telekeçilikde, täjirçilikde, kärhanalaryň, guramalaryň işini kämilleşdirmekde, täze tehnologiýalary ornaşdyrmakda uly işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan adalatly syýasatynyň möhüm aýratynlyklarynyň biri hem, onuň açyk, aýdyň hem-de işjeň häsiýetde bolmagydyr. Ýagny islendik ýurduň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmeginde telekommunikasiýa ulgamynyň uly paýynyň bardygyny bellemelidiris.

Ylmyň, tehnikanyň has ösen häzirki döwründe uly ösüşleri, durmuşy, ýaşaýşy aragatnaşyk ulgamsyz göz öňüne getirek mümkin däl. Gysga döwür içinde dünýäniň ösen tehnologiýalary öwrenilip, tejribe alşylyp, ýurdumyzyň ähli ulgamlaryna ornaşdyrylýar, halkymyzyň gündelik durmuşyna, edara-kärhanalara ýokary hilli kompýuter tehnikalary we aragatnaşyk hyzmatlary ýola goýulýar.

«Halkara maglumat işewürligi» atly okuw kitaby on bölümden ybarat bolup, onda maglumat önümçiligi we marketingi, täze maglumat tehnologiýalar, maglumatlaryň täjirçilik maksatlarda ýaýradylyşy, interaktiw hyzmatlaryň halkara bazary, maglumat marketingiň maksatnamasy, marketingi amala aşyrýan subýektleriň işleriniň aýratynlyklary, maglumat bazalaryny öndürijileriň ýerine ýetirilýän marketing, interaktiw gulluklaryň geçirýän marketingi, marketingiň

esasy subýektleriniň we maglumat banklaryny ulanyjylarynyň özara aragatnaşyklary, maglumat önümiň we hyzmatyň bazary, maglumatlar bankynyň we maglumatlar bazasynyň ýerine ýetirmeli talaplary, bazaryň segmentlere bölünişi, bazary segmentlere bölmekde maglumat marketingiň düzgünleri, maglumat hyzmatyň nyrhynyň döreýşi, girdejiniň ýokarlandyrylyşy we nyrhlaryň derejesi, maglumat hyzmatlara nyrhyň döreýşi, nyrhyň döremeginiň bazar tejribeligi, bazaryň gurşalyşy, nyrh syýasatynyň modifikasiýasy, girdejiniň kesgitsizlik howpunyň peseldilişi, nyrhyň düzümi, mahabatlandyrma işi, interaktiw hyzmatyň bazardaky hereketiniň esasy görnüşleri, harydyň durmuşda ulanylyş döwrüniň tapgyrlary, göni marketingiň ösüşi, artykmaçlyklary we görnüşleri, interaktiw marketing we elektron söwda, wirtual dükanlarda söwda etmek, marketing barlagynyň esasy görnüşleriniň häsiýetnamalary, maglumatlar banklarynyň ulanylyşynyň barlagy, maglumatlar bankynyň täjirçilik maksatlarda dogry peýdalanylyşynyň barlagy, Internet hakda gysgaça taryhy maglumatlar, Internetiň hukuk aspektleri, Interneti gurnamagyň ýollary, Web-forumlar, Internet Exploreriň kömegi bilen Web – sahypalary gözden geçirmek, Internetde gözleg ulgamlardan peýdalanmak, WEB-saýtlar we olaryň döredilişi, Internetde mahabatlandyrmanyň ýerleşdirilişi, Internetde täjirçilik we elektron täjirçiligi, ykdysadyýetimizde bank kartynyň ornaşdyrylyşy, nagt däl hasaplaşyklar, bank geçirimleri, tiz pul geçirimleri, tölegiň *Online* ulgamlary, maglumat howpsuzlygyny guramagyň serişdeleri, maglumatlaryň goralyş usullary, kompýuteriň wirus bilen kesellemeginiň zyýany, antiwirus programma üpjünçiliginiň artykmaçlyklary, spamlaryň has köp ýaýran görnüşleri barada giňişleýin düşünje berilýär.

# 1. MAGLUMAT ÖNÜMÇILIGI WE MARKETINGI

## 1.1. Maglumat önümçiligi we marketingi barada umumy düşünje

Ösen ýurtlaryň ykdysadyýetine aýakdaş ösýän, bazar şertleriniň kynçylyklaryna döz gelip biljek ykdysadyýetiň esasyny döretmek ýurdumyzyň bazar gatnaşyklaryna geçiş döwrüniň baş ýörelgesidir. Bu arzyly sepgide ýetmek ykdysadyýete ösen tehnologiýa serişdelerini ornaşdyrmazdan, çeýe we kämil maglumat serişdelerini ulanmazdan mümkin däldir.

Maglumat diýip bizi gurşap alan dünýä hakda dürli ýollar bilen ýygnanan «çig habarlara» düşünilýär. Emma maglumat, şolardan adam işi üçin zerurlarynyň guramaçylykly rejeleşdirilip, iňňän çalt özgerýändigi üçin, olaryň gymmatynyň az wagtyň içinde dürli belliklere böküp bilýändigi sebäpli, olary toplamak, täzeden işlemek, alyp bermek, ýaýratmak ýaly işler ägirt uly peýda getirip bilýän işlere öwrüldi. Şonuň üçin ykdysadyýetde diňe şol işleri amala aşyrmak we ondan girdeji gazanmagy maksat edinýän pudak emele geldi.

Beýle pudagyň emele gelmegine maglumat tehnologiýasynyň serişdeleriniň hem görlüp-eşidilmedik derejede ösmegi sebäp boldy.

Hazirki zaman telekommunikasiýa serişdeleriniň we kompýuter torlarynyň mümkinçilikleri ynanmasy kyn bolan ertekileri döredýänleri hem geň galdyrýar. Dogry, ösüş derejesi pes ýurtlaryň ykdysady pudaklarynyň aglabasy özlerine gerek maglumatlary, ykdysady informasiýany (ykdysady informasýa diýip, ykdysady pudagyň ähli taraplary hakyndaky informasiýalaryň toplumyna aýdylýar) öz mümkinçilikleri bilen toplap, işläp bejerýärler.

- Dünýä tejribesine salgylansak, önümçilige zerur maglumaty öz mümkinçiligiňe görä işläp-düzmän, onuň bilen ýörite meşgullanýan pudaklaryň hyzmatyndan peýdalanmagyň köp tarapdan oňaýly, ykdysady taýdan arzan düşýänligini bellemelidiris.

Ykdysady maglumaty toplamak, işläp taýýarlamak, ýaýratmak ýaly işler bilen ýörite meşgullanýan önümçilige *maglumat önümçiligi* diýip düşünilýär. Her bir önümçilikde bolşy ýaly, onuň hem öz önümi bar. Ol önümiň adyna maglumat önümi diýilýär. Bu önüm belli ykdysady pudaga ýa-da adamyň gündelik durmuşyna degişli maglumatlara esaslanyp düzülen bellibir tertibe, talaplara gabat gelýän maglumatlardyr. Ol maglumatlar bazasy we maglumatlar banky görnüşinde bolup biler.

Maglumat önümçiligi ykdysady pudaklaryň iň ýaşydyr. Ol aýratyn ykdysady pudak hökmünde XX asyryň 80-nji ýyllarynda emele geldi. Muňa garamazdan, bu pudakdaky haryt dolanyşygy we jemi önüm her hili çaklamalardan ozup geçdi.

Önümiň çalt ösmegi, üýtgemegi bilen bir hatarda, olaryň ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndan aýratynlyklaryny hem bellemelidiris.

Mälim bolşy ýaly, önüm öndürýän ykdysady pudaklaryň hersiniň aýratynlyklary bar hem bolsa, olaryň ösüşi we marketinginiň esasy prinsipleri birmeňzeşdir.

Häzirki döwürde önümçilik pudagynyň marketingi diýip diňe bir onuň önüminiň bazaryny öwrenmeklige düşünilmän, eýsem, umuman, adamyň zeruryýetini kanagatlandyrmaga ugrukdyrylan işleriň ulgamyna düşünilýär. Bu nukdaýnazardan seredilende, maglumat önümçiliginiň marketingi hem umumy ýörelgelere tabyndyr. Ýöne maglumat önümiň aýratynlyklary, onuň ulanyjylara hödürlenilişi, önüme ulanyjynyň garaýşy, bu önümiň marketinginiň ýollaryna öz düzedişlerini girizýär. Önümi ulanyja ýetirmekde edilýän hyzmatlaryň özi aýratyn öwrenilmäge mynasypdyr. Adaty halkyň giňden ulanýan harytlaryndan tapawutlylykda, maglumat önümi öndürijiniň teklip eden görnüşinde kabul edilmeýän wagtlary köp bolýar. Şonuň üçin öndürijiniň özi, turuwbaşdan maglumatlaryň toplumyndan ulanyja gerek maglumatlary gözläp tapmagy teklip etmegiň ulgamyny işläp düzýär ýa-da şol hyzmatlary ýola goýup biljek kärhanalar bilen iş salyşýar. Bu hyzmatlara *maglumat hyzmaty* diýilýär. Soňky wagtlarda bu hyzmatlar maglumat tehnologiýasynyň serişdeleriniň üsti bilen interaktiw ýagdaýlarda (ýagny, gezekli-gezegine hakyky wagtda

aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmak bilen maglumat alyşmak) berilýänligi sebäpli, «interaktiw hyzmat» diýen düşünje bilen deňräk ulanylýar.

Häzirki döwürde ulanyjylara interaktiw hyzmaty hödürlemegiň özi ykdysadyýetiň özbaşdak pudagyna öwrülýär. Bütin dünýäni gurşap alan *INTERNET* kompýuter torunyň emele gelmegi we onuň mümkinçilikleriniň ulanyjy üçin oňaýlylyk tarapyna mese-mälim artmagy maglumat önümçilikde interaktiw hyzmatyň işewürligine uly itergi berdi.

Häzir dünýäde işi oňuna bolup barýan dürli kärhanalaryň Internetiň hyzmatyndan peýdalanmaýany ýok diýen ýaly. Aslyýetinde, önümçilikde gazanylýan üstünlikleri üçin işewür adamlar, köp halatlarda, bu ulgamyň hyzmatlaryndan hoşaldyrlar.

Ýöne interaktiw hyzmat diýip diňe Internetde berilýän hyzmata düşünilse nädogry bolardy. Bu düşünje islendik ulanyjy bilen islendik öndürijiniň terminalynyň arasynda hakyky wagt aralykdaky alyp barýan işi öz içine alýar.

Her bir önümçilik pudagynyň marketinginiň netijesi adamyň şol pudagyň önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmak (elbetde, peýda görmek bilen utgaşdyrylyp) bilen häsiýetlendirilýär. Oňa gysgaça şol pudagyň işewürligi hem diýilýär. Edil şonuň ýaly, maglumat önümçiliginiň işewürligi hem adamy maglumat önümine bolan islegini ýörite peýda görmek maksady bilen utgaşdyrylyp kanagatlandyrmaga ugrukdyrylan işdir. Gysgaça oňa *maglumat işewürligi* diýilýär.

Ýokarda maglumat önümçiliginiň ýaňy-ýakynda işewürlige öwrülendigini, şonuň üçin onuň marketinginiň ylmy nukdaýnazaryndan doly işläp düzülmändigini ýaňzydypdyk. Ýöne bu ugurda ýazylan ylmy işler ýeterlik bardyr. Bu önümçiligiň aýratynlygynyň biri hem, onuň özüniň diňe ol hakda edilýän ylmy işlerden, bilim işlerinden kän öňden gidýänliginde däl-de, ol hakda aýdylyp ýetişilmänkä üýtgäp ýetişýänligindedir. Muňa garamazdan, ol häzir onuň bilen çynlakaý iş salyşylýan senagata öwrüldi. Häzirki döwürde, ösen ýurtlarda adam işiniň islendik pudagynda, islendik maglumat senagatynyň hyzmat ediş ulgamyndan özüne degişli maglumat önümini almakdan (satyn almakdan) başlanýar. Soňra bu ugurdaky zerur maglumata eýe bo-

lup durar ýaly, beýleki kybapdaş işler bilen meşgullanýan bäsdeş edaralaryň derejesi bilen habardar bolup, şol maglumatlary ýaýratmak bilen meşgul bolýan edaralar bilen şertnama baglaşylýar. Bu işleri döwrebap guramak üçin maglumat tehnologiýasynyň serişdesi bilen üpjün edilýär. Şeýlelikde, isle ol gündelik sarp edilýän önümi öndürýän önümçilik bolsun, isle-de medisina ýa-da ylmy edarada täze usuly öwrenmek bilen bagly iş bolsun, islendik adam işinde maglumat önümçiliginiň önümi we ony ýaýradýan önümçiligiň hyzmatlary bilen iş salyşmaly bolýar. Bu indi diňe bir adaty ýagdaý däl-de, zeruryýete öwrülip gitdi. Ýurdumyzda zähmet çekýän daşary ýurtly işewür adamlar muňa mysal bolup biler.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüş depgini ýakyn geljekde maglumat önümine islegiň we sözüň doly manysyndaky onuň bazarynyň hem dörejekdigine şaýatlyk edýär. Häzir söwda edaralarynda dürli programma önümleri we serişdeleri satylýar.

Häzirki wagtda öz işini dogry guran önümçilik pudaklary, banklar, biržalar özleri üçin gerek maglumat önümlerini Internet arkaly ulanýarlar. Olar bilen öz bölümlerini üpjün edýärler. Bu iş ýuwaş-ýuwaşdan depginini artdyrýar. Ýurdumyzda ykdysadyýetiň ösmegi bilen maglumat önümine bolan isleg ýokarlanýar. Her bir iş zerur maglumat önümini edinmekden başlanýar. Maglumat önüminiň bazarynyň aýaga galmagy, ýagny onuň satuwynyň peýda berýän işe öwrülmegi, ony şol maksat bilen ýaýratmak esasynda meşgullanýan ýörite gulluklaryň emele gelmegine getirer. Şeýle gulluklaryň torunyň emele gelmegi adamyň islendik işiniň tizleşmegine, islendik önümçiligiň marketinginiň çeýe gurala öwrülmegine getirer. Bularyň hemmesi öz gezeginde ykdysady ösüşe itergi berer we döwrüň talabyna dogry gelýän depgine eýe bolmagyna getirer.

Ýokardaky aýdylanlar ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşinde maglumat işewürliginiň ähmiýetiniň ýokarlanýandygyny görkezýär. Muňa garamazdan, biz şu günlerden onuň esasy usullary bilen, bu ugurda bazar ykdysadyýetiniň höküm sürýän ýurtlarynyň toplan tejribesini öwrenmelidiris.

## 1.2. Täze maglumat tehnologiýalary. Maglumatlaryň täjirçilik maksatlarda ýaýradylyşy

Ylmyň, tehnikanyň ösmegi, onuň önümlerine talabyň we islegiň ýokarlanmagy, maglumat tehnologiýalarynyň ösmegine getirdi. Ýokarda belleýşimiz ýaly, ykdysadyýetde bäsdeşligiň ýitileşmegi, ony guramakda ulanylýan maglumata bolan talaby çürt-kesik ýokarlandyrdy. Önümçilikde toplanylan tejribe maglumaty öz mümkinçilikleriňe görä toplaman, ony ýygnamak, gaýtadan işlemek we ýaýratmak bilen meşgullanýan ýörite gulluklardan satyn almagyň amatly bolýandygyny görkezýär. Maglumata önüm hökmünde garap, ony satyn almaga hyrydaryň döräp başlamagy, onuň önümçiliginiň emele gelmegine getirdi. XX asyryň 90-njy ýyllarynda esasy düzümi maglumatdan ybarat önümleriň önümciligi uly ösüşe eýe boldy. Oňa bir tarapdan, kompýuter we telekommunikasiýa serişdeleriniň ösmegi itergi beren bolsa, başga tarapdan, biziň pikirimizçe, esasan, ol önümçiligiň täjirçilik nukdaýnazaryndan iňňän peýdaly onümçilik bolup çykmagy sebäp boldy.

Mundan beýläk *maglumat önümi* diýip, peýda almak maksady bilen toplanylýan we täzeden işlenilýän maglumatlary özünde saklaýan islendik maddy ýa-da maddy däl görnüşdäki önüme aýdarys.

*Maglumat tehnologiýasy* diýip, maglumat önümi öndürmekde, ýaýratmakda ulanylýan programma we apparat serişdeleriň toplumyna aýdylýar. Bu önümçiligiň peýdalylygy onda ulanylýan döwrebap tehnologiýalaryň emele gelmegine getirýär. Häzirki döwürde maglumat önümi ýaýratmagyň özi peýdaly pudaga öwrüldi. Maglumat önümi öndürmek we ony täjirçilik hem-de telekeçilik maksatlarda ýaýratmak bilen meşgul bolýan önümçilik pudagyna *maglumat önümçiligi* diýilýär.

Şeýlelikde, maglumat önüm öndürijiniň maglumat modelini aňladýar. Ýöne onuň bahasy, geljekki abraýy ol önümiň alyjynyň (hyrydaryň) islegini näderejede kanagatlandyryp biljegine bagly.

Öndürijiniň öz önümlerinde ulanyjylaryň (hyrydaryň) modelini göz öňüne tutmaga ymtylýandygy düşnüklidir. Ýöňe öndüriji bilen ulanyjynyň modelleriniň gabat gelmegi aşakdaky sebäplere görä mümkin däldir:

- ulanyjy, özüne gerek bolan maglumat modeli, ol hakda takyk pikirleriniň (göz öňune getirişiň) ýoklugy sebäpli, gurap ýa-da ýazyp beýan edip bilenok;
- eger-de şol model bar bolaýanda-da öndüriji ony bilenok, ýa-da dogry kabul edenok. Özünem bu model dürli ulanyjyda dürli görnüşde bolýar, şonuň üçin ulanyjynyň maglumat önüminiň iň gowy modelini gurmak mümkin däldir.

Öndüriji bilen ulanyjynyň maglumat modelleriniň gabat gelmeýändigi köp halatda ulanyja, oňa teklip edilenden başga maglumatyň gerek bolýandygy görkezilýär.

Täze tehnologiýa, öňkülerden adaty tapawutlylykda, ulanyja diňe maglumat önüm teklip etmän, eýsem, ol önümden peýdalanmagyň enjamlaryny we mümkinçiliklerini açyp berýär. Ol mümkinçilikler ulanyja diňe maglumat önümiň mazmunyny dürli görnüşde ulanmaga kömek bermän, eýsem, ondan islegine görä formatda maglumaty almaga mümkinçilik berýär.

Maglumat önümi ulanyja onuň islegine görä maglumat bilen üpjün etmäge ýaramalydyr. Bu mümkinçiligi üpjün edýän hyzmata *maglumat hyzmaty* diýilýär.




Başgaça aýdylanda, maglumat hyzmaty diýip kompýuter tehnikasynyň kömegi bilen ýerine ýetirilýän islendik hyzmata aýdylýar.

Diýmek, täze maglumat tehnologiýanyň wajyp häsiýetnamasy onuň ulanyja gerek maglumaty öz islegine görä almakda maglumat

hyzmatyň giň mümkinçiliklerini hödür edip bilýänligidir. Maglumat hyzmatynyň döremegi maglumat önüme islegi artdyrdy, sebäbi önümiň aýry-aýry ulanyjylaryň hususy aýratynlyklaryna ýakynlaşmagyna, şeýlelikde, alyjy bilen satyjynyň modelleriniň ýakynlaşmagyna getirdi. Ondan başga-da, ulanyja öz maksadyna ýetmek üçin önümi doly satyn almak zerurlygy aradan aýryldy.

Şeýlelikde, maglumat önüm häzirki zaman maglumat önümçiliginde maglumat hyzmaty bilen aýrylmaz bagly boldy. Häzirki zaman ulanyjylar özüne gerek maglumat modeli hut öz terminal gurluşlarynyň öňünde oturyp almaga ymtylýarlar. Olary gyzyklandyrýan maglumat önümiň esasyny düzýän maglumatlaryň bazasy we banky başga ýurtda duran kompýuter serişdesinde saklanyp biler. Ony ulanyja ýetirmek ýörite programmalaryň we tehniki serişdeleriň kömegi bilen amala aşyrylar.

Bu gatnaşygyň «sorag-jogap» görnüşde amala aşyrylýandygy sebäpli, oňa dialog ýa-da *interaktiw tehnologiýa* diýilýär. Olaryň esasyny daş aralykdaky maglumatlar bazasy we banky, tehniki göterijilerdäki maglumat önümi we hyzmaty hem-de wideotekstler düzýär.

*Daş aralykdaky maglumatlar bazasy we banky* – bu ulanyjylar köpçüligine başga ýerde ýerleşen host-kompýuterden tor arkaly interaktiw tertipde maglumat önümi we hyzmaty bilen üpjün etmek tehnologiýasydyr. Olara mysal hokmünde Internet torunda ýörite interaktiw we maglumat hyzmatlary guraýan kataloglary, maglumat bazalarynyň söwdasyny guraýan edaralary bellemek bolar. Bu ýagdaýda maglumat önüm – dürli maglumatlary özünde saklaýan, tertipleşdirilen bazalar bolup, ulanyjynyň işini ýeňilleşdirýän durli programma serişdeleri bilen üpjün edilendir.

*Maglumatlar bankyny esaslandyryjylar (döredijiler)* – bu bir ýa-da birnäçe maglumatlar bazasyny döredip, ýa-da olary awtoryndan satyn alyp, olary ulanyjylara ýetirmek işini döwrebap guramakdan gazanç edýän edaradyr.

Awtorlaryň we döredijileriň halkara konferensiýasynyň kesgitlemesine görä, maglumatlar bazasy diýlip berlenleriň tertipleşdirilen topary bilen degişli faýllaryň toplumyna aýdylýar.

Ýöne kompýuteriň ýadyna girizilen islendik berlenlere maglumatlar bazasy diýmek bolmaz, onuň üçin aşaky şertleriň ýerine ýetmegi zerurdyr:

- maglumatlar bir bitewüligi emele getirmelidirler, ýagny olar durnukly toparlara bölmek ölçegi esasynda ýygnanan bolmalydyrlar;
- degişli maglumat önümleri bellibir aýrybaşga ulanyjylara ýetirmegiň mümkinçiligi guralan bolmaly.

Şeýlelikde, *maglumatlar banklary* – bu merkezleşdirilen toplanyş usulynda toplanylyp, köpçülikleýin ulanmaga niýetlenen, ýörite guralan programma, tehniki, dil we guramaçylyk – usuly serişdeleriniň ulgamydyr.

Bu tehnologiýanyň esasy aýratynlyklary:

- ulanyja maglumat önüm teklip edilmän maglumat hyzmaty teklip edilýär. Netijede ulanyjy diňe özüne gerek maglumaty alýar;
- daşky-kompýuterden alynýan maglumatlaryň uly möçberi maglumatyň dolulygyny üpjün edýär;
- maglumaty täzelemegiň tizligini ýokarlandyrýar;
- programma serişdeleri maglumaty diňe tapyp bermek bilen çäklenmän, gerek bolsa, grafiki, ylmy we ykdysady taýdan özleşdirilmegini hem üpjün edýär;

Maglumatlar bankynyň hyzmatlary ýerli ýa-da daşky (remote) tertiplerde berlip bilner:

- birinji ýagdaýda ulanyjy daşky kompýutere gönüden-göni birikdirilen terminal bilen işleýär (meselem, dürli ýerlerde ýerleşdirilen terminaldan kitaphananyň hasaplaýyş merkezi bilen);
- ikinji ýagdaýda maglumatlar banky ulanyjydan daş aralykda ýerleşip biler. Bu ýagdaýda onuň bilen işlemek üçin tora birleşmek zerurlygy ýüze çykýar.

*Tehniki göterijilerdäki maglumat önümleri we hyzmatlary (MÖH).* Tehniki göterijilerdäki *MÖH* bolup fleş we lazer göterijilerdäki faýllar, programmalar hyzmat edýär. Degişli maglumat hyzmatlar şol disklerde maglumat önümi bilen aýrylmaz baglanyşyklykda berilýär.

Soňky döwürde has uly islege eýe bolan tehniki göteriji lazer disklerdir. Olaryň diňe bir göwrüminiň uludygy we maglumaty saklaýjylygy ygtybarlydygy bolman, eýsem onuň bahasy saklaýan maglumatynyň göwrümine görä pesdir.

*Wideotekstler.* Onuň bilen işlände ulanyja ýörite taýýarlyk hökman däl. Ýazgy bazasyny, dürli oýunlary almagy üpjün edýär.

Wideotekst ulgamy ilkinji gezek 1972-nji ýylda Prestel kompaniýasy (Beýik Britaniýa) tarapyndan bazara çykaryldy. Ilatyň te-

lewizor we telefon bilen ýokary derejede üpjünçiligini göz öňünde tutup, Günbatar kompaniýalar potensial bazaryň göwrümine ýokary baha berdiler, munuň netijesinde wideotekst pudagy 70 – 80-nji ýyllarda ýokary depgin bilen ösýärdi. Soňra Minitel ulgamy (Fransiýa) – dünýäde iň iri wideotekst ulgamy 80-nji ýyllaryň ortalarynda 2,3 mln. öý terminallaryna hyzmat etdi. Beýik Biritaniýada edil şol möhletde Prestel ulgamyny 36 müň ulanyjy ulanýardy. ABŞ-da onlarça uly kompaniýalar ony girizdi. Emma bu ulgamyň ulanylyşy garaşylmaýan netijelere getirdi, ýagny diňe amerikan firmalarynyň çykdajylary has ýokary boldy: *Knight-Ridder* – 50 mln.$, *Times/Mirror* – 30 mln.$, *American Express* – 20 mln.$. Munuň esasy sebäbi onuň ulanyjylary giň köpçülik bolup, olaryň wideotekstler bilen işlemäge taýýarlygynyň pesligi hem-de olaryň wideotekstleri maglumat önümiň hyzmatlary *(MÖH)* hökmünde kabul etmezligi, galyberse-de, aýlyk tölegi kompaniýanyň býujetinden däl-de, öz jübülerinden (20-25$) tölemeli bolýandyklary bilen düşündirilýär. Onuň ýerini Internetiň hyzmatlary tutup başlady. Öňden belleýşimiz ýaly, maglumatyň ýaýradylyşy ulanyja interaktiw hyzmatyň, ýagny ulanyjy bilen dialog tertibinde işlenilişiň hiline baglydyr. Ilki bu at ulanyjynyň maglumatlaryň daşlaşdyrylan banky bilen işine degişli boldy *(Online)*. Giň manyda «online» hyzmat (interaktiw hyzmat) hökmünde islendik terminal bilen daşky kompýuteriň arasyndaky aragatnaşyga esaslanan hyzmat hökmünde göz öňünde tutulýardy. Sebäbi:

- bu babatda işleýän tehnologiýalaryň maglumaty alyp-beriş işleriniň usullary meňzeş;
- dürli tehnologiýalar öz aralarynda bäsleşip, ulanyjy we öndüriji üçin bir umumy giňişlik emele getirýär.

Şeýlelikde, mundan beýläk, biz interaktiw hyzmat («online» hyzmat) diýip, daşlaşdyrylan banklar bilen bagly hyzmatlary göz öňunde tutjakdyrys.

## 1.3 Interaktiw hyzmatlaryň halkara bazary

Ilkinji maglumat bazalary ylmy-tehniki häsiýetli kitaphanalaryň maglumatlaryny gözlemek üçin döredildi. Bu işde kompýuteri ulan-

mak pikiri alym P. Bagleýe (1951ý.) degişlidir. 1954-nji ýylda talaba laýyk görnüşde jogap bermek tertibinde ilkinji talaplary kompýuteriň üsti bilen işläp başladylar. Ondan soňky ylmy işlerde doly ýazgyly maglumatlar bazalarynda interaktiw tertipde gözlegi ýola goýmak amala aşyrylyp başlandy.

1960-njy ýylda *CDC* atly amerikan kompaniýasy Protosyntex atly elektron ensiklopediýa bilen iş salyşmagyň ulgamyny döretdi.

1964-nji ýylda Lockneed kompaniýasy kitaphana gözlegi üçin CONVERSE ulgamyny we ABŞ-da Milli medisina kitaphanasynda MEDLARS ady bilen ilkinji ählumumy elýeterli maglumatlaryň awtomatlaşydyrylan bankyny (MAB-ni) döretdi.

1965-nji ýylda Massachuses tehnologiýa institutynda fizika boýunça *TIP*-atly maglumatlar banky döredildi. *CDC* kompaniýasy ABŞ-nyň respektiw barlaglar dolandyrmasynyň teklibi boýunça Arpanet taslamasyny döretdi. Bu ulgamyň kömegi bilen 13 sany gurama kitaphana maglumatlarynyň bir bitewi bankyna birleşdiler.

Şol döwürde döredilen maglumatlar banklaryň köpüsi täjirçilik maksatlar üçin däl-de içki («*in house*») işler üçin döredilýärdi.

1966-njy ýylda terminal hökmünde displeýler ulanylyp başlandy. Şol ýylda *IBM* firmasy içki bölümleýin maglumat – gözleg ulgamyny döretdi. Bular giň köpçülik üçin maglumatlar bankynyň döredilip başlanmagyna itergi berdi.

Umuman, esasy aýratynlygy kompýuter tehnikalarynyň we olaryň ulgamlarynyň ösüşi bilen häsiýetlendirilýän, interaktiw hyzmatlaryň bazasynyň öşüşiniň I tapgyry 1971-nji ýyla çenli dowam etdi.

1971-nji ýyldan 1986-njy ýylla çenli dowam eden II tapgyryň personal kompýuterleriň döremegi, olaryň ýadynyň göwrüminiň artmagy we telekommunikasion kompýuter torlarynyň emele gelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu tapgyryň soňunda interaktiw hyzmatyň bazary sözüň doly manysynda aýaga galdy.

XX asyryň 90-njy ýyllary maglumat işewürliginiň ösüş taryhynda aýratyn yz galdyrdy. Hünärmenleriň belleýşi ýaly, halkara ykdysady gatnaşyklarynda doly manysyndaky öwrülişikler bolup geçdi. Häzirki döwürde ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda dünýäde giň gerime eýe bolan Internet ulgamyndan peydalanýarlar. Bu ulgamyň tehniki we programma üpjünçiliginiň kämilleşmegi ýokary dep-

ginler bilen dowam edýär. Muňa garamazdan, häzirki döwürde onuň mümkinçilikleri telekeçileriň, umuman, adamyň durmuşynda gabat gelýän köp dürli meseleleri çözmäge ýeterlikdir. Internet ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýan işler hakda, hususan-da, onuň maglumat işewürliginde ulanylyşy barada altynjy bölümimizde durup geçeris. Ýörite bölümde, esasan, onuň üsti bilen amala aşyrylýan interaktiw marketing hakda gürrüň berler.

Esasy bellemeli zatlaryň biri – häzirki zaman interaktiw gullugyny Internetsiz göz öňüne getirmek kyn.

Interaktiw hyzmatlaryň bazarynda edara-guramalaryň arasynda zähmet bölünişik meselesi aradan aýryldy. Şu ugurda öz telekeçilik we täjirçilik işini amala aşyrýanlary, esasan, aşakdaky ýaly şertli bölünişige getirmek bolar:

***1. Maglumatlar bankyny esaslandyryjylar (döredijiler)*** *(database producers).* Bulara her ugur boýunça maglumatlary ýygnap, olary maglumat görnüşine getirip, täzeden işläp, gerek bolsa, olardan ulanmaga taýýar maglumat bankyny döretmek bilen meşgullanýanlar. Kähalatlarda olara maglumat önümi öndürijiler diýip hem at berýärler. Soňky jümle has giň manylydyr, sebäbi olara kompýuter ulanylýan programma serişdelerini döredijiler hem girýärler. Olaryň söwdasynyň hem, interaktiw hyzmatyň üsti bilen amala aşyrylýandygy sebäpli, onuň öndürijileri hökmünde maglumatlar bankyny hem, umuman, maglumat önümi öndürijiler bilen degişlilikde göz öňünde tutular.

***2. Interaktiw gullugy amala aşyrýanlar*** *(online services)* – maglumatlar bankyna birleşip işlemegi guraýan guramalar. Onuň üçin olar bellibir ugra degişli maglumatlary, maglumatlar bazalaryny toplap, satyn alyp, rejeleşdirmek, gerek bolsa maglumatlar bankyny döretmek, soňra onuň üsti bilen özünde toplanan önümleri ulanyja ýetirmegiň marketingini guraýar. Şeýlelikde, olar interaktiw hyzmatyň bazarynyň esasy bölümi bolup durýarlar. Ýokarda belleýşimiz ýaly, kähalatlarda olaryň özi hem maglumat bankyny döredijiler bolup hyzmat edýärler.

***3. Şlýuzlar ýa-da ulgamara interfeýsler*** *(gateweýs)* – başga maglumatlar bankyna girmäge, goşulyp işlemäge mümkinçilik berýärler. Ulanyjy olaryň üsti bilen başga maglumatlar bankyna çykýar. Bulara Internetde maglumat önümiň söwdasyny guraýan Web-serwerler, ka-

taloglar hem degişlidir. Olar köp ýagdaýlarda, ulanyja kommunikasion prosessor bilen işläp, daşky bellibir maglumat bankyna degişli bolmadyk interfeýsiň üsti bilen gözleg işlerini amala aşyrmaga goldaw berilýär.

***4. Telekommunikasion gulluklar.*** Olaryň interaktiw gullukda zerurlygy düşnüklidir. Ýöne, köp halatlarda, olar bilen gatnaşygy şlýuzlaryň we prowaýderleriň amala aşyrýandygy sebäpli, ulanyjylara olar bilen gönüden-göni iş salyşmak zerurlygy aradan aýrylýar. Şonuň üçin, olar köp ýagdaýlarda interaktiw gullugyň bazarynyň bölümi hasap edilmeýär.

***5. Ulanyjylar.*** Olar öz gezeginde ahyrky ulanyjylara (endusers) we araçylara *(intermediaries)* bölünýärler. Soňkulara käbir ownuk kataloglar, Web-serwerler, brokerler degişli bolup, olar ahyrky ulanyjylar üçin maglumat gözlegini guraýarlar.

# 2. MAGLUMAT MARKETINGIŇ MAKSATNAMASY

## 2.1. Marketingiň esasy prinsipleri. Maglumat marketing düşünjesi. Maglumat marketingiň maksatnamasynyň esasy tapgyrlary

Öňden belleýşimiz ýaly, maglumat işewürliginde esasy öňe sürülýän ugur-maglumat önümi we hyzmaty täjirçilik maksatlar üçin ýaýratmakdyr, ýagny olary ilki başdan girdeji almak maksady bilen döretmekdir. Sebäbi bazar ykdysadyýetinde işewürligiň islendik görnüşiniň esasy ýörelgesi onuň şol işewürligi alyp barýanlara peýdaly bolmagydyr. Diňe peýda getirýän işiň ýaşaýşa, ösmäge mümkinçiligi bardyr.

Maglumat önümi diňe adamyň bilime bolan islegini kanagatlandyrmak maksady bilen ýaýratmagyň döwri geçdi. Indi biziň jemgyýetimizde-de öndürijä peýda getirip biljek maglumat önümiň has gymmatlydygyna düşünilýär.

*MÖH-iň* bazarynyň öndürijä üstünlik getirmegi üçin, ýörite «marketing taýýarlygy» ady bilen belli bolan birnäçe goşmaça çäreleriň geçirilmegi zerurdyr.

Ilki-ilkiler «marketing» düşünjesi diňe öndürilen önümi bazarda ýerleşdirmek üçin geçirilýän çärelere degişli edilip, hakykatda önümi satmak bilen manydaş ulanylýardy.

XX asyryň 50-nji ýyllaryndan başlap, bu söze has giň many berlip başlandy. Oňa görä, *marketing* – bu bazaryň ýagdaýy öwrenilip alnan maglumata esaslanyp, gelnen çözgütler arkaly hojalygy dolandyrmagyň bazar konsepsiýasydyr. Bu ýagdaýda edilen işleriň, çözgütleriň dogrulygy, harydyň ýerleşdirilýän wagty bazar tarapyndan tassyklanylýar ýa-da ret edilýär.

Marketing sözüniň ilki manysynda ulanylyşyna görä, firma özünde bar bolan mümkinçilikleriň hemmesiniň öndürilmelidigi öňden kesgitlenen harydy öndürmäge ugrukdyrýar. Soňra ony ýerleşdirmäniň aladasyny edýär. Marketinge häzirki düşünilişine görä, telekeçi ilki näme öndürjegini bilenok. Ol ilki alyjynyň islegini, ýagny

bazary öwrenýär. Haýsy önüme isleg bar bolsa, şol önümi öndürmegiň önümçiligini guramak işi başlanýar.

Marketingiň önümçiligi dolandyrmagyň bazar konsepsiýasy hökmünde esasy ýörelgeleri aşakdakylardyr:

- sarp edijiniň isleg-arzuwlaryny hemmetaraplaýyn doly öwrenmek;
- önümçiligi diňe islegden peýdalanýan önümi öndürmäge ugrukdyrmak;
- islege we bazara firmanyň peýdasyna görä täsir etmek.

Bazary hemmetaraplaýyn öwrenmek, onuň esasynda, bellibir döwür üçin önümçiligi dolandyrmagyň bazar strategiýasyny we taktikasyny *marketing maksatnamasy* diýilýän resminamada düzülýär. Bu resminama edaranyň esasy maksadyna ýetmegi üçin her bir bölüminiň işini ugrukdyryp durýar. Maksatnamanyň hemme zerur bölümleri edaranyň işiniň iş ýüzünde amala aşmagy üçin gural bolup hyzmat edýärler.

Soňky döwürlerde, marketing ýörelgesi öň onuň ulanylmaýan obýektlerine hatda ykdysady däl obýektlere-de ýaýrap başlady. Öň marketing diňe sarp edilýän harytlara ulanylýan bolsa, indi dürli jemgyýetçilik guramanyň, dürli ideýalaryň, hyzmatlaryň, hatda aýratyn bir adamyň – şahsyň (meselem, meşhur aýdymçynyň) marketingi döräp, giň gerim bilen ösüp başlady. Iş ýüzünde, marketing islendik işiň, onuň netijelerine islegi doly kanagatlandyrmakdan ötri guramakda ulanylýan umumy çemeleşmedir.

Marketing boýunça belli alym F.Kotleriň belleýşi ýaly, *marketing* – bu alyş-çalşyň üsti bilen islegi we sarp edişi kanagatlandyrmaga ugrukdyrylan adam işiniň görnüşidir.

Adamyň maglumata bolan islegini kanagatlandyrmagy täjirçilik maksatlarda ulanylyp başlanylandan soňra maglumat marketing düşünjesi hem döredi. Bu düşünje maglumat önümiň we hyzmatyň marketingi düşünjesi bilen manydaş ulanylýar. Onuň soňky bölümlerimizde serediljek interaktiw marketing düşünjesi bilen baglylygyna dogry düşünmegimiz gerek. Ýaňy-ýakynda dörän interaktiw marketing islendik önümiň we hyzmatyň interaktiw usulda amala aşyrylýan marketingini aňladýar.

Häzirki zaman kompýuter we telekommunikasiýa serişdeleriniň mümkinçilikleri göni marketingiň bu görnüşiniň geljeginiň uludygyny görkezýär. Maglumat önümiň önümçiliginde-de, interaktiw usula esasy ornuň we geljegiň degişlidigine garamazdan, maglumat marketingi interaktiw marketinge degişli etmekden irdir. Marketing işinde maglumat marketingiň ornuny 1-nji surat arkaly aýdyň düşündirip bolar.

Köp halatlarda «maglumat marketing» düşünjesi iki jähtde ulanylýar. *Birinji ýagdaý* maglumat marketing marketingiň mümkinçiliklerini maglumat önümi öndürmekde, hyzmatyny guramakda, ýaýratmakda we ýerlemekde ulanmaga aýdylýar. *Ikinji tarapdan,* islendik harydyň marketingini amala aşyrmakda maglumaty toplamak, täzeden öwrenmek, ulanmak ýaly işi maglumat marketing bilen garyşdyrýarlar. Ol hakykatda marketingiň maglumat üpjünçiligini aňladýar.




1-nji surat. Marketing işinde maglumat marketingiň orny

Ýöne marketingi maglumat bilen üpjün etmekde maglumat bazasyny düzmek, maglumatlar banklaryň hyzmatlaryndan peýdalanmak, mahlasy, maglumat önümiň söwdasy bilen iş salyşmaly bolýar. Häzirki döwürde firmalaryň köpüsi öz önümlerini (islendik, halkyň köp sarp edýän harydy) mahabatlandyrmakda interaktiw gullugyň

hyzmatlaryndan peýdalanýarlar. Öz önümleri hakda maglumat bazasyny döredip, ony öz Web-sahypalarynda ýa-da başga şonuň ýaly interaktiw gulluklaryň serişdelerinde ýerleşdirýärler. Bularyň hemmesi marketingiň maglumat üpjünçiligini aňladýar.

Maglumat marketingiň bu iki jähtleriniň arasynda bellibir umumylyk bar: maglumat resurslary ulanmakda islendik önüm öndüriji, maglumat önümi öndüriji ýaly marketingiň şol bir usullaryndan peýdalanmaly. Ýöne ol köp halatda, bu işlerde ýeterlik tejribä eýe däl. Şonuň üçin, maglumat marketingiň esaslaryny we serişdelerini işläp düzmegi diňe maglumaty täjirçilik maksatlar bilen ýaýradýanlaryň içki işi hasap etmek bolmaz. Bulary kämilleşdirip, ahyrky ulanyja ýetirmek maglumat önümi we hyzmaty döretmäge gatnaşýanlaryň ählisiniň işidir. Sebäbi bu işler oňa gatnaşýanlaryň maglumat medeniýetini we intellektual derejesini ýokarlandyrýar we netijede ulanyja teklip edilýän maglumat önüm we hyzmat kämilleşýär, diýmek, oňa isleg hem artýar.

Hemme täjirçilik maksatlarda peýdalanylýan maglumat banklary üçin onuň berýän hyzmatlarynyň hiliniň ony döretmäge, ulanmaga we işini goldamaga gatnaşýanlaryň aragatnaşygyna we ondan köp peýdalanýan ulanyjynyň islegine baglydygy häsiýetlidir. Şonuň üçin maglumat marketingiň maksatnamasynyň esasy tapgyrlary aşakdakylardan ybarat:

- önümiň we bazaryň barlagy;
- maglumat hyzmatda nyrhyň döremegi;
- maglumat bankyny döretmäge, ulanmaga gatnaşýan guramalaryň we ulanyjylaryň özara gatnaşyklarynyň esaslarynyň kesgitlenilmegi;
- mahabatlandyrma işi;
- marketingiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň derňewi;

Marketing maksatnamasy, içki resminama hökmünde, diňe özüniň esasy tapgyrlarynyň häsiýetnamalaryny özünde saklaman, eýsem, edarada marketing işlerine dahylly ähli bölümleriň bu işdäki borçlaryny paýlamalydyr. Marketing işiniň edaranyň önümine ugrukdyrylan işden bazara ugrukdyrylan işe öwrülmegi üçin oňa dahylly bölümleriň ählisiniň, ilki bilen maglumat işleri we ony täjirçilik maksatlarda ýaýratmak bilen meşgullanýanlaryň ýakyn

aragatnaşykda bolmaklary zerurdyr. Bu işlere ýolbaşçylyk edip, marketing işi boýunça işewür çözgütleri kesgitlemek üçin edaralarda ýolbaşçynyň marketing boýunça orunbasarynyň wezipesini döretmegiň wagty gelip ýetdi.

Maglumat marketingiň maksatnamasynyň bu düzümi marketingiň umumy esaslarynyň interaktiw hyzmat çäklerine ýaýradylmagynyň gönüden-göni netijesidir. Maksatnamany amala aşyrmaga bu sferanyň aşakda görkezilen aýratynlyklary täsir edýär.

*Birinjiden,* marketing maksatnamasy täjirçilik maglumatlar bankyny ulanyjylaryň satyn alýan harytlarynyň aýratynlygyna baglydyr. Ulanyjy gönüden-göni diňe özüni gyzyklandyrýan maglumaty berýän interaktiw hyzmaty alýar. Şonuň ýaly her hyzmat aýratyn haryt hökmünde seredilip bilner.

Maglumat bankdaky islendik maglumat bazalary ýa-da maglumat dürli usullarda berlip bilner. Netijede, maglumat marketingiň esasy maksady – diňe mümkin boldugyça köp müşderi tapmak däl-de, eýsem, olaryň islegine görä mümkin boldugyça köp maglumat hyzmaty amala aşyrmakdyr. Ýöne bu islegler ulanyjynyň özi tarapyndan mydama anyk kesgitlenen däldir we wagta görä üýtgäp durýar. Teklip edilýän hyzmatlaryň ulanyjynyň maglumat modeline ýakynlaşmagy üçin we satuw işi wagtynda bellibir islegi goldamagy üçin köp zähmet siňdirmeli bolýar.

*Ikinjiden,* maglumat işi ýaňy-ýakyna çenli täjirçilik däl guramalar (meselem, kitaphanalar) tarapyndan mugt amala aşyrylýardy. Şonuň üçin maglumat marketing öz hyzmatyna köp ulanyjynyň häzirki wagtda-da haryt hökmünde seretmeýändigini we oňa pul tölemäge taýýar däldigini göz öňünde tutmalydyr. Bu ýagdaýa kähalatlarda, maglumat önümi öndürmäge täze girişenler hem, interaktiw hyzmaty hödürleýjiler hem taýýar däl.

*Üçünjiden,* maglumat önümçiligi, onda ulanylýan maglumat tehnologiýanyň uly tizlik bilen ösmeginiň şertlerinde işleýär. Muňa maglumaty täjirçilik maksatlarda ýaýratmagyň bäsleşýän usullarynyň elmydama kämilleşýänligi hem girýär. Beýleki öz kämil derejesinde we durnugyşan ösüş depgininde kän bir üýtgemeýän tehnologiýa bilen ýeterlik girdejili önüm öndürýän önümçiliklerden tapawutlylykda, maglumat önüminiň we interaktiw hyzmatyň önümçiligi onuň ýaly

hezilliklerden mahrumdyr. Her bir-iki ýyldan täze, öňden belli däl tehnologiýa döreýär we ol maglumat işewürligiň täze ugurlarynyň gözleglerine itergi berýär. Bularyň hemmesi maglumat marketingiň maksatnamasyny gutarnykly görnüşdäki takyk çäreleriň maksatnamasy görnüşde teswirlemäge mümkinçilik bermeýär. Muňa garamazdan, maglumat işewürliginiň täzeliklerini onuň öz serişdeleriniň üsti bilen, meselem, Internet ulgamynyň hyzmatlarynyň üsti bilen çalt we öz wagtynda alyp bolýar. Bu ugurda uly tejribe toplan daşary ýurt kompaniýalarynyň iş tejribesini öwrenmek biziň ýurdumyzda-da maglumat marketingiň işlerini amala aşyrmak üçin onuň esasy kadalaryny işläp düzmäge ýardam eder.




2-nji surat. Maglumat marketingiň maksatnamasynyň esasy tapgyrlary

## 2.2 Marketingi amala aşyrýan subýektleriň işleriniň aýratynlyklary. Maglumatlar bazasyny öndürijileriň ýerine ýetirýän marketingi

Maglumatlar bazasyny öndürýänleriň alyp barýan marketing işleri üç sany özara baglylykdaky nyşanlar boýunça alnyp barylýar:

- olaryň öndürýän maglumat önüminiň aýratynlyklaryna baglylykda;
- olaryň statusyna baglylykda;
- olaryň maksadyna laýyklykda;

Maglumat önüminiň aýratynlyklaryna görä, maglumatlar bazasyny öndürijiler aşakdakylar bolup biler:

- ilkinji maglumatlary toplaýjylar ýa-da ilkinji çap edijiler;
- maglumatlar bazasyny öndürijiler ýa-da ikinji çap edijiler.

Maglumatlar bazasyny ilkinji maglumaty toplaýjy hökmünde öndürýänleriň işleri:

- zerur maglumatlary satyn almak;
- maglumatlary taýýarlamak we olaryň esasynda ylmy-barlag işlerini taýýarlamak zerurlygyny seljermek, ýagny ylmy taýdan esaslandyrmak;
- maşyn tarapyndan kabul ederlik ýagdaýa geçirmek;
- düzümini aýyl-saýyl etmek;
- indeksirlemek we ş.m. bolup durýar.

Maglumatlar bazasyny ikinji çap ediji hököminde döredijileriň işleri:

- marketing işleriniň taýýarlygyny geçirmek (islegi bilmek, maglumaty ýaýratmagyň usulyny kesgitlemek);
- gerek maglumaty toplaýjydan satyn almak we ony zerur görnüşe (formata) getirmek;
- toplaýjy tarapyndan edilmedik beýleki zerur işleri ýerine ýetirmek.

Statusyna baglylykda maglumatlar bazasyny öndürijiler: döwlet, täjirçilik däl guramalar bolup bilerler. Soňkular adatça ylmy-barlag, kitaphana we söwda assosiasiýalary bolup bilerler.

XX asyryň 70 – 80-nji ýyllarynda Günbatar Ýewropada maglumatlar bazalaryny öndürýänleriň ýarysyndan köprägi döwlet edaralary bolan bolsa, indi tersine, 80-90% täjirçilik edaralary öndürýärler.

Maglumat önüme islegiň artmagy bilen maglumatlar bazalaryny dörediji täjirçiligi, ýagny ahyry girdeji almak, maksady bilen turuwbaşdan marketingiň konsepsiýasyna esaslanyp işleýänler köpelip başladylar. Aslynda maliýe-ykdysady maglumatlarynyň hyrydarynyň köpdügi, şolary öndürijileriň köpelmegine getirdi. Olaryň ählisi diýen ýaly ikinji çap edijilerdir.

Islegiň ösmegi, diňe telekeçi öndürijileriň däl-de, eýsem täjirçilik däl edaralaryň hem maksatlarynyň düzümine öz täsirini ýetirdi.

*Birinjiden,* döwlet sektorynyň öndürijileriniň peselmegine getirdi.

*Ikinjiden,* täjirçilik däl öndürijileriň bazar maksatlarynyň ösmegine getirdi (girdeji almak maksady bilen). Şunuň bilen bilelikde olaryň marketingi döredi, ýöne ýeterlik ösüşe eýe bolup bilmedi. Sebäbi:

- olaryň täjirçilik edaralaryndan tapawudy bar (töwekgelçiklik ýok);
- olaryň maksady girdejini gysga wagtda aýry-aýry işlerinde gazanmak, täjirçilik edaralarynda girdejini uzak wagtlyk döwürde, işiň ähli görnüşinde gazanmak;
- köp täjirçilik däl edaralarynda marketing üçin çykdajylar olaryň býujetine salynmaýar;
- olaryň statusyna görä ýerine ýetirmeli işlerini amalara aşyrmak marketing işine ünsi peseldýär;
- umuman, marketing işlerini ösdürmek islendik öndürijiniň öňünde durýan zerur meseledir.

Marketing taýýarlyk işlerini ýerine ýetirmekde maglumatlar bazasyny öndürijiler:

- işleri öwrenýärler we täjirçilik taýdan zerur maglumatlar bazasyny döredýärler;
- maglumatlar bazasyndan alynýan maglumaty ýaýratmagyň usullaryny saýlap alýarlar;
- maglumat bazasyny maglumat bankyna ýüklemek üçin interaktiw gullugyň edaralary bilen şertnamalar baglaşýarlar;
- olar bilen bahalar syýasatyny düzýärler;
- mahabat işlerini guraýar (interaktiw gulluklar bilen).

Maglumatlar bazasy diňe maglumatlar banklaryndan ýüklenilmän, eýsem, tehniki göterijilerde hem satylyp bilner. Bu ýagdaýda

maglumatlar bazasyny öndürijileriň öňünde gapma-garşylygyň marketinginiň meselesini çözmek, ony ýaýratmagyň iň gowy tehnologiýasyny tapmak meselesi durýar (netijeli migrasiýa meselesi).

Gapma-garşylygyň marketinginiň netijesinde maglumatlar bazasyny öndüriji ony maglumatlar bankyna ýerleşdirmegiň gerekliginiň meselesini çözýär. Bu ýagdaýda şeýle çözgütleriň bolmagy mümkin:

- maglumatlar bazasyny tehniki göterijilerde interaktiw gulluklara satmak;
- haýsam bolsa bir interaktiw gulluga maglumatlar bazasyny satmaga aýratyn hukuk bermek;
- maglumatlar bazasyny öz hususy maglumatlar bankyna ýüklemek (eger ol bir wagtyň özünde interaktiw gulluk hem bolsa);
- maglumatlar bazasyny telekomunikasion gulluklaryň tehniki serişdelerine ýüklemek.

## 2.3 Interaktiw gulluklaryň geçirýän marketingi. Marketingiň esasy subýektleriniň we maglumatlar bankyny ulanyjylarynyň özara aragatnaşyklary

Interaktiw gulluklar interaktiw hyzmaty ýerine ýetiriji esasy önümçilik bölümi bolup durýarlar. Interaktiw gulluklar diňe maglumaty satyn almak we ýaýratmak bilen däl-de, eýsem, maglumatlar bazasyny ulanyjylara elýeterli ýagdaýda hödürlemegi guramagy öz üstlerine alýarlar.

Maglumatlar bazasyny elýeterli etmek üçin olary saklamak we ulanyjy üçin oňaýly we ygtybarly gözlegi guramalydyr.

Maglumaty ýaýratmak, döwrebap hödür etmek üçin programma üpjünçiligini guramak gerek. Sebäbi maglumaty daş aralykdan interaktiw gözlegi gurap tapmak, almak, hasabaty ýöretmek we maglumaty ýaýratmakda ýerine ýetirmeli beýleki çäreleri guramak gerek bolýar. Maglumatlar bankyny guramak, onuň işini goldamak üçin esasy çykdajylar we serişdeler aşakdakylardyr:

- ✓ tehniki serişdeleri almaga çykarylýan çykdajylar;

- ✓ programma üpjünçiliginiň maýa goýumy;
- ✓ maglumatlar bazasyny dolandyrmak, maglumatlar bazasynyň düzümini işläp düzmek, faýllary saklamak, gözlemek we ş.m. işleriň programma üpjünçiligine çykarylýan çykdajylar;
- ✓ maglumatlary alyp-bermegiň hyzmatyna tölegler;
- ✓ resminamalaşdyrmagy amala aşyrmak;
- ✓ maglumatlar bankynyň programma düzüjilerine, iş dolandyryjylaryna, operatorlaryna tölegler;
- ✓ maglumatlar bankyny ösdürmäge, onuň marketingine çykdajylar.

Umuman, maglumatlar bankyny ulanmak gymmat düşýär. Ony guramagyň çykdajylaryny hasap etmäniňde-de, onuň işini döwrebap guramak üçin kompýuter resursyny goldap durmak, tehnikanyň iň täze gazananlaryny ornaşdyrmak, ulanyjylaryň maglumat önüminiň we interaktiw hyzmatyň hiline elmydama artýan islegini goldamak üçin çykdajylar çykaryp durmaly bolýar.

Interaktiw gulluklar diňe aýry-aýry maglumatlar bazasynyň marketingi bilen meşgullanman, eýsem, özüniň bitewi marketingini guraýar. Şeýlelikde, olar marketingiň esasy subýektleri bolup hyzmat edýärler. Şonuň üçin olar:

- ✓ islegi öwrenýärler, maglumatlar bazasyny ýüze çykarýarlar, maglumat bankynyň serişdelerini döredýärler, goldaw berýärler we täzeden işleýärler;
- ✓ baha syýasatyny alyp barýarlar;
- ✓ maglumatlar bazasyny öndürijiler we ulanyjalar bilen şertnamalar baglaşýarlar we olar bilen maliýe hasabyny geçirýärler;
- ✓ interaktiw hyzmatyň bazardaky çek işini guraýarlar;
- ✓ marketingiň maksatnamasynyň alyp barlyşynyň barlagyny guraýar, maglumatlar bankynyň ösmegini üpjün edýärler.

Olaryň alyp barýan marketingi, diňe statusyna bagly bolman, eýsem, edilýän işiň häsiýetine-de baglydyr. Bu nukdaýnazardan interaktiw gulluklaryň köpüsi toplaýjynyň işini amala aşyrýarlar. Olar umumy kanallar (meselem, Internet) boýunça modemli ulanyjylaryň islendigine maglumat berip bilýärler. Maglumatlar banky öz saýlap alýan temalaryna görä «supermarketlere» we «dükanlara» bölünýärler. Soňkular, ýagny çäkli temany öz içine alýan (köp ýagdaýlarda maliýe – ykdysady tema degişli) adatça bir ýa-da iki ugra ünsi

jemleýärler we maglumatlar bankynyň esaslaryny düzýärler. Olar bilen işlemek ýörite aragatnaşyk serişdeleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Köp ýagdaýlarda, ulanyjy olar bilen işlemegiň ýörite dilini, usulyny özleşdirmeli bolýar.

Munuň ýaly maglumatlar banky bilen işlemekde ulanyjynyň öňünde ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmegi üpjün etmek üçin ýörite interaktiw gulluklar bardyr. Olar intellektual şlýuzlar diýen ada eýedirler. Olar ulanyjynyň islendik maglumatlar bankyna birleşmegini üpjün edýän bir umumy dil işläp düzmek, olary ýola goýmak, işlerini amala aşyrýarlar. Şlýuzlar ulanyjyny oňa gerek maglumatlar banklary bilen birleşdirmek ýaly işleri amala aşyrýan gulluklardan tapawutlylykda «dolandyryjy» diýlip atlandyrylýan wagtyna duş gelmek bolýar.

Häzirki döwürde interaktiw gulluklaryň arasynda işleýän gulluklar hem emele gelip başlady. Muňa garamazdan, esasy marketing işleri toplaýjy interaktiw gulluklar tarapyndan amala aşyrylýar. Sebäbi olaryň işi, beýlekileriňkä garanda, islege görä guralyp, ulanyja has ýakyndyr.

Interaktiw hyzmatyň önümçiliginiň dürli bölümleriniň arasynda aragatnaşygy guramak we saklamak marketing işiniň wajyp elementleriniň biri bolup durýar. Şol gatnaşyklardan iň zerurlarynyň biri hem, olary sazlaýan hukuk resminamalary taýýarlamakdyr.

Maglumatlar bazasyny öndürijiler bilen interaktiw gullugyň arasyndaky gatnaşyk maglumatlar bazasyny täjirçilik maksatda ulanmak hakynda şertnamanyň esasynda guralýar.

Onuň şertlerine görä interaktiw gulluk maglumatlar bazasyny maglumatlar banklaryna geçirýär. Maglumatlar bazasyny öndüriji bolsa, öz gezeginde, maglumatyň arassalygyna, degişli döwlet gulluklarynyň ygtyýarnamalary bilen üpjünligine we onuň mazmunynyň täzelenip durmagyna jogap berýär.

Şertnamanyň zerur bölümi iki tarapyň maliýe hasaby baradaky bölümdir. Bu hasabyň iki görnüşi bellidir: kärende esasynda we paýlama hasaby boýunça.

*Kärende görnüşi* boýunça geçirilýän hasapda interaktiw gulluk maglumatlar bazasy üçin öndürijä bellibir bahany töläp, ony ulanmagyň hukugyny ele alýar. Eger maglumatlar bazasynyň gelje-

gi uly bolsa, onda kärende hasaby interaktiw gulluga peýdaly. Ol öndürijä hem peýdaly, sebäbi ony satyp, ol islegiň kesgitsizliginiň döredýän kynçylyklaryndan dynýar.

*Paýlama hasapda* maglumatlar bazasy üçin belli takyk baha kesilmeýär. Munda paýlaşmaga diňe boljak girdeji degişli. Bu hasap boýunça bolaýjak çykdajylar deň paýlaşylýandygy üçin, ony durmuşda köp peýdalanýarlar. Köp ýagdaýlarda girdejiniň 25-45% öndürijä, galany bolsa interaktiw gulluga degişli etmek kabul edilendir. Kähalatlarda interaktiw gulluk maglumatlar bazasyny döredijä bellibir  nyrh töleýär we başga girdejidir-çykdajylary paýlaşýar. Bu usul ýokarda görkezilenleriň aralyk görnüşidir.

Paýlama usuly iki görnüşde amala aşyrylyp bilner:

- ✓ *birinji* görnüş boýunça öndüriji bilen interaktiw gulluk maglumat lar bazasyna nyrhy bilelikde kesgitläp, girdejini hasaplaýarlar;
- ✓ *ikinji,* has köp ýaýran usul boýunça, maglumatlar bazasy öndürijä onuň awtorlyk galam hakyny (roýalty) töleýär. Onuň möçberi şertnamada ýa-da ygtyýarlyk ylalaşmada kesgitlenilýär. Ol interaktiw gulluk tarapyndan öndürijä hakyky işi üçin tölenýän tölegdir.

Roýaltynyň möçberi ygtyýarlyk şertnamada hem bellenilip bilner. Meselem, maglumatlar bazasyna işlemäge birleşmäniň bir sagatlygy üçin öndürijä 100 *man*. ondan alnan her bir resminama üçin 10 *man*. berlip bilner. Adatça roýaltynyň gurluşy tariflerdäki ýaly, ýöne tarifleri kesgitlemek interaktiw gulluga degişli edilýär. Öndürijä öz şertlerini talap etmek köp ýurtlarda, meselem, ABŞ-da kanun tarapyndan gadagan edilýär. Ýöne ol maglumat önüme nyrh kesilende öz täsirini yetirip, şertini orta atyp biler.

Paýlama hasap boýunça aragatnaşyklar kesgitlenende esasy kynçylyklar öndürijiniň öz önümini maglumatlar bankyna ýükläp ulanylmak hakda dogry maglumaty alyp bilmeýändigi sebäpli ýüze çykyp biler.

Hakykatda, ol interaktiw gullukdan öz önümi üçin başga ulanyjylaryň tölän ähli tölegleri hakda maglumaty talap edip alyp biler, ýöne interaktiw gulluk bilen ulanyjylaryň arasyndaky maglumatlary üçünji tarapa – öndürijä geçirmek köp ýagdaýlarda şertnama boýunça gadagan edilýär. Şonuň üçin bu ýagdaýda interaktiw

gullugyň arassa işlemegine bil baglamak galýar. Interaktiw gullugyň öz işini arassa alyp barmagyna auditor ýa-da başga barlaglarda üsti açylyp masgara bolunmagyndan çekinilmegi esas döredýär.

Şertnama maglumatlar bazasynyň awtorynyň hukuklary hakynda düzgünnamalar hem goşulyp, soňra ulanyjy bilen gatnaşyklarda ulanylyp bilner.

*1-nji tablisa*

**Maglumatlar bazasyny ondüriji bilen interaktiw gulluklaryň arasynda girdejiniň paýlanyşyna täsir edýän esasy sebäpler**

| | Sebäpler | Girdejiniň düşýän paýy | |
|---|---|---|---|
| | | Maglumatlar bazasyny öndürijä | Interaktiw gulluga |
| | Maglumatyň hili, onuň taýsyzlygy | + | - |
| | Maglumatlar bazasyny öndürijileri ýaýratmagyň başga usulyny peýdalanmagy | + | - |
| | Maglumatlar bazasyny öndürijileriň abraýy | + | - |
| | Interaktiw gullugyň abraýy | - | + |
| | Maglumatlar bazasyny maglumatlar bankyna ýüklemekde goşmaça işiň zerurlygy | - | + |
| | Maglumatlar önümiň nyrhynyň derejesi | - | + |

*Ulanyjylar bilen özara gatnaşyk.* Maglumatlar banky bilen birikmek üçin ulanyja interaktiw gulluk bilen we telekommunikasiýa hyzmatlaryny berýän gulluklar bilen şertnama baglaşmak gerek. Köp ýagdaýlarda interaktiw gulluk telekommunikasion işleri alyp barýan edaralar bilen özi hasaplaşýar. Ulanyja interaktiw gulluk bilen hasaplaşmak galýar. Maglumatlar bazasynda, adatça, şertnamalaryň esasy bölümleri bolup:

- ✓ onuň predmeti – ulanyja maglumatlar bankynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmagyň üpjün edilmegi;

- ✓ taraplaryň borçlary: interaktiw gullugyň ulanyja maglumatlar bankyna girmäge paroly, zerur resminamalary bermegi, ulanyjynyň bolsa, olary diňe maksadalaýyk ulanyp, üçünji tarapa bermezligi borç etmegi we ş.m;
- ✓ hasaplaşygyň tertibi (walýutanyň görnüşi görkezilýär);
- ✓ maglumatyň dogrulygynyň güwänamasy;
- ✓ maglumatyň awtorynyň hukuklary;
- ✓ çykgynsyz ýagdaýda taraplaryň öz borçlaryndan boşadylyş ýagdaýy;
- ✓ ulanyjynyň rekwizitlerini we oňa zerur bolan maglumatlary gizlin saklamak;
- ✓ şertnamanyň güýjüniň dowamlylygy we ony bozmagyň tertipleri – mümkin boljak dawalaryň çözüliş tertibiniň esasynda amala aşyrmak.

• Şertnama ulanyja degişli maglumat bazasynyň sanawy, maglumatlar banky bilen işleriň tarifi goşulyp bilner. Şertnama boýunça ulanyja salgy, parol berilýär.

Şertnamalaryň esasy bölümi maglumata awtorlyk hukugy hakdaky bölegidir. Awtorlyk hukugy, adatça, maglumatlar bazasyny öndürijilere degişli bolup, onda ulanyjynyň hukuklary we borçlary (üçünji tarapa satmazlyk, çap etmezlik we ş.m.) kesgitlenýär.

Awtorlyk hukuklarynyň umumy ýagdaýlary şertnamada görkezilýär. Şeýle-de käbir takyk maglumatlar bazasyna degişli goşmaça maglumatlar girizilýär we onuň doly mümkinçiliklerden peýdalanmagyna ygtyýarnama berýär.

Bu goşmaçalarda käbir maglumatlaryň ulanyjynyň soňraky işlerinde, meselem, ylmy işlerde, ony çap etmekde ýerine ýetirmeli borçlary we hukuklary takyklanyp bilner.

Işiň netijeleri boýunça ulanyjy alan maglumatlaryna we hyzmatyna görä hasaplaşygy alýar. Onuň maglumatlar banklary bilen işiniň hasabaty maglumatlar bankdaky ýörite programmalar arkaly ýöredilýär.

# 3. MAGLUMAT ÖNÜMIŇ WE HYZMATYŇ BAZARY

## 3.1. Maglumat önümiň we bazaryň barlagy

Belli bolşy ýaly, maglumat önümiň we bazaryň barlagy marketing maksatnamasynyň birinji tapgyrydyr. Bu tapgyrda öndüriljek maglumat onüm ulanyjy tarapyndan bildirilýän islegi, onuň önümden edýän talabyny kesgitleýär. Bu tapgyryň netijesinde nähili maglumatyň maglumatlar bazasyna girizilmelidigi, maglumatlar bazasy bilen maglumatlar bankynyň ulanyjynyň islegini kanagatlandyrmagy üçin interaktiw hyzmatyň nähili talaplara laýyk gelmelidigi hakda görkezmeler kesgitlenilýär.

Munuň üçin bar bolan kybapdaş maglumatlar bazasyna, maglumatlar bankyna, olaryň bazary we umumy bazary segmentlere bölmek bilen isleg öwrenilýär.

*Önümiň barlagy*. Maglumatlar bazasynyň üstünlikli işläp durmagy, olaryň ähli tarapdan görkezijileriniň bazar ülňülerine gabat gelýändigini aňladýar. Şonuň üçin maglumat önüme we hyzmata häsiýetnama bermek üçin olara kybapdaş maglumatlar bazasyny öwrenmek ýeterlikdir.

Maglumatlar bazasynyň kybapdaşy diýip, içki maglumatyň mazmuny ýa-da niýetlenen hyzmaty boýunça meňzeş bolan maglumatlar bazasyna aýdylýar. Içki mazmuny boýunça maglumatlar bazasyny öwrenmek, olara ýygy-ýygydan girizilýän maglumatlar hakda pikir ýöretmäge mümkinçilik döredýär.

Bu pikirler täze maglumatlar bazasyny döretmäge, oňa nähili maglumatlar girizmelidigini görkezýär. Ýöne ol ýa-da bu maglumatlaryň kybapdaş maglumatlar bazasyna girýändigi, ony täze döredilýänlere girizilmelidigini aňladanok. Daşary ýurt maglumatlar bazasyna bäsdeş gelmegi üçin, döredýänlere maglumatlaryň has takyklaşdyrylmalydygyny we çalt täzelenip durulmalydygyny gazanmaga ymtylmalydygyny görkezär. Kybapdaş maglumatlar bazasyna girmeýän maglumatlary girizmek hem maksadalaýyk däl bolmagy mümkin. Onuň kybapdaş maglumatlar bazasyna girizilmezliginiň sebäbini öwrenmek gerek.

Niýetlenilen hyzmatyna görä, kybapdaş maglumatlar bazalaryny öwrenmek, olaryň berlen ugur boýunça ähli tarapdan baglanyşyklaryň görkezijilerini, bazar ölçeglerini takyklamaga mümkinçilik berýär.

Ol ölçeglere goşulmak maglumatlaryň hiline gönüden-göni degişli bolmasa-da, täze dörediljeklere bäsleşmek mümkinçiligini artdyrýar.

Maglumatlar bazasynyň esasy ähli tarapdan baglanyşyk görkezijileri bolup olary düzýän maglumatlaryň mazmun we resmi görnüş häsiýetnamalary hyzmat edýärler. Bu häsiýetnamalar hakda maglumatlary mahabatlandyrma we beýleki interaktiw gulluklar tarapyndan ýaýradylýan materiallardan, maglumatlar bazasynyň kataloglaryndan alyp bolar.

Maglumatyň mazmun häsiýetnamalary onuň takyk içki mazmunyny aňladýar. Ol şol maglumat üçin ýörite, beýlekiler üçin bolsa umumydyr. Ýörite häsiýetnamalar şol maglumata degişlidir.

Umumy häsiýetnamalaryň has zerurlary: maglumatlaryň pudagy gurşaýşy, wagty gurşaýşy, maglumatyň göwrümi, görnüşi, täzelenip durma mümkinçiligi, onuň gözbaşy we dilidir.

Elýeter maglumatlaryň maglumatlar bazasyndaky içki maglumatlar hakda beryän hasiýetnamasyndan, maglumatlar bazasy hakda umumy häsiýetnamanyň has takyk bolmagy mümkin. Belli bolşy ýaly, käbir maglumatly bazalary müňlerçe dinamiki hatarlary özünde saklaýarlar. Şonuň üçin gyzyklanylýan maglumatlaryň tema aýratynlygyna hem üns berilmelidir. Şeýle edilse, nähili maglumatlaryň utgaşdyrylmagynyň has uly islegden peýdalanýandygyny kesgitlemäge mümkinçilik berer.

Häsiýetnamalaryň hemmesi deň ähmiýetli däldir. Käbiri maglumatlar bazasyny görnüşlere bölmekde ulanylyp bilner, beýlekileri diňe goşmaça häsiýet bermekde ulanylar we ş.m. Ol ýa-da beýleki häsiýetnamalaryň orny maglumatlaryň aýratynlygyna baglydyr.

Maglumatlar bazalarynyň ýa-da maglumatlaryň umumy häsiýetnamalarynyň gysgaça kesgitlenilişine seredeliň.

*Pudagy gurşaýşy.* Bu häsiýetnama maglumatlar bazasyndaky maglumatlaryň haýsy pudak hakyndadygyny görkezýär. Ýagny maglumatyň temasyny görkezýär.

*Territoriýany gurşaýşy.* Bu häsiýetnama maglumatlar bazasynyň gurşap alýan ýurduny ýa-da ýurtlaryň köplügini görkezýär. Eger maglumat ýurtlaryň köplügini gurşaýan bolsa, onda oňa internasional gurşama eýe diýilýär.

*Döwri gurşaýşy.* Maglumatlar bazasyna degişli maglumatlaryň iň könesiniň we iň täzesiniň dörän wagtlarynyň tapawudyny görkezýär. Köp halatlarda, ol iň köne maglumatyň senesini aňladýar.

*Göwrümi.* Maglumatlar bazasyndaky maglumatlaryň birlik ýa--da hatar sanyny görkezýär.

*Görnüşleri* boýunça maglumatlar bazalary kitaphana, referatiw, doly ýazgyly, sanly, tablisaly ýa-da ýazgyly-sanly maglumatlar bazasyna bölünýärler. Ilkinji ikisine habar beriji, soňkularyna faktlaýyn maglumatlar bazasy hem diýilýär. Habar beriji maglumatlar bazasy obýektler hakda gysgaça çap edilen ýa-da edilmedik habarlary berýär. Faktly maglumatlar bazasynda doly maglumatlar bolup, ol ulanyjyny doly kanagatlandyrýar.

Maglumatlar bazasynyň aktuallaşdyrylyşy *(täzelenip durluşy)* oňa täze maglumatyň gelşiniň tizligini görkezýär. Ol özüniň ýygylygy, depgini, tizligi bilen häsiýetlendirilýär.

Maglumatlar bazasyny öndürijiniň ady we statusy maglumatyň esasy häsiýetnamasy hasap edilýär. Ol maglumatyň gözbaşyny görkezýar. Meselem, maglumatyň *gözbaşys*y döwlet edarasy bolsa, onda maglumat has dogry diýip hasap edilýär.

Maglumatlar bazasynyň wajyp häsiýetnamalarynyň biri hem onuň *dilidir.* Sanly maglumatlar bazasy üçin, ol uly rol oýnamaýar.

Maglumatlar bazasynyň barlagynyň ikinji görnüşi birinjä görä has köp sanlydyr. Şonuň üçin olaryň esasy taraplaýyn baglanyşyklaryny öwrenmekde hasabat usullaryndan peýdalanyp bolar. Has wajyp häsiýetler olaryň täjirçilik maksatlarda ulanylyşyndaky üstünliklere baglylykda kesgitlenilýär.

Maglumatlar bazasynyň täjirçilik üstünlikleriniň ölçegi bolup, olar interaktiw hyzmatda ulanylanda alnan peýdanyň möçberi hyzmat edýär.

Maglumatlaryň görnüş häsiýetnamalary olaryň maglumatlar bazasynda berlişiniň görnüşini görkezýär. Bibliografik, referatiw doly ýazgylaýyn maglumatlar bazasy ýazgyly maglumaty, ýazgyly-sanly,

tablisaly maglumaty, sanly maglumatlar bazasy bolsa dinamiki hatarlary özünde saklaýarlar.

Ýazgyly we sanly maglumatlar resminama görnüşde berkidilen meýdanly görnüşlerden ybaratdyr.

Her bir meýdan atly bölegi we maglumatly bölegi özünde saklaýar. Belgisi boýunça meýdanlardan gözleg geçirip bolýar. Täjirçilik maglumatlar bazasynyň gurluşlaryndan esasy edilýän talap, şol meýdanlaryň we olaryň belgileri birmeňzeş bolmalydyrlar. Hususan hem, resminamanyň adynyň meýdany $T_1$ bilen, onuň awtorlarynyň meýdany $A_1$, referatlaryň meýdany *AB* bilen we ş.m. belgilemek kabul edilendir. *RN* meýdandan (maglumatyň gözbaşy) beýlekileri gözleg meýdany bolup hyzmat edýär.

Maglumatlary bermegiň görnüşini saýlap almak ilki sap tehniki operasiýa ýaly hasap edilse-de, ol wajyp marketing operasiýadyr. Ol obýekt hakda maglumatlar bazasyna öndürişiniň maglumat nusgasyny görkezýär. Eger bu nusga ulanyjynyň maglumat nusgasyna gabat gelmese, onda oňa bolan islegiň kemelmegine getirer, şeýlelikde, maglumatlar bazasyndan alynýan girdeji hem azalar.

Meselem, şol bir firma hakda maglumatlar tablisa resminamalary görnüşde we dinamiki hatarda görkezilen bolsa, onda ol hakda doly maglumat gözleýän ulanyjy tablisadan maglumaty saýlap alar. Eger maglumatlar bankynyň mümkinçilikleri pes bolsa, onda beýle şertleri kanagatlandyrmaýan maglumatlar bazasy ulanmagy peselder.

Islegi kanagatlandyrmak maksady bilen, bazaryň täjirçilik maglumatlar bazasyna bolan aşakdaky talaplaryny göz öňünde tutmaly:

- dürli maglumatlar bazasyndaky bir görnüşli meýdanlarynyň belgileriniň birmeňzeşligi;
- ähłumumy böleklere seljermäniň esasynda talaby guramany ýeňilleşdirmek maksady bilen, maglumaty kodlamaly;
- maglumatlar bazasy hakda habar beriji maglumaty ulanyja wagtynda ýetirmeli. Onuň direktoriýasy, ýagny dinamiki hatarlarynyň, başga goşmaça nyşanlarynyň atlaryny we hasabatlyk maglumatlaryň kodlaryny özünde saklaýan meýdany bermek we ş.m.

## 3.2 Maglumatlar bankynyň we maglumatlar bazasynyň ýerine ýetirmeli talaplary

Maglumatlar banky – bu ulanyjynyň gyzyklanýan dürli maglumat meselelerini çözmek üçin gerek bolýan tehniki, maglumat, programma we beýleki serişdeleriň ulgamydyr.

Maglumatlar bankynyň tehniki enjamlaryna host-kompýuter (täjirçilik maglumatlar banklary ýüklenen kompýuteri) we ony kompýuter torlaryna birikdirýän telekommunikasion enjamlar degişlidir. Maglumat üpjünçiligine we programma serişdelerine baglylykda, host-kompýuteriň ornunda uly, kiçi we personal kompýuterler ulanylyp bilner.

Maglumatlar bankynyň esaslaryny maglumat we programma üpjünçiligi düzýär. Maglumat üpjünçiligiň düzümine ýörite formatlaşdyrylan maglumatlaryň massiwi girýär. Şeýle massiwler bolup ilki bilen maglumatlar bazalary, metamaglumatlar (ýagny düşündirişli habarlar we ş.m.), dürli türgenleşik maglumatlar bazalary hyzmat edýär. Soňkularyň kömegi bilen ulanyjy özüne gerek resminamalary ygtybarly we ähmiýetli görnüşde gurmagyň endiklerini ele alýar, olaryň bahasy täjirçilik maglumatlar bazasyndan arzan). Adatça, olara degişli maglumatlar bazasynyň gurluşyny doly görkezýän bölekleri girizýärler.

Programma üpjünçiliginiň esasy bolup maglumat-gözleg ulgamy *(MGU)* hyzmat edýärler. Olaryň kömegi bilen programma üpjünçiliginiň esasy ýerine ýetirýän işi, ýagny ulanyja maglumaty gözlemek, barlamak we bermek ýaly işleri ýerine ýetirilýär.

Maglumaty bermegiň üç sany:

- *online;*
- *offline;*
- maglumaty saýlap ýaýratmak *(MSÝ-a)* düzgünleri bardyr.

*Online* düzgüninde alyp-berilýän maglumat gönüden-göni ulanyjynyň terminalyna berilýär. Eger şertnama boýunça gadagan edilmese, onda maglumatly faýl onuň kompýuteriniň ýadyna-da ýazylyp bilner.

*Offline* düzgüninde terminala diňe gözlegiň netijesi berilýär. Esasy maglumat faýl görnüşinde elektron poçtadan iberilýär. Bu ýag-

daýda, online düzgüninden tapawutlylykda seansyň wagty we bahasy arzanlaýar. Emma maglumat önüm giç alynýar.

*Maglumaty saýlap ýaýratmak (MSÝ-a)* düzgünde ulanyjynyň talaby maglumatlar bankynyň ýörite katalogyna ýerleşdirilýär. Oňa degişli maglumatlar bazasy täzelenende awtomatik ýagdaýda işlenilýär. Ulanyja gerek maglumat online düzgündäki ýaly berilýär. Gözlegiň netijesi käwagt ulanyjynyň faýlyna ýazylyp bilner. Bu ýagdaýda ulanyjy tölemeli bolsa-da, ol arzan düşýär, sebäbi onuň tölegli wagty azalýar.

*MGU* adatça, interaktiw gulluk tarapyndan döredilýär (käwagt satyn alynýar ýa-da kärendä alynýar). Özünem, onuň konfigurasiýa parametrleri maglumatlar bankynyň maglumat üpjünçiligine bagly: ýazgy maglumaty üçin resminamalaýyn *MGÝ-a* ulanylýar, san maglumaty üçin maglumatlar bazasyny dolandyrýan ulgamlary (MBDU) peýdalanylýar, tablisa maglumaty üçin olaryň ikisi hem ulanylyp bilner. Resminamalaýyn *MSÝ-a,* düzgün bolşy ýaly, ähli maglumatlar bankyna girýän ähli maglumatlar bazasy üçin bir dürlüdir. Ýöne san maglumaty üçin ulanylýan *MBDU*-lar aýry-aýry maglumatlar bazasy strukturasyna görä dürli-dürlüdir.

*MGU-lary* döretmek gönüden-göni kompýuter programma düzüjileriň işidir. Muňa garamazdan, maglumatlar bankynyň täjirçilik äheňi (girdeji gazanmak üçin döredilmegi) ony döretmekde ulanyjynyň interfeýsine degişli (ýagny ulanyjy bilen maglumatlar bankynyň arasyndaky gatnaşyga degişli) marketing garaýyşlaryny göz öňünde tutmak zerurdyr.

Maglumatlar bankynyň ulanyjylarynyň interfeýsinden edilýän esasy talap onuň *dostluklylygy,* ýagny ulanyja maglumatlar banky bilen işlemäge amatly tebigy gatnaşygy guramaga mümkinçilik bermegi üpjün etmek talabydyr.

Dostlukly interfeýsi aşakdaky usullaryň kömegi bilen gazanyp bolar:

- buýruklar adaty ulanylýan sözlere ýakyn bolmaly we beýleki maglumatlar bazasyna ýakynrak, meňzeş bolsa gowy. Meselem, gözleg üçin *«find»*, maglumaty bermek üçin *«show»*, *«print»* we ş.m. sözler ulanylsa gowy;

- ulanyjynyň duran ýagdaýynda oňa ygtybarly kömek berip biler ýaly ösen kömek (*«help»*) ulgamynyň barlygy;
- maglumaty oňaýly görnüşde bermegiň tertibi (meselem, ýazgy resminamalaryna olary gözleg adalgalaryny degişli ýygylykda salyp bermek tertibi);
- maglumaty bermegiň çeýe formatlary (meselem, ýazgy resminamalary üçin doly ýa-da gysga formatlar), ýöne san, tablisa san görnüşdäkiler üçin dürli tablisalaryň we grafikleriň görnüşi;
- bulardan başga-da, interfeýsiň dostluklylygy maglumatlar bankynyň çalt işleýşine, resminama dolulygyna we beýleki delillere bagly. Ulanyjynyň işiniň oňaýly bolmagy üçin olaryň kompýuteri ýörite *AIÝ* goýulmagy mümkin.

Ulanyjynyň interfeýsi buýruk düzgüniniň ýa-da menýu düzgüniniň esasynda döredilip bilner. Birinji ýagdaýda ulanyjynyň özi ýerine ýetirmeli amallaryň tertibini kesgitleýär. Ikinji ýagdaýda, ol işi IRS-niň göz öňünde tutan ýoly boýunça alnyp barylýar, ulanyja degişli opsiýalary saýlamak galýar.

Maglumatlar bankynyň täjirçilik äheňde döredilmegi, ulanyjyny ykdysady-guramaçylyk taýdan goldamagy guramagy hem üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Ýagny ulanyjynyň rekwizitlerini deňeşdirmek (dogrulygyna göz ýetirmek) wagtynda hasaby bermek we oňa tölenilmegine gözegçilik etmegi guramak. Bu hyzmatlar IRS-niň ştat enjamlarynyň kömegi bilen ýa-da ýörite maglumatlar bankyndan ulanmagyň hasabatyny alyp barýan, barlaýan ulgamlar arkaly hem ýerine ýetirilip bilner. Ulanyjynyň çykdajylary hakda habary wagtynda seans döwründe ýetirmek dogrudyr.

## 3.3. Bazaryň segmentlere bölünişi. Bazary segmentlere bölmekde maglumat marketingiň düzgünleri

Bazaryň segmentlere bölünmegi ýa-da segmentlenilişi diýlip, ulanyjylaryň, olaryň maglumat önüme (interaktiw gulluga) bolan islegine baglylykda toparlara bölünmegine aýdylýar. Bazaryň segmentlenilişi marketingiň zerur böleginiň biri bolup, onuň zerurlygy aşakdakylar bilen kesgitlenýär:

- ✓ her bir segment özüniň isleginiň görnüşi boýunça häsiýetlendirilýär we ony interaktiw gullugy teklip etmänkä barlagdan geçirmek zerurdyr;
- ✓ anyk häsiýetnama berip bolmaýan bazar segmenti interaktiw hyzmatlar tarapyndan az gurşalýarlar;
- ✓ bellibir bazar segmentine gulluk etmek, umuman, bazara gulluk etmekden has gelejeklidir.

Eger segmentlere bölmek bellibir bazaryň barlagy boýunça geçirilse, onda has ygtybarly bolýar. Meselem, maglumatlar bankynyň ulanylyşy boýunça segmentleýiş geçirmek. Käbir ýagdaýlarda bu barlag AMB döredilýän döwürde mümkin. Meselem, maglumaty maglumatlar bankyna ýüklemek üçin berýän guramalarda ol ýa-da beýleki maglumaty ýygnamagyň islegi döreýär. Bu ýagdaýda, şol islegi iberilýänlere ulanyjylar hökmünde garap, olaryň islegine hem bazaryň hakyky islegi hökmünde garamak bolar.

Eger munuň ýaly islege teklipler ýok bolsa ýa-da olar hakda maglumat ýok bolsa, onda takyk maglumat önüm hakda bazardaky meýillere esaslanýan şu aşakdaky düzgünler zerurdyr:

*4.1. Düzgün.* Islendik, iň güýçli maglumat isleg hem köp ýagdaýlarda iň ýönekeý we wagta, pula bagly däl usullarda kanagatlandyrylýar. Şonuň üçin maglumatyň ulanyjylary mydama maglumatlar bankyndan ulanmaga ýykgyn edenoklar.

*4.2. Düzgün.* Eger maglumaty ulanyjyda ony ýygnamaga bellibir endik dörän bolsa, onda ony marketinge köp çykdajy çykaryp hem üýtgedip bolmaz.

*4.3. Düzgün.* Zerur maglumat enjamy bolmadyk maglumat üçin tölemek islemeýän edaralary marketing barlagy bilen gurşamak hökman däl.

*4.4. Düzgün.* Ulanyjy özüne gerek maglumaty almak üçin ýeterlik (degerli) bilim derejesine eýe däldir.

*4.5. Düzgün.* Ulanyjy mydama özüniň interaktiw gözlege islegini dogry seljermeýär, takyk aýdyp bilenok. Şonuň üçin, ol interaktiw gullukdan boýun gaçyrmagyny esasy dogry sebäpler bilen düşündirip bilmän, başga esasy däl sebäpler (meselem, bahalar ýokary, interfeýs çylşyrymly) bilen düşündirýär.

Bazary segmentleşdirmegiň netijesinde, maglumatlar bazasynyň häsiýetnamalaryna ulanyjylaryň interfeýsine, baha syýasatyna we interaktiw gullugyň bazardaky hereketleniş usullaryna degişli kararlar kabul edilýär.

Ulanyjylaryň toparlaryny, segmentlerini aýyl-saýyl etmekde has wajyp toparlara bölüş ölçegleri bolup, olaryň professional (pudaga degişli hünäri) degişliligi, interaktiw düzgünde iş tejribesi, maglumat işiniň häsiýetnamasy hyzmat edýär.

Hünär boýunça dahyllylygy, esasan, maglumatyň tematikasy bilen baglydyr. Meselem, hasabatlyk maglumaty ylmy-barlaglar, maliýe işgärleri, maslahat berijiler ulanýarlar, bibliografik maglumatdan – ylmy guramalar, kitaphanalar we maglumat merkezleri peýdalanýarlar, ýuridiki maglumatlardan – hukukçylar, patent maglumatlardan – patent öwrenijiler we oýlap tapyjylar peýdalanýarlar we ş.m.

*2-nji tablisa*

**Bazaryň hünär aýratynlygy we interaktiw gözlegde iş tejribesi boýunça segmentlere bölünişi**

| Segmentler | Bölek segmentler | Maglumat resurs bilen we interaktiw düzgünde iş tejribesi |
|---|---|---|
| «Kitaphana» | Ähl umumy kitaphanalar<br>Ýörite kitaphanalar<br>Ylmy kitaphanalar | Pes<br><br>Maglumat az<br>Kem-käs bar |
| «Hünärmen» | Hekimler<br>Hukukçylar<br>Maslahatçylar<br>Maliýe we buhgalteriýa işi | Pes, kompýuterde işlänler<br>Uly<br>Uly<br>Öz ugry boýunça uly |
| «Işewür we ylmy» | Edaralaryň dolandyryjylary (menejerleri)<br>Marketing we söwda işgäri<br>Ylmy-tehniki işgärler | Pes, artma bilen 3<br><br>Pes<br><br>Uly |

2-nji tablisadan görnüşi ýaly, ulanyjylaryň esasy segmentleri ylym we telekeçilik çäklerinde jemlenendir. Hukukçylaryň we döwlet edaralarynyň segmentleri hem kiçi däldir. Öý hojalykçylar interaktiw gullugy tarapyndan iň pes üns bilen gurşalan hem bolsa, olaryň ugrunda soňky wagtda uly göreş barýar.

Interaktiw gullukdaky iş tejribesi ilki bilen ulanyjynyň hünäre degişliligi we maglumat işiniň häsiýeti bilen baglydyr. Öndürilýän önümi bu segmente degişli we tehniki serişdesi bar bolan ulanyja niýetläp başlamak oňaýlydyr.

Maglumat işiniň häsiýetine degişlilikde ulanyjylar araçy we ahyrky ulanyjylara bölünýärler. Araçy ulanyjylar interaktiw gullugy öz müşderileriniň isleg arzuwyna, talabyna görä, olaryň hasabyna alyp barýan bolsa, soňky ulanyjylar öz maglumat islegi boýunça öz hasabyna alyp barýarlar. Adatça araçy-hünärmenleriň soňkulara garanda interaktiw gulluk bilen işde has uly tejribeleri bar.

Maglumat önümiň we hyzmatyň häzirki zaman bazary ilki bilen araçylara niýetlenendir. Bu segment ykdysady taýdan has peýdaly segmentdir. Muňa garamazdan, san taýdan  ol uly  däl we üpjünçilik taýdan soňky çägine ýakyn. Soňky wagtda maglumat önümi we hyzmaty hödür edijiler has uly we interaktiw gulluk tarapyndan pes gurşalan soňky ulanyjylara ünsi köp berýärler. Ýöne bu segmentiň hem öz çylşyrymly taraplary bar.

***Maglumatlar bazasynyň häsiýetnamalary we segmentleşdirilmegi.***

Haýsy hem bolsa bir segmente ünsi jemlemek maglumatlar bazasyna girizilýän maglumatlara talaby güýçlendirýär. Bu zatlar olary işläp taýýarlaýyş döwründe göz öňünde tutulmalydyr. Maglumatyň bäsleşige mynasyp gelmek mümkinçiligi ulanyjynyň hünär taýýarlygyna we işiniň häsiýetnamasyna baglydyr (meselem, hukukçylar maglumaty has berk talap bilen garaýarlar). Mundan başga-da, maglumaty dürli segmentlere degişli ulanyjylaryň ulanmagy, onuň berliş görnüşine-de täsir edýär.

***Segmentleşdirmek we ulanyjynyň interfeýsi.*** Maglumatlar bankynyň interfeýsiniň dostluklylygyndan edilýän talap bazar segmentine-de baglydyr. Meselem, maglumatlar banky bilen iş tejribesi az bolan ulanyjylary gurşap almak höwesi öndürijilere has kämil ula-

nyjy interfeýsini döretmäge itergi berýär. Ýokary hünärli araçylary çekmek islegi has çylşyrymly gözleg mümkinçiligi bolan, çuň özleşdirilen maglumatly maglumatlar bazasynyň döredilmegine getirýär. Dostlukly interfeýsli maglumatlar banky döretmekligiň gymmatyny artdyrýanlygy üçin, onuň eýeleriniň öňünde iki ugruň birini: dostlukly interfeýs döretmegi ýa-da dostlukly araçylara we ulanyjylara degişli önümlerden peýdalanmagy saýlap almagy keserdip goýýar.

***Segmentleşdirmek we nyrh syýasaty.*** Maglumat önüme we gulluga islegiň we nyrhyň gatnaşygy nyrha görä islegiň çeýeligi diýilýän görkezijiniň üsti bilen kesgitlenýär. Ol nyrh 1% galanda islegiň näçe göterim kemelýänligini görkezýär. Ýokary çeýelik nyrhy has ýokarlandyrmagyň maglumatlar bankyna islegiň peseltjekdigini görkezýär.

Adatça nyrha görä çeýelik ýeterlik ýokary we şonuň üçin nyrhy galdyrmak interaktiw gözlegiň ösmegine päsgel berýär diýip hasap edilýär. Bu diňe ulanyjylaryň gözlege çykdajy çykarýan wagty dogrudyr. Ýöne hakykatda beýle däldir: ulanyjylaryň köpüsi araçylardyr. Olar köp halatda gözleg üçin çykdajyny özleri çekýär. Şeýlelikde, köp uly bazar segmentlerinde nyrh boýunça pes çeýelik emele gelýär. Bu pikiri belli hünärmen, maglumat boýunça marketolog R. Summit hem goldaýar.

Şeýlelikde, islegiň nyrha görä çeýeligi pes segmentlerine ünsi jemlemek islegiň kesgitsizligini aradan aýyrýar. Şonuň üçin, öz hasabyna işleýän we nyrha dogrudan hem duýgur ulanyjylarýň segmentini gurşamaga ymtylýanlar kynçylyga uçramagy mümkin. Bu kynçylygy nyrhyň dogry gurluşyny saýlap almak usulyny aradan aýryp ýa-da peseldip biler.

# 4. MAGLUMAT HYZMATYŇ NYRHYNYŇ DÖREÝŞI

## 4.1. Bazar ykdysadyýetinde nyrhyň döreýşiniň esasy nusgalary

Maglumat hyzmatynda nyrh döreýiş prosesi maglumat marketingiň meýilnamasynyň esasy, iň çylşyrymly elementidir. Nyrhyň dogry çykarylmagyna maglumatlar bankynyň täjirçilik nukdaýnazarda ulanmagyň esasy maksady bolan girdeji almak maksady bagly bolup durýar. Elbetde, alynjak girdejiniň ulularygyna diňe saýlanyp alnan nyrh däl-de, başga-da birnäçe faktorlar: meselem, maglumatyň hili, öňi bilen maglumatlar bankynyň hili täsir edýär. Ýöne nyrhyň roluny--da peseltmek bolmaz.

Maglumat hyzmatynda nyrhyň derejesini, esasan, üç usulyň kömegi bilen kesgitleýärler, olar:

1. harajatlaryň esasynda;
2. islegiň esasynda;
3. bäsdeşligiň esasynda.

Ol ýa-da beýleki nusganyň saýlanyp alynmagy maglumatlar bankynyň eýesiniň bazar ykdysadyýetindäki nukdaýnazaryna, pozisiýasyna, çykýan harajatlar, isleg we nyrhlar hakda maglumatlaryň dogrulygyna, islegiň häsiýetnamasyna, şol sanda, onuň nyrha görä çeýeligine bagly kesgitlenýär.

## 4.2. Girdejiniň ýokarlandyrylyşy we nyrhlaryň derejesi

Elbetde, maglumat hyzmatlara berlen nyrhlaryň derejeleri maglumatlar bankynyň eýeleriniň ýokary girdejini almagyna ýardam etmelidir. Eger nyrhlaryň derejeleri gaty pes bolsa, onda maglumatlar bankynyň eýeleriniň girdejileri pes bolar, eger-de ol gaty ýokary bolsa, onda ol islegi peseldip, garaşylýan girdejini bermezligi mümkin. Şonuň üçin ýörite usullaryň kömegi bilen nyrhlaryň iň amatly derejesini kesgitlemeli. Ol köp ýagdaýda islegiň nyrha görä çeýeligine baglydyr. Islegiň nyrha görä çeýeligi islegiň egrisi diýilýäniň kömegi

bilen berilýär. Bu egri islegiň nyrha görä ters baglylygyny görkezýän, kemelýän funksiýanyň grafigidir.

Maglumat hyzmatlarynyň esasy aýratynlygynyň biri – bu bolsa bir maglumatlar bankynyň mümkinçilikleri bilen bildirilýän islegiň hemmesiniň kanagatlandyrylyp bilinmegidir, şonuň üçin, islegiň egrisi nola (0) deň däl ýapgytlyga eýedir (ýagny gorizontal däldir). Bu ýagdaýda nyrhlaryň iň amatly derejesi firmanyň kämil däl bäsleşigiň şertlerinde deňagramlylyk ýagdaýyny barlaýan matematiki serişdäniň kömegi bilen kesgitlenip bilner.

Getiriljek nusganyň aýdyňlygyny gazanmak maksady bilen, esasy rol oýnamaýan ululyklar hakda aşakdaky bellikleri edeliň:

a) her maglumatlar bankyna bir maglumatlar bazasy girýär;

b) maglumat hyzmaty ulanyja online düzgüninde maglumat bermegi aňladýar.

Goý, P–maglumat hyzmatynyň nyrhy, Q–olaryň sany (bellibir döwür içinde, meselem, 1 ýylda) ölçeg birligi bolsun, resminama, dinamiki hatar we ş.m. Onda, eger

$P=P(Q)$ ,

islegler egrisiniň deňlemesi bolsa, onda

$$R(Q)=P(Q)*Q \qquad (1)$$

– maglumatlar bankynyň eýesiniň alýan düşewündiniň ululygy bolar. Maglumatlar bankynyň harajatlarynyň toplumyny C(Q) diýip bellesek, onda

$$C(Q)=V*Q+F \text{ bolar.} \qquad (2)$$

Bu ýerde: F – maglumat hyzmatlara bagly bolmadyk çykdajylardyr (tehniki programma serişdeleriniň satyn alynmagy), V–bir maglumat hyzmat üçin çykarylan göni çykdajylar (meselem, maglumatlar bazasyny döredene awtorlyk haky).

(1) - (2) denlikden maglumatlar bankynyň eýesiniň girdejisi:

$$\Pi (Q)=R(Q)-C(Q)=(P(Q)-V)Q-F. \qquad (3)$$

Ýokary girdejiniň barlygynyň zerur şerti – aňryçäk düşewündiň (MR)we aňryçäk çykdajynyň (MC) deňligidir:

$$MR(Q_o)=MC(Q_o), \qquad (4)$$

$$MR(Q_o)=dR/dQ=dP/dQ*Q+P, \qquad (5)$$

$$MC(Q)=dC/dQ=V. \qquad (6)$$

Q - ýokary girdeji alynýan ýagdaýdaky islegiň göwrümi. Eger bu şert ýerine ýetýän bolsa, onda iň amatly nyrh $P_o$:

$$P_o=P(Q_o)=V*(1+1/(Z(Q_o)-1), \qquad (7)$$

bu ýerde: $Z=-d(\ln Q)/d(\ln P)$-islegiň nyrha görä çeýeligi, formula boýunça tapylar. $Q_o$ islegde we $P_o$ nyrhda $R_o$ ýokary düşewünt we $\Pi_o$ ýokary girdeji:

$$R_o=P_oQ_o=VQ_o(1+1/Z(Q_o)-1), \qquad (8)$$

$$\Pi_o=R_o-C(Q_o)=VQ_o/(Z(Q_o)-1)-F \qquad (9)$$

formulalar boýunça tapylarlar. (9) aňlatma berlen çykdajylarda we islegler egrisinde alnan ýokary girdejini aňladýarlar *(3-nji surat).*

Düşewündiň ýokary bahasynyň F çykdajylara bagly däldigi üçin, $\Pi_o$ girdejiniň bahasy maglumatlar bankynyň eýesiniň garaşýan girdejisinden az bolmagy mümkin. Bu ýagdaýda maglumatlar bankynyň eýesi özüni şeýle alyp barar ýa-da öz önümleriniň hilini gowulandyrmaly bolar, (islegiň egrisiniň görnüşi üýtgär, çykdajylaryň düzümine başgaça garalar), ýa-da şol önümi maglumatlar bankynyň üsti bilen ýaýratmak işini bes etmeli bolar. Ýagny ýokary girdeji almak maksady diňe nyrh dörediş usullarynyň üsti bilen çözülip bilinmez. Diýmek, $Q_o$ islege we $P_o$ nyrha görä $\Pi_o$ girdejä garaşylýan girdeji hökmünde seretmek bolar. (1–9) model nyrhy kesgitlemegiň aşakdaky teoretiki düzgünlerini kesgitleýär:

*I düzgün.* Eger aňryçäk düşewünt (5) aňryçäk çykdajylardan (6) uly (kiçi) bolsa, onda maglumatlar bankynyň eýesi nyrhy bu ululyklaryň arasynda (4) deňlik gazanylýança peseltmeli (ýokarlandyrmaly).

Ýöne bu düzgüni tejribelikde berjaý etmek P=P(Q) isleg egrisiniň belli däldigi üçin kynlaşýar. Şonuň üçin iň amatly nyrhy takyk kesgitlemek mümkin däldir. Bu ýagdaýlarda takmynan nyrhlandyrmalaryň usulyna geçmek zerur bolýar.

Adatça, maglumatlar bankynyň eýesine öz çykdajylary we ymtylýan girdejileri hakda maglumatlar belli bolýar. Ondan başga-da, oňa islegiň ekspertler tarapyndan bahalandyrylmasy we maglumatlar

bankyna meňzeş başga maglumatlar bankynyň bazar nyrhlarynyň belli bolmagy mümkin.




3-nji surat. Çykdajylarda we islegler egrisinde alnan ýokary girdeji

Bu ýerde:

$Q$ – maglumat hyzmatyň sany;

$AR$ – islegiň ýa-da orta $AR = \frac{R}{Q} = P$ düşewündiň egrisi;

$AC$ – teklibiň ýa-da çykdajynyň aňryçäk egrisi;

$AC$ – C/C=F/Q+V;

$MR$ – aňryçäk çykdajylaryň egrisi; MC=dC/dQ=V;

$P_o$ – iň oňat nyrh;

$Q_o$ – maglumat hyzmatyň satylyşynyň iň gowy sany;

$\Pi_o$ – iň ýokary girdeji.

Eger bu nyrhlar tejribe üsti bilen tapylan iň oňat nyrh bolup, islegiň çeýeliginiň hakyky ýagdaýyny görkezýän bolsa, onda maglumatlar bankynyň eýesiniň öňünde aşakdaky şerti kanagatlandyrýan P we q sanlary tapmak meselesi durýar:

max (P-V) q-F=Пo (10)

Özünem, (11) $P_{min} < p < P_{max}$ we

$Q_{min} < q < Q_{max}$ (12)

Bu ýerde: $П_o$ – ymtylynýan girdejiniň ululygy; $P_{min}$, $P_{max}$ – maglumatlar bankyna meňzeş maglumatlar bankynyň hyzmatlarynyň nyrhlarynyň çäkleri; $Q_{min}$, $Q_{max}$ – olara bolan islegleriň nyrhlarynyň çäkleri.

Meseläniň çözüwini imitasion hasaplamalaryň üsti bilen tapyp bolar. Hasaplamalar maglumatlar bankyna meňzeş hyzmatlarynyň nyrhy ýa-da islegler hakda maglumatlaryň haýsysynyň has ygtybarlylygyna baglylykda iki görnüşde aşakdaky düzgünler esasynda geçirilip biler:

*II düzgün.* Eger has dogry (ygtybarly) diýlip islegler hakda maglumatlar hasap edilse, onda onuň has ähtimal (ortaça) $q_o$ bahasy boýunça (10) deňlige esaslanyp, nyrhyň $P_o$ ululygy

$$P_o = V+(П_o+F)q_o \quad (13)$$

formula boýunça hasaplanylýar. ($P_o$ (11) deňsizligi kanagatlandyrmaly).

*III düzgün.* Eger nyrhlar hakda maglumatlar has ygtybarly bolsa, onda her bir (11) şerti kanagatlandyrýan P nyrh üçin isleg (10) deňsizlikden

$$q=(П_o+F) / (P-V) \quad (14)$$

formula boýunça hasaplanylýar. (14) formula boýunça hasaplanan q islegiň ähtimallygy tejribe ýoly boýunça hasaplanylýar. Netijede, has ähtimal $q_o$ degişli $P_o$ nyrh saýlanyp alynýar. Bu hasaplamalaryň artykmaçlygy *MAB*-yň eýesinden diňe bellibir q sanyň dogrudygyna baha bermek talap edilýär. $Q_{min}$, $Q_{max}$ baha araçäklerini tapmak hökman däl.

Ýokarky getirilen hasaplamalaryň üsti bilen nyrh döreýşiniň ähli üç nusgasy hem beýan edilýär: II düzgün harajatlaryň çykdajysy esasynda nyrh dörediliş nusgasyny, III düzgün isleg esasynda (11) deňsizlik bolsa bäsdeş nyrhlar esasynda nyrh döreýiş nusgasyny beýan edýär. Bu nusgalar diňe biri-biriniň üstüni ýetirýändiginden başga-da, käbir bellibir şertlerde biri-birine ýakyn nyrhlary almaga-da mümkinçilik berýärler.

Bu arabaglanyşyk islegiň nyrha görä çeýeliginiň pesligine ýa-da degişlilige bagly däldigi anyk bolmasa-da, esaslanýar we (11–12) deňsizliklerden gelip çykýar. Nyrh bilen islegiň otnositel bagly dällik gipotezasyndan zerur maglumatyň ýoklugy sebäpli, tejribe ýoly bilen barlap bolmaýar. Umuman oňa garamazdan, bar bolan maglumatlar ony tassyklaýar. Dogrusy, islegiň nyrha görä çeýeliginiň isleg – teklip egrisiniň bütin dowamynda pesligini göz öňüne getirmek kyn. Ýöne hakyky bazar nyrhlary (esasan hem halkara bazarynda) bu egrileriň, dogrudygynda, islegiň çeýeliginiň pes oblastyna degişli diýmek bolar.

II düzgüni biziň içki bazarymyz üçin ulanmak bolar. Sebäbi häzirki ýagdaýda maglumat hyzmatyň ösen önümçiligi ýok. Nyrhlar hem durnugyşan däl.

Halkara bazarynda III düzgün has köp ulanarlydyr. Sebäbi onda nyrhyň derejesi we düzümi hakda bellibir ölçeg bar.

## 4.3. Maglumat hyzmatlara nyrhyň döreýşi. Nyrhyň döremeginiň bazar tejribeligi

Öňki bölümlerde gürrüňi edilen II we III düzgünlere laýyklykda, maglumatlar bankynyň eýeleri tarapyndan goýulýan nyrhlar bazarda durnugyşan nyrhlaryň derejesine gabat gelmelidirler. Ol dereje maglumatlar bankyna kybapdaşlaryň täjirçilik maksady bilen ulanylanda döreýän nyrhlary barlamak bilen kesgitlenilip bilner.

Bu ugurdaky halkara tejribe maglumat hyzmatyň nyrhynyň köpdürliligini görkezýär. Beýle köpdürliligiň sebäbiniň ilkinjisi, hiç bir nyrhyň hyzmatlardan edilýän ähli talaplara jogap berip bilmeýändigidir (meselem, maglumatlaryň hiline, gözlegiň netijeliligine we ş.m.). Bu ýagdaýdan biri-biriniň kem-käs tarapyny dolduryp biljek nyrhlaryň toplumyny ulanmak bilen çyksa bolar.

Maglumatlar banky arkaly maglumatlary ýaýratmak bilen meşgul bolýan şereketler esasy nyrhlary döredip, ulanyjylarda islegi oýarmak üçin, bu nyrhlardan pese gaçmak usulyny döretmegiň ýoluny ulanýarlar. Esasy nyrhlaryň görnüşleri bolup:

- maglumatlar bankyna goşulmagyň bir sagatlyk döwrüniň nyrhy;

- maglumatyň bir birliginiň nyrhy;
- maglumatlar bankyna ýa-da aýry-aýry maglumatlar bazasyna ýazylmagyň nyrhy ýaly nyrhlar bolup biler.

Bu nyrhlar täjirçilik maglumatlar bankynyň köpüsi tarapyndan şertnamada aýdylyp geçilýär. Onda maglumat üçin we maglumatlar bankynyň serişdeleriniň hyzmaty üçin tölegler göz öňünde tutulýar.

Maglumatlar bankyna girmek hakdaky şertnamalarda (ylalaşyklarda) onuň mümkinçiliklerine degişli nyrhlar hem girizilýär. Meselem:

- maglumatlar banky bilen işlemegiň iň pes tölegi;
- administratiw töleg;
- habar beriş maglumatyň nyrhy;
- maglumaty gözlemegiň we täzeden işlemegiň goşmaça serişdelerine bolan nyrhlar;
- kompýuterleriň mümkinçilikleriniň nyrhy we ş.m.

Indi esasy nyrhlara gysgaça häsiýetnama bereliň. Bir sagatlyk maglumat bankyna goşulmanyň nyrhy diýip, maglumatlar bankynyň resurslaryna goşulmanyň wagtyna görä tölege aýdylýar. Maglumatlar bankyna goşulmanyň wagt birliginiň nyrhynyň interaktiw hyzmatyň aýratynylygyny has gowy gurşap alýar diýlip hasap edilýändigi üçin, nyrhyň bu görnüşi ylalaşyklaryň ählisinde diýen ýaly ulanylýar. Ähli tölegleriň hemmesiniň ýarysy diýen ýaly nyrhyň bu görnüşiniň paýyna düşýär.

Wagta görä tölegiň kemçiliklerine onuň maglumatlar bankynyň işlemeginiň çaltlygyna baglydygy, onuň gözleginiň netijeleri bilen aragatnaşygynyň ýoklugy we maglumatlaryň hiline baglydygy degişlidir. Ondan başga-da, wagta baglylyk ulanyjylaryň wagty tygşytlamaga ymtylyp, maglumatlar banky bilen işlemegiň dowamlylygyny peseltmäge ymtylmagyna getirýär. Bu ýagdaýda gözleg şeýle alnyp barylýar: çalt gözleg geçirilýär; birnäçe gözleg terminini saýlamaly bolýar *(4-nji surat)*.Olaryň köp duş gelýän çäkli (meselem 20) resminamalary saýlamaly; seansy kesmeli; tapylan resminamalary synlamaly; seansy geçirmeli; täze gözleg sözlerini saýlamaly; netijä göz gezdirmeli; täze gözleg geçirmek zerurlygyny anyklamaly.



4-nji surat. Nyrhlaryň görnüşleri uly täjirçilik maglumatlar bankynyň hödürleýän hyzmatlarynyň nyrhlarynyň ulanylyş ýygylygy

– *MAB*-ne 1 sagatlyk goşulmanyň nyrhy.

– maglumaty online tertipde almagyň nyrhy.

– maglumaty online tertipde almagyň nyrhy;

– ýazylyşyň nyrhy;

– iň pes nyrh;

– administratiw nyrh;

– habar beriş maglumatyň nyrhy;

– maglumaty gözlemegiň we gaýtadan işlemegiň goşmaça serişdeleriniň nyrhy;

– kompýuteriň mümkinçilikleriniň nyrhy.

Şeýlelikde, seansyň wagtyny azaltmaga ymtylmak, gözleg üçin täze döredilen tehnologiýalardan ýüz öwürmäge getirýär. Şeýle-de, ulanyjynyň isleginiň dogry we doly kanagatlandyrylmazlygyna getirer. Bu ýagdaýdan çykmak üçin interaktiw gulluk wagta görä tölegi aýryp, onuň ýerine maglumata görä bölek we ýazylyş arkaly tölege geçmegi zerur hasap edýär. Alnan maglumatyň birligine nyrh şol maglumatyň öz nyrhyny (maglumatlar bazasynyň awtorynyň galam haky we döredijiniň haky) we maglumatlar bankynyň serişdeleriniň gözlege, saýlawa we «online», «offline» tertipde olary bermegi guramaga çykýan çykdajylarynyň nyrhy girýär.

Nyrhyň bu görnüşi ýa-da gutarnykly mazmunly resminama, dinamiki hatara ýa-da göwrümi boýunça terminalyň ekranyna sygýan (online tertipde), sahypa, bellibir setirleriň sanyna goýulýar.

Bulardan başga-da, online düzgünde ulanyjydan çap üçin, poçta boýunça ibermek üçin goşmaça töleg alynýar.

Alnan maglumata tölemegiň gowy tarapy hökmünde onuň hil tarapynyň gowulygyny belläp, maglumatlar bankynyň serişdeleriniň ulanyjynyň hasaba almazlygyny, onuň ýetmezçilikli tarapy diýip bolar. Şonuň üçin nyrhyň bu görnüşi beýlekiler bilen utgaşyklykda ulanylýar.

Ýazylyşyň nyrhy ulanyja maglumatlar bankynyň resurslaryna aralaşmaga, bellibir maglumatlar bazasy bilen işlemäge hukuk we ulanyja käbir ýeňillikleri berýär. Ýöne maglumatlar bankyna ýazylmak hökmany däldir, emma maglumatlar bazasynyň çap edilen analoglaryna, adatça, ilki ýazylmalydyr.

Nyrhyň bu görnuşi maglumatlar bankynyň eýeleri üçin we ulanyjylar üçin peýdalydyr. Sebäbi maglumatlar bankynyň eýeleri bu ýagdaýada maglumatlar bankynyň ulanylyşynyň barlagyny azaldyp bilýärler, kesgitsizlik ýagdaýy aradan aýrylýar, ulanyjylar bolsa isleýän maglumatlaryny alyp bilýärler, öňünden onuň nyrhyny bilýärler. Hünärmenleriň pikirine görä, maglumatlar bankynyň resurslaryny peýdalanmaga tölemek usuly öz ornuny soňky döwürde hut şu ýazylyşygyň esasynda kesgitsiz interaktiw gözlege mümkinçilik berýän, alnan maglumata bellibir nyrh tölemek usulyna geçmäge mümkinçilik berýär.

Käbir maglumatlar bankynyň eýeleri ulanyjydan onuň bir aýda töleýän umumy çykdajysyndan geçmeýän az tölegi talap edýärler.

*Administratiw töleg bolup:*

- ❒ ulanyja ulanyjylyk mümkinçiligini, salgysyny, parol, pasport berýän giriş tölegi;
- ❒ ulanyja goşmaça paroly berýän bir gezek tölenýän töleg;
- ❒ mydama tölenýän bellibir tölegler (ulanyjyny mydamalyk goldamagyň tölegi).

Kähalatlarda administratiw tölegiň içine ulanyja goşmaça edilýän hyzmatlaryň nyrhy girýär. Kähalatlarda bolsa, administratiw tölegi dogry we wagtynda töleýän ulanyjylara goşmaça hyzmatlar edilýär, meselem, 30 minutlyk mugt seans we ş.m.

*Habar beriji* (ulanyja kömek) maglumatlaryň nyrhy köp halatlarda ýazylyşyň nyrhyna ýa-da administratiw tölege girýär, ýöne kähalatlarda ol aýry tölenilýär.

Gözlegiň we maglumaty täzeden işlemegiň goşmaça serişdeleriniň nyrhyna:

- ➢ ulanyjy tarapyndan taslanan islegiň ýazgysyny indiki gezeklerde ulanmak üçin käbir wagt dowamynda saklamagyň nyrhy;
- ➢ dinamiki hatarlary özünde saklaýan hasabatlyk maglumatlar bankynda ulanylýan gözlegleriň mukdar taýdan özleşdirilip, täzeden işlemegiň nyrhy girýär.

Kompýuteriň resurslarynyň nyrhy (prosessoryň, gaty diskiň we ş.m.) köp ulanylmaýan hem bolsa, kähalatlarda hususy täjirçilik hasaplaýyş merkezleri bilen baglaşylýan şertnamalarda duş gelýär.

Hakykatda nyrhlar esasy nyrhlardan maglumatlar bankynyň eýeleriniň özlerine ulanyjylary çekmek we mydamalyk müşderileri höweslendirmek üçin berilýän mümkinçiliklere görä ýeňillikler berilýär. Ol aýry-aýry ulanyja-da, bellibir hünärmenlere-de (kitaphana, institutlara) berilýär we aşakdaky görnüşlerde bolýar:

1) wagt birligindäki birleşmäniň (seansyň) nyrhyndan her aýyň ilkinji 5 sagadyna tölegden boşatmak;
2) şol nyrhy ulanyjynyň *MAB* bilen işiniň göwrümine görä azaltmak.

Iş ýüzünde ol aşakdaky firmalarda bolup biler:

- ❒ maglumatlar banky bilen işiň nyrhyny hakyky wagta görä peseltmek, meselem, gijeki *INTERNET-de* birikmeler arzan;

- ulanyjynyň *MAB* bilen birikmäni öňünden mälim edip, isleg bildireni üçin arzanlatma;
- öňünden ýazylan ulanyjylara berilýän mümkinçiliklerine görä arzan nyrh.

Maglumatyň bazar nyrhynyň derejesini kesgitlemegiň iň ýönekeý usuly ýokarda sanalan esasy nyrhlaryň orta arifmetiki bahasyny maglumatlar banklara kybapdaş bolar ýaly wagty kesgitlemelidir. Ýöne bu metod mydama ygtybarly däldir. Meselem, özüniň dogrulygy, ygtybarlylygy, çaltlygy, interfeýsiň hili bilen özüne kybapdaş maglumatlar banklardan tapawutlanýan maglumatlar banklary üçin ýokarky usul peýdaly däl. Bu häsiýetnamalary parametrler nusgasy ulanylanda doly göz öňünde tutup bolar.

*Nyrhyň parametrler nusgasy* haýsam bolsa bir harydyň nyrhyny onuň häsiýetleri bilen

$$P(\bullet)=F(x) \quad (1) \qquad (1)$$

görnüşinde baglanyşdyrýar. Bu ýerde: P(•) – nyrh wektory. X – häsiýetleriň wektory; F – wektor – funksiýa.

Nyrhlaryň görkezijisi hökmünde esasy nyrhlar ýa-da maglumat hyzmatyň *umumy nyrhy* ulanylyp bilner.

*Maglumat hyzmatynyň umumy nyrhy* bellibir maglumatlar bankyna degişli ähli tarifleriň umumylygyny maglumatyň birliginde görkezýär. Umumy nyrhyň ulanylmagy ýokarda bellenilip geçilen nyrhlaryň köpdürliligi we olaryň deňeşdirilip bolmaýandygy sebäplidir.

Eger maglumatlar bankynyň parametrleri *X* wektor, bilen berlip, P(•) hökmünde umumy nyrh *P* alnan bolsa, onda (1) deňlikden $P=F(x)$ alarys. Ol maglumatlar bankynyň aýratynlyklaryny hem bazardaky nyrh döreýiş tejribesini hem suratlandyrýar. *P* sana görä maglumatlar bankynyň eýesi takyk nyrhlary kesgitläp biler. Dürli nyrhlaryň arasyndaky özara baglanyşyk iň pes kynçylyklara görä ulanyjylaryň islegine, bazaryň şertlerine laýyklykda guralmalydyr.

Bazardaky durnugyşan nyrh döreýiş tejribesi nyrh düzüminiň aşakdakylary üpjün etmegini talap edýär:

- ulanyjylar üçin tölegleriň aýratynlygy;
- olaryň gözegçilikde bolmagyny;
- ulanyjynyň töleginiň ýagdaýynyň öňünden aýdyň bolmagy;

- ❒ tölegleriň alynýan maglumatlaryň gymmaty bilen baglylygy;
- ❒ nyrh syýasatynyň kabul ederlikligi.

Maglumatlar bankynyň ulanylyp başlanmagynyň başlangyç tapgyrynda nyrh syýasaty ilki bilen bazary eýelemäge ugrukdyrylmalydyr. Ol:

- ❒ maglumatlar bankyna başda mugt birikme mümkinçiligini bermek arkaly;
- ❒ ýazylyş üçin töleg almazlyk;
- ❒ düşündirişli maglumaty bermek arkaly;
- ❒ wagt birliginde birikme nyrhynyň arzanlygy bilen maglumatyň nyrhynyň ýokarylygynyň utgaşdyrylmagy arkaly;
- ❒ okuw we konsultasiýanyň mugtlugy arkaly gazanylyp bilner.

Maglumatlar bankyny ulanmakda tejribe toplanylandan we bazarda ýagdaýy berkidilenden soň, nyrh syýasatyny aşakdaky ugurlara üýtgetmek bolar:

- ❒ ýazylyşyga töleg almak;
- ❒ islege görä nyrhy üýtgetmek;
- ❒ goşmaça nyrh görnüşlerini girizmek.

Maglumat hyzmata islegi höweslendirmek üçin nyrh döreýşiň ähli tapgyrlarynda hemişelik müşderilere ýeňilliklerden peýdalanmaga mümkinçilik döretmeli.

## 4.4. Bazaryň gurşalyşy. Nyrh syýasatynyň modifikasiýasy. Girdejiniň kesgitsizlik howpunyň peseldilişi. Nyrhyň düzümi

Maglumatlar bankynyň ulanylyp başlanmagynyň başlangyç tapgyrynda nyrh syýasaty, esasan, bazary gurşap almaga ugrukdyrylan bolmaly. Ýagny maglumat önümi, mümkin boldugyça, ulanyjylaryň giň köpçüligi ulanar ýaly, bazaryň maglumatlar bankynyň ulanyjylarynyň esasy segmentlerini gurşamaga ymtylmaly. Bu aşakdaky çäreleriň kömegi bilen amala aşyrylyp bilner:

- ulanyjylara ilkinji birikmeleri mugtuna bermek;
- ýazylmanyň nyrhyny ilki-ilkiler almazlyk;

- maglumatlar bankyna birleşmäniň wagt birligindäki nyrhyny azaldyp, alynýan maglumatyň nyrhyny galdyrmak bilen utgaşdyrmak;
- maglumatlar banky bilen işlemegi mugt öwretmek, ulanyjy bilen işde tejribe toplanandan soň, maglumatlar bankynyň bazarda abraýy artandan soň, nyrh syýasatynda täzelik (modifikasiýa) girizmek aşakdaky ugurlar boýunça alnyp barylýar:
- ýazylmak nyrhly alnyp barylýar;
- nyrh islege görä üýtgedilýär;
- nyrhlaryň görnüşleriniň sanawyna täze goşmaça görnüşi goşmak (meselem, aýlyk tölegiň minimumy);

Islegi kanagatlandyrmak we höweslendirmek maksady bilen, mydamalyk ulanyjylar üçin ýeňillikleriň toplumy girizilmeli (meselem, maglumatlar banky bilen işde wagt birligine görä alynýan maglumatyň köplügine görä nyrhy peseltmek).

## Howpuň peseldilişi. Nyrhyň düzümi

Goý, maglumatlar hyzmatyna nyrhlaryň käbir $P_o$ derejesinde garaşylýan $q_o$ islegde $\Pi_o$ garaşylýan girdeji gazanylýar diýeliň:

$$\Pi_o = (P_o - V) \bullet q_o - F. \qquad (1)$$

Ýöne $P_o$ nyrhlar derejesinde hakyky isleg qo deň bolmazlygy mümkin. Bu ýagdaýda alnan $\Pi = (P_o - V) \bullet Q - F$ girdeji hem garaşylýan $\Pi_o$ girdejiden tapawutly bolar. Şeýlelikde, islegiň kesgitsizligi girdejiniň kesgitsizligine getirýär we olaryň çak edilýän ululyklaryndan pes bolma howpuna getirýär.

Girdejiniň kesgitsizliginiň görkezijileri bolup, onuň Var(Π) dispersiýasy:

$$Var\ (\Pi) = E\ (\Pi - E\Pi)^2 = (P_o - V)^2\ E\ (Q - EQ)^2 =$$
$$= (P_o - V)^2 \bullet VarQ \qquad (2)$$

we wariasiýa koeffisienti CV(Π)

$$CV^2\ (\Pi) = Var\ (\Pi)\ /\ E^2\ \Pi = e^2\ (EQ) \bullet cV^2\ (Q) \qquad (3)$$

hyzmat edip bilerler. Bu ýerde: e – girdejiniň islege görä çeýeligi ($e = d\ (Ln\ \Pi)\ /\ d\ (LnQ) = 1 + F\ /\ \Pi$); E – matematik garaşma. Eger $q_o$ – islegiň has ähtimal dogry bahasy bolsa, onda $EQ = q_o$ $E\Pi = \Pi_o$.

*Howpuň görkezijisini guramak* has kyn mesele bolup, ol häzire çenli umumy görnüşde kanagatlanarly çözülenok. Seredilýän ýagdaýda howpuň görkezijisi hökmünde onuň aşakdaky häsiýetleri göz öňünde tutulyp, alnan ululyk saýlanylmalydyr:

- howp girdejiniň garaşylýan derejeden gyşarmasyny häsiýetlendirýär;
- girdejiniň kesgitsizligi näçe uly bolsa, şonça-da howp ýokarydyr;
- girdejiniň kesgitsizliginiň durnuklylygynda garaşylýan girdeji az boldugyça howp ýokarydyr.

Ýokarky talaplary kanagatlandyrýan howpuň görkezijisi hökmünde wariasiýa koeffisiýentini ýa-da girdejileriň kesgitsizliginiň görkezijisini (dispersiýasy) olaryň garaşylýan bahalaryna gatnaşygyny alyp bolar.

Elbetde, nähili howpuň maglumatlar bankyň eýesi üçin kabul ederlikdigi onuň özüne bagly, ýöne onuň minimal (iň az) howpy bellidir. Howpy, esasan, iki usul bilen azaldyp bolar: girdejileriň kesgitsizligini azaltmak we olaryň garaşylýan bahalaryny ýokarlandyrmak. Öňki bölümde garaşylýan girdejini galdyrmagyň nyrh usullaryna seredipdik. Indi biz kesgitsizligiň çäklendirmeleriniň usullaryna seredip geçeliň.

Maglumat önüme islegiň umumy göwrümini aşakdaky ýaly ýazyp bileris:

$$Q = D(1) + \ldots + D(k). \qquad (4)$$

Bu ýerde: *k* – ulanyjylaryň sany; D(·) – her bir ulanyjynyň MAB bilen işleýän wagtynda alýan maglumatlarynyň sany.

Eger her ulanyjy maglumatlar banky bilen *t(·)* wagtyň dowamynda işleýän bolsa, onda

$$T = t(1) + \ldots + t(k) \qquad (5)$$

ähli ulanyjylaryň MAB bilen işleriniň jemi dowamlylygy bolar.

Eger d = Q/T maglumatlar banky bilen işiň wagt birliginde alnan maglumatlaryň ortaça sany bolsa, onda

$$Q = d\,(t(1) + \ldots + t(k)) = dT = d \cdot t \cdot k \qquad (6)$$

bolar. T = t·k, sebäbi – bir ulanyjynyň maglumatlar banky bilen işiniň ortaça wagty.

Ulanyjynyň ortaça tejribesinde *d* – umuman, maglumatlar bankynyň çalt işleýşine bagly bolup, maglumat hyzmata islege bagly bolmadyk hemişelik ululyk hasap edilip bilner. Bu ýagdaýda islegiň göwrümi ulanyjylaryň *k* sany we olaryň maglumatlar banky bilen işiniň ortaça *t* dowamlylygy bilen kesgitlenýär. Eger bu häsiýetler biri-birine bagly däl bolsa, onda

$$EQ = d \cdot E\,t \cdot EK = q_o \tag{7}$$

$$Var\,(Q) = d^2\,(E^2k \cdot Var\,(t) + E^2\,t \cdot Var\,(k) +$$

$$+Var\,t \cdot (\,V^2\,(k)) \tag{8}$$

$$CV^2\,(Q) = d^2 \cdot (CV^2\,(t) + CV^2\,(k) +$$

$$+CV^2\,(t) \cdot CV^2\,(k)). \tag{9}$$

Goý, maglumatlar bankynyň eýesi maglumat hyzmaty üçin nyrhyň aşaky düzümini saýlap alypdyr diýeliň: maglumatlar bankyna sagatlaýyn birikmäniň nyrhy $P_t$; maglumaty almagyň nyrhy $P_d$; ýyllyk ýazylyşyň nyrhy $P_k$; Onda onuň girdejisi

$$П` = (P^d + P^t / d + P^k\,(d{\cdot}t) – V) \cdot Q – F, \tag{10}$$

bu ýagdaýda maglumat hyzmatyň umumy nyrhy P:

$$P = P^d + P^t / d + P^k / (d{\cdot}t) \tag{11}$$

bolar.

Sanalan nyrhlaryň derejesi garaşylýan girdejini almagy üpjün etmelidir. Diýmek,

$$E_p = P^d + P^t / d + P^k\,(d \cdot Et) = P_o. \tag{12}$$

Soňky deňligi ulansak, onda

$$П` = (P^o – V) \cdot Q – F – P^k \cdot (t – E_t) / E_t =$$

$$=П = P^k \cdot (t – E_t) / E_{t.} \tag{13}$$

Özünem: $E\,П` = E\,П = П_o$. (14)

$$Var\,(П`) = Var\,(П) – C \cdot (2 \cdot (P_o – V) \cdot d \cdot P^k – P^{k2} / Et) \tag{15}$$

Bu ýerde: $C = (Var\,(Q) / d^2 – E^2t \cdot Var\,(K))$.

Soňky deňlemelerden eger ýyllyk ýazylyşyk bir ulanyşy üçin hasaplanyp göz öňüne tutulan düşewündiň ikeldileninden geçmese,

ýagny $P^k <= 2 \cdot (P_o - V) x\ x_d \cdot Et = 2\ (\Pi_o + F) / EK$ bolsa, onda girdejiniň kesgitsizligi we howp diňe bir nyrh bar bolan ýagdaýdaky, ýagny maglumat alnandaky nyrha degişli kesgitsizlikden we howpdan azdyr,

ýagny $Var(\Pi`) <= Var(\Pi)$;

$CV(\Pi`) <= CV(\Pi)$.

Eger ýazylyşygyň nyrhy garaşylýan girdeýjä deň bolsa, onda kesgitsizlik we howp öz minimumlaryna şol nyrh boýunça eýe bolýarlar, ýagny

$$P^k = (Po - V) \cdot d \cdot Et = (\Pi o + F) / Ek. \quad (16)$$

Bu ýagdaýda başga nyrhlar maglumatlar bankynyň eýesiniň göni çykdajylaryny ýapýar:

$$P_o^d + P_t^o/d = V. \quad (17)$$

Şonda kesgitsizligiň minimal nyrhy

$$Var_o(\Pi`) = (P_o - V)^2 \cdot d^2 \cdot E^2t \cdot VarK. \quad (18)$$

Soňky (2), (8) deňligi kesgitsizligiň görkezijisi bilen deňeşdirsek, onda ýazylyşyga tölegi talap etmegiň özüniň kesgitsizligi we howpy aradan aýyrýanlygyny görýäris. Ýöne ulanyjylaryň sany bilen bagly bolan kesgitsizlik we howp nyrhyň düzümini üýtgetmegiň hasabyna azaldyp bilmez.

Şeýlelikde, (10) we (17) deňlikler kesgitsizligiň we howpuň azaldylmagynyň iň amatly düzgünini berýär.

*IV düzgün.* Kesgitsizlik we howp ýazylyşygyň nyrhy görnüşinde girizilýän bellibir tölegiň üsti bilen azaldylyp bilner. Bu töleg umumy kesgitlenen çykdajylary ýapyp, garaşylýan girdejini üpjün eder ýaly bolmalydyr.

Bu düzgüniň gowy tarapy, onuň aslynda näbelli bolup durýan islegiň dispersiýasyna bagly däldigidir. Şonuň üçin seredilen nyrhlar düzümi, käbir ýetmezçilikleriniň barlygyna garamazdan, dünýä tejribeliginde has ýaýrandyr. Meselem, (13) deňlikden görnüşi ýaly, ýazylyşygyň tölegi maglumatlar banky bilen $E_t$ sagatdan az işleýän ulanyjylar üçin peýdaly däldir, ýöne $E_t$ sagatdan köp işleýän ulanyjylar

üçin peýdalydyr. Birinji ýagdaýda, ýazylyşygyň zerurlygy maglumatlar banky bilen näçe wagt işläp boljakdygyny bilmeýän ulanyjylara tölegiň başga görnüşine ýüz urmaklygyna getirýär. Ikinji ýagdaýda, ýazylyşyk ulanyjylara berilýän ýeňillikler bilen kybapdaşdyr we maglumatlar bankynyň eýelerine girdejiniň käbir bölegini alyp bilmezligine getirýär. Ýöne munuň halkara maglumat bazarynda giňden ýaýranlygyndan çen tutsaň, ol sebäpli maglumatlar bankyna islegiň artmagy, onuň gowy däl taraplarynyň täsirini peseldýär.

Nyrhlaryň bu giň ýaýran düzüminiň artykmaç we pes tarapyny hasaba alyp, IV düzgüni has takyklaşdyrmak mümkindir:

*V düzgün:* ýazylyşygy girizmek kesgitsizligiň we howpuň ýeterlik köp wagtynda has maksada laýykdyr. Başga ýagdaýlarda ýazylyşygyň erbet taraplary onuň artykmaçlygyny peseldip, onuň kesgitsizligi we howpy peseldýän usuldan girdejini peseldýän ýagdaýa öwrülmegine getirýär.

Girdejiniň kesgitsizligi ilki bilen islegiň konýunktura şertleri bilen baglydyr. Olar bolsa aňsat hasaba alarlyk däldir. Mundan başga-da, oňa maglumatlar bankynyň eýesiniň harajat çykdajylarynyň düzümi (mydamalyk çykdajylaryň köplügi) we informasion hyzmatyň hili täsirini ýetirýär. Şonuň üçin kesgitsizligi peseltmek we garaşylýan girdejini artdyrmak, nyrh döreýşiň bir usulynyň üsti bilen gazanylyp bilinmez. Muňa garamazdan, nyrhyň derejesiniň dogry kesgitlenmegi maglumat hyzmata durnukly islegiň bolmagyna täsir edýär, ýöne nyrhlaryň düzüminiň aňly-düşünjeli guralmagy, girdejä onuň kesgitsizliginiň täsirini peseldýär.

# 5. MAHABAT IŞI

## 5.1. Interaktiw hyzmatyň bazardaky hereketiniň esasy usullary. Mahabat işi, sorag-jogap materiallarynyň ýaýradylyşy barada ulanyjylara berilýän maslahatlar

Belli bolşy ýaly, öndüriji diňe öz önümini öndürmegiň aladasy bilen bolman, eýsem, onuň ulanyja ýetmekde geçýän ýoluny doly guramaga gatnaşmalydyr. Onuň üçin ol ulanyja öz önümi hakda hemişe maglumat berip durmaly. Bu maglumatlar ulanyjyda önümiň gowy taraplary hakda pikir döredip, onuň aňynda mynasyp orun tapmaly. Munuň üçin öndüriji mahabat, propaganda işlerini, satuwy goldamak, jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk saklamak ýaly işleri alyp barmalydyr.

*Mahabat* – belli marketolog-alym F. Kotleriň belleýşi ýaly, bu islendik bellibir «hemaýatçy» tarapyndan tölenip, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan harydy, ideýalary, hyzmatlary hödür etmek ýa-da görkezmekdir.

Köp guramalar (önüm öndürýän ýa-da öndürmeýän tapawudy ýok) mahabatda öz harydy, ideýasy, hyzmaty, çäreleri hakda gürrüň berip, özlerine jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek isleýärler. Ol üns dürli-dürli bolup biler.

Mahabat interaktiw hyzmatyň bazarda hereket etmeginiň esasy usullarynyň biridir.

Mahabat işiniň diňe bir maglumatlaryň biznesinde däl-de, umuman, telekeçilikdäki orny bize mälim. Onuň maksatlary we esasy çözüwleri hakda umumy belli ugurlary ýatlalyň *(3-nji tablisa).*

Interaktiw hyzmaty bazarda guramagyň birnäçe ýollary:

- mahabat işi;
- sorag-jogap materiallarynyň ýaýradylyşy;
- ulanyjylary habarly etmek işi hyzmat edýärler.

Interaktiw hyzmaty mahabat etmek işi maglumatlar bazasy we maglumatlar bankynyň hakyky ulanyjylary, olaryň bular bilen işinde alyp biljek maglumatlary, olaryň artykmaçlyklary hakda habarly etmekden ötri geçirilýär. Interaktiw hyzmatyň mahabaty hem beýleki harytlaryňky ýaly köpçülikleýin habar beriş

serişdeleriniň üsti bilen berlip bilner. Ýöne interaktiw hyzmatyň hakyky ulanyjylarynyň örän çäklidigi sebäpli, häzirlikçe bu ýol ýeterlik önjeýli däldir. Şonuň üçin bu ýagdaýda mahabat işi, esasan, çap işlerini, elektron materiallary ýaýratmak we maglumatlar bankynyň mümkinçiliklerini gönüden-göni açyp görkezmek arkaly geçirilýär.

*3-nji tablisa*

**Mahabatyň maksatlary**

| **Maksatlar** | **Ýollary** |
|---|---|
| **1. Habar bermek:** | |
| ➢ täze harydy döredendigini habar bermek;<br>➢ belli harydy täzeçe ulanmagy ündemek;<br>➢ harydyň bahasynyň üýtgänligini habar bermek;<br>➢ harydyň täsirini düşündirmek. | ➢onuň mümkinçiliklerini beýan etmek;<br>➢ haryt hakynda nädogry pikirleri düzetmek;<br>➢ haryt hakynda garşylyklary ýok etmek;<br>➢ kompaniýanyň adyny arşa götermek. |
| **2. Yrmak:** | |
| ➢ takyk harydyň artyklygyny ündemek;<br>➢ takyk haryda geçmegi goldamak;<br>➢ ulanyjylaryň harydyň häsiýetlerini kabul edişini üýtgetmäge ymtylmak; | ➢ alyjylary şol harydy wagt ýitirmän satyn almaga yrmak;<br>➢ alyjyny kompaniýanyň wekili bilen gatnaşyk etmäge yrmak. |

Çap işlerinden esasy talaplar: olaryň gysga bolmagy, manysynyň elýeterliligi we maglumatlar bankyny ulanmagy, ulanyjylar üçin peýdaly sebäpleri dogry we anyk teswirlemek. Soňky talaplar mahabat işini bazary segmentlere bölmek bilen baglanyşdyrýar.

Ulanyjylaryň bellibir segmentine ýykgyn etmek mahabatyň diňe manysyna, içki bölegine däl-de, onuň ýaýradylyş ýolunyň saýlanylyşyna hem täsir edýär. Has umumy, ýagny hakyky ulanyjylaryň giň köpçüligine niýetlenen mahabatyň görnüşleri bolup:

- köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde çykyş etmek;
- kompýuter tehnologiýasyny ulanmak, interaktiw hyzmatyň, gözlegiň meselelerine ýöriteleşdirilen neşirýatlarda çykyş etmek;
- täjirçilik maglumatlar bazasy we maglumatlar banky hakynda maglumatlary maglumat çeşmeleriň kataloglaryna salmak, şol sanda interaktiw tertipdäki kataloglar bolan dünýä belli kataloglara salmak.

Bulardan başga-da, mahabat işi bellibir ulanyjylaryň toparyna ugrukdyrylyp bilner, ýagny:

- mahabat materiallaryny ýörite aýrybaşgalanan hakyky ulanyjylara göni ugratmak;
- maglumatlar bankynyň eýeleriniň öz hususy maglumat býulletenlerinde, saýtlarynda mahabat materiallaryny çap etmek we olary öz ulanyjylaryna ýaýratmak;
- mahabat materiallaryny žurnallarda çap etmek;
- mahabat materiallaryny dürli ýarmarkalarda, konferensiýalarda, sergilerde ýaýratmak (olarda hakyky ulanyjylaryň ýörite, bellibir topary üýşýär);
- ulanyjylaryň bellibir bölegine niýetlenip, olaryň ulanýan torlary boýunça mahabat materiallaryny ýaýratmak.

Çap edilýän materiallarynyň nähili netijelidigine garamazdan, olar maglumatlar banky ulanylýan döwürde onuň mümkinçiliklerini açyp görkezmek ýaly işden asgyndyrlar. Şonuň üçin aşakdaky çäreler geçirilýär:

- sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak;
- ulanyjylar üçin ýerli we ýörite seminarlary guramak;
- ulanyjynyň terminalynda açyp görkezme seanslaryny geçirmek;
- ulanyjylary maglumatlar banky bilen tanyşdyrmak maksady bilen, mugt işlemäge mümkinçilik bermek.

Mahabat işiniň geljekki ugry bolup, diňleýjileri, soňra maglumatlar bankynyň ulanyjylary boljak okuw jaýlarynyň kurslaryna, maglumatlar bankynyň mümkinçiliklerini açyp görkezjek interaktiw mümkinçilikleri goşmak hyzmat edýär.

Täjirçilik maglumatlar banky bilen işlemek ulanyjydan onuň dil serişdelerini, maglumatlar bazasynyň häsiýetnamalaryny we başga-da zerur maglumatlary doly bilmegini talap edýär. Şonuň üçin inter-

5. Sargyt № 3139

aktiw hyzmatyň bazar boýunça hereketi ulanyja resminamalaryň dolulygyny hödürlemezden mümkin däldir.

Halkara bazarynyň tejribesine seredilende sorag-jogap materiallarynyň düzümine girýär:

- maglumatlar bazasy hakda maglumatlar – maglumatlar banky hakda umumy kataloglar, olaryň her biriniň häsiýetnamasy;
- ulanyjynyň maglumatlar banky bilen işlemegi üçin gollanma, şol sanda esasy maglumatlary özünde saklaýan ulanyja çalt özleşdirmäge kömek berjek gysgaça gollanma we maglumatlar bankynyň ähli sedişdelerini ýazyp beýan edýän ulanyja elýeterli has giň gollanma;
- metamaglumatlar (klassifikatorlar, rubrikatorlar, direktoriýalar);
- bahalar hakda maglumatlar, olaryň aşakladylmagynyň ýollary hakda maglumatlar.

Bu resminamalaryň hemmesi ulanyja, onuň bilen şertnama baglaşylan badyna iberilýär we täze maglumatlar bazasy dörese, maglumatlar bankynyň serişdeleri kämilleşende, täze bahalar dörände resminamalar birsyhly täzelenip durýar.

Munuň ýaly üýtgeşmeler materiallary ibermek arkaly ýa-da türgenleşik okuwy wagtynda hususy býulletenler arkaly gyssagly ýagdaýda habar berlip durýar.

Habar beriji (sorag-jogap) materiallary mahabat materiallary hökmünde ulanylýanam bolsa, olaryň arasynda bellibir tapawut hem bardyr: habar beriji materiallar bilen işleýän ulanyjylary, şol maglumatlar banky bilen işlemäge bellibir ymtylmagyň hajaty ýok, şonuň üçin habar beriji materiallar, esasan, maglumatlar bazasyny obýektleýin ýazyp beýan etmäge, maglumatlar bankyny ulanmagyň mysalyny görkezmäge niýetlenilýär.

Ulanyjylara türgenleşik okuwyny bermek, olaryň maglumatlar bazasynyň mümkinçilikleri bilen ilkinji gezek tanyşdyrmak, täze hyzmatlar hakda habarly etmek we ulanyjyda maglumatlar banky bilen işlände ýüze çykýan takyk soraglara jogap bermäge niýetlenendir. Ol adatça ulanyjy bilen gönüden-göni gürleşilende geçirilýär. Käbir daşary ýurt interaktiw gulluklary maslahat okuwyny bermegi maglumatlar bankynyň bir bölek ulgamy hökmünde gurnalan elektron poçta arkaly geçirýärler.

## 5.2. Maglumat önümiň ösüş basgançaklary we interaktiw hyzmatyň bazardaky hereketleriniň görnüşleri. Harydyň durmuş döwrüniň tapgyrlary

Maglumat önümiň we hyzmatyň ösüş basgançaklary hakynda we bu basgançaklarda mahabat propaganda işleriniň aýratynlyklarynda durup geçmezden ozal, umuman, islendik harydyň durmuşda ulanylyş döwrüniň tapgyrlary hakda durup geçeliň.

Taze haryt göýberilenden soň, kompaniýanyň eýeleri onuň uzak döwür dowamynda ulanylyp girdeji berip durmagyny isleýärler. Onuň mydamalyk däldigi aýanam bolsa, önümiň öndürilmeginiň özleri üçin girdejili bolmagyny gazanmagyň ugrunda göreşýärler. Harydyň öndürilip başlanmagy bilen, onuň öndürilmeginiň bes edilmegine çenli wagta *harydyň durmuşda ulanylyş döwri* diýilýär.

Umuman, durmuşda ulanylyş döwri bäş tapgyrdan ybarat:

- *harydyň işläp düzülmegi* – bu döwürde kompaniýa täze pikiri oýlap tapýar we durmuşa geçirýär. Bu döwürde diňe çykdajy edilýär. Satuwyň göwrümi nol.
- *harydy bazara çykarmak* – harydyň satylyş göwrümi ýuwaş-ýuwaşdan artýar. Marketing çäreleriniň çykdajylary sebäpli girdeji ýok.
- *ösüş* – bu döwürde bazar çaltlyk bilen gurşalyp harytdan doldurylýar, girdeji artýar.
- *ýetişenlik* – harydyň satylyş göwrümi azalýar. Sebäbi esasy isleg bildirýän alyjylar ony edindiler. Girdejiniň derejesi üýtgänok ýa-da bäsdeşler bilen işiň çäreleri sebäpli kem-kemden peselýär.
- *pese gaçyş* – satuwyň we girdejiniň göwrümi mese-mälim peselýär.

Durmuşda ulanylyş döwrüniň tapgyrlarynda girdejiniň we satuwyň göwrümi üýtgeýär.

Mahabat-propaganda işiniň aýratynlygy interaktiw tertipde ýaýradylýan maglumat önümiň (MÖ) ösüş basgançaklaryna baglydyr.

Durmuşda ulanylyş döwrüniň konsepsiýasyna salgylansak, harydyň ösüşiniň dört esasy basgançaklarynyň barlygyny görýäris. Olar:

1. «döreýiş»- harydyň bazarda ilkinji ýüze çykyşy (onuň ulanylyşy ony ulanyjylaryň tanap başlaýşyna bagly köpelýär);
2. «çalt ösüş» - haryt tapylgysyz we monopol ýagdaýa eýe, sebäbi häzirlikçe ony bäsdeşler öwrenenok;
3. «bäsleşlik we kämillik» – harydy häzirlikçe satyn alýarlar, ýöne az sanda (şu basgançakda satuwy goldamak marketingiň esasy meselesidir).
4. «gün ýaşma»- isleg başga täze haryda jemlenýär.

Interaktiw hyzmatyň durmuş döwri maglumat önümiň ösüş tapgyrlary bilen aýrylmaz baglydyr. Sebabi maglumat önüm özüni alyp görkezýän tehnologiýadan aýry bolup bilenok. Şonuň üçin döwrüň her tapgyry öz maglumat önüminiň görnüşi bilen häsiýetlendirilýär.

S.Arnold marketologyň pikirine görä, interaktiw hyzmatyň önümçiligine ulanarlyk durmuş döwrüniň umumy ýagdaýy aşakdaky ýaly üýtgedilip gurulsa gowy bolar:

*I tapgyr:* Maglumat önüm ulanyjylar üçin adaty bolýar (meselem, çap önümi görnüşinde).

*II tapgyr:* Maglumat önüm interaktiw tertipde (maglumatlar bazasy görnüşinde berlip başlanýar).

*III tapgyr:* Maglumat önüm maglumatlar bazasy görnüşinde başga interaktiw gulluklar tarapyndan ulanyjylara berlip başlanýar.

*IV tapgyr:* Maglumatlar bazasy bilen maglumatlar bankynyň serişdeleriniň kämilleşmesi bolup geçýär. Netijede, maglumat önümiň täze görnüşleri emele gelýär we olar hem I tapgyrdan başlap ösüş tapgyrlaryny geçýärler.

Interaktiw hyzmatyň ösüş tapgyrlarynyň dürli bolmagy, olaryň bazardaky hereketiniň birnäçe usulynyň emele gelmegine getirýär:

❒ *«tanyşma» (missionary) marketingi.* Ol ösüşiň irki döwürlerinde, haçanda ulanyjylara maglumat önüm bilen tanyşdyrmagyň tehnologiýasynyň esasy aýratynlyklaryny düşündirmekde ulanylýar;
❒ *«tejribelik» (applications) marketingi.* Ol maglumatlar bazasyna kybapdaşlar bar bolanda ulanyjylary belli maglumatlar bankynyň düzümindäki maglumatlar bazasy bilen işlemegiň usullary bilen tanyşdyrmakda ulanylýar;

- *«deňeşdirme» (benefit and comparison among databases) marketing.* Öňki marketingiň kämil görnüşi bolup, ol ulanyja diňe maglumatlar bazasy bilen işlemek däl-de, eýsem onuň maglumat islegine we maliýe ýagdaýyna gabat gelýänini tapmak gerek bolanda ulanylýar.

Marketingiň ýokarda sanalan görnüşleri geçirilende, onuň satuw wagtynyň dowamlylygyny göz öňünde tutmaly. Şunuň bilen baglylykda önümiň *ilkinji* we *ikilenç satuwy* düşünjesi girizilendir.

*Ilkinji satuw* ulanyjy bilen şertnama baglaşmagy aňladýar. Bellige almaga we öňünden ýazylmaga alynýan tölegleri göz öňünde tutmasaň, ilkinji satuwda, adatça, girdeji ýokdur.

*Ikilenç satuw* ulanyjy tarapyndan gönüden-göni maglumatlar bankyndan maglumat almagyny aňladýar. Onda tölegleriň esasy akymy döreýär. Maglumatlar bankyň peýdasyna düşünip ýazylyş möhletiniň uzaldylmagy hem ikilenç satuwa degişlidir.

Ilkinji satuwdaky interaktiw hyzmatlar, esasan, ulanyjynyň degişli edara-guramasynyň ýolbaşçylaryna, olary gyzyklandyrýan maglumatlar bazasy bilen bellibir bankyň strategiki artykmaçlygyny düşündirip, olaryň şertnama baglaşmagyny gazanmakdyr.

Ikilenç satuw döwründe esasy orun mahabat- propaganda işine berilip, ol, esasan, maglumatlar banky bilen işleýän işgärlere onuň artykmaçlygyny düşündirip ýa-da interaktiw hyzmat döwründe göz ýetirdip, olary uzak wagtlaýyn müşderilere öwürmäge ymtylmakdan ybaratdyr. Öz ýolbaşçylaryndan tapawutlylykda maglumatlar banky bilen işleýän ulanyjylary şertnamanyň maliýe tarapy az ynjalyksyzlandyrýar. Olar, esasan, hyzmatlaryň hiline, ýagny maglumatyň çalt gözlegine, onuň berliş usulyna, maglumatlar bazanyň wagtyň talabyna laýyklygyna, maglumatlar bankyň çalt işleýşine, interfeýsiň kämilligine we amatlylygyna üns berýärler. Eger ilkinji satuw ikilenç satuwyň köpelmegine getirmese, onda maglumatlar bankyň eýesi ulanyjylaryň närazylyk ýa-da başga talabyna garaşman, özi öz önüminiň pes tarapyny, islegiň pesliginiň sebäbini anyklamak üçin ulanyjy bilen habarlaşmaly. Eger şeýle ýagdaýlar anyklanylsa, ony aradan aýyrmagyň, maglumatlar bankyny kämilleşdirmegiň ýollaryny gözlemeli. Olar ýerine ýetirilenden soň, düşündiriş işleri geçirilmeli.

# 6. GÖNI WE INTERAKTIW MARKETING

## 6.1. Göni marketingiň ösüşi, artykmaçlyklary we görnüşleri

*Göni marketing* – bu ulanyjydan haýsam bolsa bellibir maksada niýetlenilip, onuň bilen dürli kommunikasiýa serişdeleriniň üsti bilen ýüzbe-ýüz (ýa-da gönüden-göni) aragatnaşykda bolmakdyr.

Irki döwürlerde söwda şonuň ýaly hem bolupdyr. Satyjy öz alyjysy bilen ýüzbe-ýüz söwda edipdir. Onuň bilen tanyş bolupdyr, onuň islegini öwrenipdir. Ýöne senagatyň, umuman, önümçiligiň ösmegi öndürijiniň satuw işinden daşlaşmagyna, onuň öz müşderileri bilen başga serişdeleriň, usullaryň (mahabat, söwda merkezleri, lomaý söwda edaralary) üsti bilen işlemegine getirdi. Bir söz bilen aýdylanda, marketing köpçülikleýin äheňe eýe boldy. Kompaniýalar hemme ulanyjylara birmeňzeş garaýyş bilen ýüzlenip, olar bilen birtaraplaýyn aragatnaşykda boldular.

Telekommunikasiýa serişdeleriniň köpelmegi we ösmegi (Internetiň emele gelmegi) bäsleşigiň artmagy kompaniýalara alyjylar bilen has içgin işlemäge itergi berýär. Indi uly alada bilen saýlanyp alnan iň gysga segmentdäki alyjylar bilen hem aýratyn usulda çemeleşilýär, olaryň zeruryýeti öwrenilip, oňa degişli önüm wagtynda hödür edilýär. Bu göni marketingiň görnüşidir.

Göni marketingiň artykmaçlygyny we döwrebaplygyny *DELL COMPUTER* korporasiýasynyň mysalynda düşündirilip bilner.

1984-nji ýylda 19 ýaşly talyp Dell Michael umumy ýaşaýyş jaýdaky otagynda personal kompýuteri satmak boýunça dükan gurady. Ol öz alyjylaryny gözläp tapyp, olaryň poçta talaby boýunça maglumatlar bazasyny döredip, az wagtyň içinde müşderlerine gerek harydy ýerlemek bilen meşgullandy. 10 ýylyň içinde 8 mlrd $ bahasy bolan kompaniýany döretdi. Häzir bu kompaniýa telefon ýa-da WEB-sahypa boýunça alyjylar bilen göni aragatnaşykda bolmagyň ulgamyny döretdi. Alyjylaryň islegi boýunça düzülen kompýuter oňa göni we tizden-tiz ýetirilýär.

Häzir, göni marketing boýunça işleýän kompaniýalar öz müşderileri hakda maglumatlar bazasyny döredýärler. Olar şol maglumatlar bazasy boýunça ýörite saýlanan ulanyjylara öz täzelikleri hakda habar berip durýarlar ýa-da ýöne baýramçylyk gutlaglaryny iberýärler. Şeýlelikde, göni marketing göni gatnaşyklaryň marketingine öwrülip barýar. Ol marketing has maksada okgunlylygyny görkezip, marketingiň esasy we has çalt ösýän görnüşine öwrülýär.

## Göni marketingiň artykmaçlyklary

Göni marketing köp tarapdan alyjylar üçin oňaýly. Olar öz öýlerinde özlerine gerek harydy öz isleýän pes bahasyndan almaga mümkinçilik alýarlar.

Alyjylar alnan poçta kataloglarynyň, WEB-sahypalarynyň we interaktiw hyzmatlaryň kömegi bilen harytlary deňeşdirýär we saýlanan harytlara isleg talapnamany iberýärler.

Göni marketing marketologlara hem amatly. Olar ulanyjylaryň salgylaryny, rekwizitlerini özünde saklaýan MB-ni edinip, şonuň üsti bilen öz tekliplerini täzeden barlap, degişli müşderilere görä düzedýärler. Olar öz müşderileri bilen uzak wagtlyk aragatnaşykda bolup bilerler. Olaryň islegi göz öňünde tutulan teklipleri aragatnaşyk serişdeleriniň kömegi bilen iberip durýarlar.

Göni marketingiň üsti bilen müşderä gerek wagtynda teklipler orta atylyp bilner. Ol teklipler prospektler hökmünde ýaýradylyp durulýar. Olar müşderilere gerek wagty ýetýär. Şonuň üçin göni marketingde mahabat işlerine-de giň ýol açylýar. Bulardan başga-da, göni marketingde teklipleriň diňe degişli ulanyjylara ýetmegini gazanyp, bäsdeşlerden gizlemäge mümkinçilik alynýar. Bularyň hemmesi göni marketingiň öndürijileri üçin hem amatlydygyny aňladýar.

## Göni marketingiň ösüşi

Göni marketingde çykdajylaryň diňe artýanlygyna garamazdan, ondaky görkezijileriň hemmesiniň ösüşi adaty marketingiňkä garanda has çaltdyr. Göni marketing diňe özünden ösüp, aýratyn görnüşe eýe bolan interaktiw marketingden asgyndyr.

Soňky döwürde, göni marketingiň ösüşi hakda söz açylanda, onuň ýokarda agzalan görnüşi bolan interaktiw marketingiň ösüşi göz

öňünde tutulýan wagty köp bolýar. Bu bolsa köp nukdaýnazardan dogrudyr. Sebäbi adaty usullary, ýollary, serişdeleri ulanyp, geçirilýän göni marketingiň geljegi interaktiw marketinge degişlidir.

Bütin dünýäni gurşap alan maglumat super magistralyň (Internetiň) mümkinçilikleri çäksiz artýar we olar täjirçilik ulgamynda hakyky öwrülişigiň boljakdygyny görkezýär. Internetiň mahabat ulgamynda esasy orny oýnamagynyň döwrüne kän wagt galanok. Häzir uly-kiçi kompaniýalaryň ählisi diýen ýaly Internetiň ýokary ygtybarly mümkinçilikleriniň geljekde marketingiň esasy serişdelerine öwrüljekdigini belleýärler. Onuň mümkinçilikleri hakynda gürrüňlerde «geljek» sözüni ulanmagyň özi nädogry bolup barýar. Onuň ägirt uly mümkinçilikleri hakda şu mysaly getirip bolar: adaty mahabat ýa-da önümçilik üçin wagtynda maýa goýmakda kynçylyklar çeken *YAHOO!* kompaniýasynyň 2-3 ýyl mundan ozal Internetiň ählumumy gurşaw mümkinçiligine bil baglandygyny aýdalyň. Onuň WEB-sahypalary boýunça özüniň gözleg ulgamyny döredendigini dünýä äşgär eden Stendford uniwersitetiniň iki sany talyby häzir 2,3 mlrd.$ bahalandyrylýan kompaniýanyň eýesi. Aňsat ýatda galýan ady bolan bu kompaniýanyň eýeleri döwrebap görnüşde gözleg ulgamyny döredip, ony arzan bahada teklip etdiler.

1997-nji ýylda Internetiň WEB-sahypalaryny ýa-da bölümlerini 100000 kompaniýa açyp, olaryň ýyllyk girdejileri 600 mln.$ bolan bolsa, bu sanlar ýylda 2,3 esse artýarlar.

Göni marketingiň ösüşiniň esasy sebäpleriniň biri – bu bazaryň elmydama «ownuk» segmentlere (böleklere) bölünip durýanlygydyr. Göni marketing satyjylara täze-täze emele gelýän ownuk segmentleri öwrenmäge we olar bilen iş salyşmaga mümkinçilik döredýär.

Göni marketingiň ösüşine itergi beren ikinji sebäp – ol täjirçilik mahabatyň adaty ýollarynyň, köp ilatly uly şäherlerde durmuşyň agyrlygy, ýol magistrallarynyň dykylyp, kynçylyklaryň elmydama döräp durmagy, olaryň göni marketingiň hyzmatlaryndan peýdalanmaga ýüz tutmaklaryna getirýär.

## Alyjylar hakda maglumatlar bazasy

Göni marketingiň üstünlikleri oňat düzülen alyjylar hakynda maglumatlar bazasyndan başlanýar. Bu aýry-aýry alyjylar hakynda

düzümi bolan maglumatlar bazasy bolup, (gowy guralan massiw) onda alyjylar hakda geografiýa, demografiýa, psihologiýa maglumatlary, alyjynyň alyjy hökmünde özüni alyp barşy we onuň rekwizitleri hakynda maglumatlar ýygnalandyr.

Alyjylar hakynda maglumatlar bazasy olar hakynda ýönekeý sanaw däldir. Onuň kömegi bilen kompaniýa gysga wagtyň dowamynda her hili nyşanlar boýunça alyjylaryň dürli sanawyny ýa-da aýry-aýry alyjylar üçin olaryň islegine görä harytlaryň görnüşini düzüp bilerler.

Alyjylar hakda maglumatlar bazasynyň köp ulanyldygyça, marketing üýtgär: dogrusy, köpçülikleýin marketing hem durar. Ýöne onuň pozisiýasy peseler.

## Göni marketingiň görnüşleri

Göni marketingiň görnüşleri bolup:

- hususy satuw;
- göni poçta boýunça ýaýratmak we iberme;
- kataloglar boýunça satuw;
- telefon marketingi;
- gaýragoýulmasyz seslenmäniň telemarketingi we interaktiw tertipde satyn alyş.

Hususy satuw göni marketingiň has häsiýetli, köne görnüşidir. Bu «gapydan - gapa çenli» satuwyň başlangyjy 100-lerçe ýyl mundan ozalky senagatda ulanylýardy. Bu ugurda, kähalatlarda, göni alyjylaryň öýünde haryt bilen tanyşma çäresini guraýarlar. Göni marketingiň bu görnüşini guramak üçin alyjylar hakynda maglumatlar bazasy giňden ulanylýar. Şol maglumatlaryň kömegi bilen kompaniýa öz alyjylary bilen:

- gowy gatnaşyklar guramaga alyjynyň «wepadarlygyny» berkitmäge çalyşýar;
- alyjynyň özüni alyp barşyndaky meýilleri kesgitlemäge;
- ýörite teklip ibermek, ýerlikli boljak alyjylary kesgitlemek;
- satyn alşy gaýtalamagy aktiwleşdirmäge çalyşmak ýaly çäreleri amala aşyrmaga çalyşýarlar.

Göni marketingiň bu görnüşi alyjylarda oňaýlylyk we üns ýaly mümkinçilikleri döredýär. Ýöne ahyrky netijäniň köp ahwalatlara baglydygy, bu görnüşiň geljegine şübhe döredýär.

Göni marketingiň ikinji görnüşi bolan göni poçta boýunça ýaýratmak ýörite ýaýratmaga degişli alyjylaryň sanawynyň döredilmegine bagly. Olary käbir ýörite kompaniyalar hem döredýärler. Şol kompaniýalar başga kompaniýalaryň belli talaplara jogap berýänleriniň sanawyny döredýärler we bu sanawlaryň dogrulygyna jogap berýärler. Şol sanaw boýunça poçtadan hat, mahabat materialy, harydyň görnüşi (nusgasy) we ş.m. iberilýär. Kähalatlarda öz önümleri hakynda wideokasseta, hatda lazer disk (meselem, *FORD*) iberýärler.

Ýaňy-ýakynlar hem poçta boýunça çap işleri iberilýärdi. Indi poçta boýunça ýaýratma, esasan, üç görnüş boýunça:

- faksimil poçta — ýagny faksimil apparatlaryň üsti bilen (telefon arkaly) ibermek;
- elektron poçta (*E-mail*) — kompýuterden kompýutere ibermek;
- ses poçtasy — awtojogap beriji telefondan şonuň ýaly telefona ýa-da salgy habary ibermek ýaly görnüşlerde amala aşyrylýar.

*Katalog boýunça marketing* – göni marketingiň üçünji görnüşi bolup, bu usulda haryt hakynda kataloglar esasy rol oýnaýarlar. Käbir kompaniyalar öz harytlarynyň kataloglaryny wagtly-wagtynda täzeläp ýörite alyjylara iberip, hat-da satýarlar. Katalog kiçijik broşýura, wideokasseta, floppidisk (disketa), flashdisk we ş.m. görnüşde bolup biler.

*Telemarketing* – bu göni marketingiň ýene bir görnüşi bolup, onda telefon satyjynyň öz harydyny ýerlemeginde gönüden-göni serişdedir. Onuň (telefonyň) kömegi bilen marketologlar satuw hakda ähli soraglara jogap tapyp, işi soňuna çenli amala aşyryp bilýärler. 1995-nji ýylda ABŞ-da oňa 54,1 mln. $ harç edip, 385 mlrd.$ gazanyldy.

*Seslenmäniň telewizion marketingi* – göni marketingiň bir görnüşi bolup, munda telewizor boýunça göýberilen mahabat göni, gaýragoýulmasyz seslenme eder ýaly, alyja mugt telefon etmäge we mugt isleg bildirmäge mümkinçilik berilýär. Onuň kömegi bilen kompaniýalar alyjylar bilen ikitaraplaýyn aragatnaşykda bolup, olary öwrenmäge hem mümkinçilik alýarlar. Gaýragoýulmasyz seslemäniň telewizion marketingi hökmünde teledükanlary mysal getirip bolar. Olarda kompaniya öz harytlarynyň mahabatynyň maksatnamasyny berýär we gaýragoýulmasyz seslenmä mümkinçilik döredýär.

Göni marketingiň has döwrebap, çalt ösýän, has kämil, özbaşdak görnüşi *interaktiw marketingdir*.

## 6.2. Interaktiw marketing we elektron söwda

*Interaktiw marketing* – bu interaktiw kompýuter gulluklarynyň komegi bilen amala aşyrylýan, gyssagly tertipde ýerine ýetirilýän maglumat hyzmatlarynyň marketingidir.

Maglumat marketinginden tapawutlylykda, ol has umumy bolup, islendik haryt üçin, islendik wagt ýerine ýetirilip bilner.

Interaktiw marketing interaktiw kompýuter gulluklarynyň üsti bilen ýerine ýetirilýär. Olar maglumaty çalt bermek işini üpjün edýärler. Bu iş üçin iki dürli kanal: täjirçilik gyssagly maglumat gullugy we Internet ulanylýar.

Täjirçilik gyssagly-maglumat gullugyny amala aşyrýan kompaniýalar öz serişdeleriniň üsti bilen aýlyk töleglere müşderleriniň islegi boýunça dürli marketing hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Olaryň torlary hem Internetiň hyzmatlaryndan peýdalanýarlar. Ýöne Internete garanda has ygtybarly.

Bulardan başga-da, olar dürli bank operasiýalaryny, dürli durmuş hyzmatlaryny ýerine ýetirip bilýärler.

90-njy ýyllaryň ortalaryndan başlap, täjirçilik gyssagly-maglumat hyzmatlar Internet tarapyndan ýiti bäsdeşligi duýup başladylar.

Häzir Internetiň interaktiw marketingiň serişdesi hökmünde ulanylyşy başlangyç döwrüni başdan geçirýänem bolsa, onuň ösüşi sil akymyny ýada salýar. Internetiň müşderleriniň sany her gün 12 müňdeň artýar.

Internertiň giňden ulanylyp başlamagy *WWW* ulgamynyň döremegi bilen baglanyşyklydyr. *WWW (WORLD WIDE WEB)* — Internetiň, bellibir kompýuter diliň kömegi bilen, tor boýunça özünde ýazgy, surat, ses we wideo ýazgy saklaýan resminama iberip alar ýaly mümkinçilik döredýän bölegidir. Onuň ösmegi bolsa, oňa goşulmagy aňsatlaşdyran nusgalyk derejeli programma üpjünçiliginiň, ýagny WEB-brauzerleriň emele gelmegi bilen baglydyr. Olara mysal edip, *NETSCAPE NAVIGATOR, MICROSOFT INTERNET EXPLORER* we *MOSAIC* programmalaryny getirmek bolar. Dünýä ýüzünde WEB-ulanyjylaryň sany her hepdede 400-e golaý artýar. Häzir Internet eýýamynda elektron söwdanyň döwri başlandy.

Elektron söwda – elektron tehnologiýanyň kömegi bilen amala aşyrylýan islendik söwdanyň umumy adydyr. Elektron söwdasynyň

manysy zerur bolan harytlary Internet arkaly alyp satmakdyr, ol daşary ýurtlarda *e-commerce* diýlip atlandyrylýar.

Elektron söwdasynyň görnüşleri dürli-dürlüdir (harytlar, hyzmat, gozgalmaýan emläk, bank önümleri we ş.m.).

Häzirki wagtda elektron söwdasynyň esasy ugurlary – azyk harytlary, senagat harytlary we habar beriş önümleri bilen bagly bolup durýar. Elektron söwdasynyň esasy alamatynyň biri-de adamlaryň isleg bildirýän önümlerini seçip-saýlap almakda wagtyny tygşytlaýanlygydyr. Satyjy özüniň öndüren önümini bir wagtyň özünde müňlerçe adama hödürläp bilýär.

Elektron söwdasy 1970-nji ýylda ABŞ-da kompýuterleriň arasynda maglumat alyş-çalşygy *EDI* (elektron maglumat çalşygy) we banklaryň arasyndaky elektron pul birlik geçirimleriniň EFT (elektron pul çalşygy) ulgamlarynyň gurnalan wagtyndan gözbaş alyp gaýdýar.

Internet ulgamynyň ösmegi elektron söwdasynyň giňden ýaýbaňlanmagyna güýçli itergi berdi. Şahsy eýeçilikdäki kärhanalaryň, kiçi we orta telekeçiligiň arasynda söwda şertnamalaryny göni (Online) aragatnaşygynda baglaşmaga we önümi ýerlemäge oňyn mümkinçilikler peýda bolýar.

Göni aragatnaşyk bankomatlar arkaly amala aşyrylýan hasaplaşyk işlerini gönüden-göni bank bilen ýakyn arabaglanyşykda, üznüksiz maglumat gatnaşygynda alyp barmaga ýol açdy. Internetiň we elektron söwdasynyň ýene-de bir aýratynlygy söwda şertnamalarynyň baglaşylmagynyň çykdajylaryny tygşytlamaga ýagdaý döredýänligidir, şol sebäpli kärhanalar öz maglumatlaryny elektron görnüşe geçirmegi we ýerine ýetirmegi ileri tutulýan ugur hasaplaýarlar

Häzirki wagtda elektron söwdasynyň güýçli depginde ösmegi bilen wirtual söwda nokatlary, kärhanalary we guramalary döredilýär. Olaryň arasynda harytlary bäsdeşlik esasynda hödürlemek we satmak mümkinçilikleri has giň gerime eýe boldy. Mysal üçin, häzirki wagtda uly meşhurlyga eýe bolan «Amazon» kitap söwda şereketi özüniň söwda nokatlaryny asla döretmezden uly möçberde söwda işlerini ýerine ýetirýär, ýagny satyn alyjy bilen kitaby öndürijiniň arasyndaky söwda-satuw gatnaşyklaryny hem ylalaşyklaryny baglaşmaga ýardam edýär.

Elektron söwdasynyň esasy aýratynlyklarynyň ýene-de biri – önümiň we harydyň Internet ulgamynyň üsti bilen netijeli mahabat edip, mydama hereketde bolmaga amatly ýagdaýy döredýänligidir.

## Wirtual dükanlarda söwda etmek

*Wirtual dükany* – bu Internetde web-serweriň üsti bilen öz wekilligiňi açmak, müşderilere öz harytlaryňy we hyzmatlaryňy hödürlemek bolup durýar. Gysgaça aýdylanda, wirtual dükanlar – bu bileleşikleriň, şereketleriň, önümçilik birleşikleriniň çykdajysyz, hiç hili söwda nokatlaryny açmazdan Internetde eleýeter we ýeňillik bilen öz wekilligini bir ýerde açyp, bütin dünýä hödürlemek we öz aralarynda aragatnaşyk saklamak mümkinçiligidir.

Elektron söwdasynda ýerine ýetirilýän adaty işleriň häsiýetnamasy 4-nji tablisada görkezilýär.

*4-nji tablisa*

**Elektron söwdada ýerine ýetirilýän işleriň häsiýetnamasy**

| Adaty dükan | Wirtual dükan |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Müşderiniň söwda zalynda aýlanmagy we tekçelerdäki harytlary gözden geçirmegi | Müşderiniň serwerde harytlary gözden geçirmegi |
| Müşderiniň satyjy bilen ýüzbe-ýüz bolup gürleşmegi we gerekli maslahatlary almagy, harydy saýlamagy we sargamagy | Satyjy bilen telefon ýa-da maglumatlar tory arkaly maslahatlaşmagy |
| Satyjynyň müşderä sargyt edilen harydynyň hasap çekini bermegi | Müşderiniň harydy saýlap almagy |
| | Harydy serweriň üsti bilen sargyt etmek |
| | Satyjynyň sargyt eden harydy üçin elektron töleg çekini Internetiň üsti bilen müşderä ugratmagy |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Müşderiniň alnan haryt üçin nagt ýa-da karz kartynyň üsti bilen hasaplaşyk geçirmegi | Müşderi tarapyndan karz kartynyň ähli görnüşleriniň (bank karty, elektron puly) üsti bilen tölegi geçirmegi |

Söwdanyň elektron görnüşine gecilmegi adamlaryň söwda etmeginde ýenillikleri döredýär. Internete giren islendik adam özüne gerek bolan harydy saýlap, dessine özara hasaplaşyklary geçirip biler. Mahabat bannerlerine, mahabat suratlaryna we maglumatlaryna seretmek hem-de wirtual dükanlaryna girmek üçin müşderä özüne gerekli sahypalary açmak ýeterlik bolýar. Adatça, wirtual dükanlarynyň satyjylary harytlaryň görnüşleriniň köplügini nazara alyp, mahabatyň sahypa sanyny artdyrýarlar hem-de olarda harytlar baradaky maglumatlary katalog görnüşinde ýerleşdirýärler. Munuň özi müşderä harytlar barada doly maglumat almaga, olaryň dürli bahalaryny deňeşdirmäge, satyjydan gerekli maslahatlary soramaga mümkinçilik berýär. Ýene-de bir belläp geçmeli zadymyz, ol hem söwdanyň bu görnüşi müşderiniň öýünde oturan ýerinde, hiç ýere çykmazdan we çykdajy etmezden, islendik harydy satyn almaga, maslahatlaşmaga, satyja bolsa dükandan çykmazdan oturan ýerinde öz harytlaryny mahabat etmäge we ýerlemäge giň mümkinçilik döredýänligidir.

Müşderi gerekli harydy saýlanyndan soň, salgylanmalaryň üsti bilen sargyt sahypasyna geçýär. Sargyt we saýlanan haryt baradaky doly maglumatlar elektron poçtasynyň üsti bilen dükanyň ýolbaşçysyna ugradylýar. Haryt ýolbaşçy tarapyndan tassyklanandan soň, sargyt haty ýene-de satyja ugradylýar. Şol bir wagtyň özünde ýörite maglumat ulgamynyň üsti bilen müşderiniň karzy tölemeklik ukyby barlanylýar. Soňra satyjy sargyt hatyny alýar hem-de hasap çekini çykaryp, sargyt edilen harydy ammarda ätiýaçlykda saklaýar. Müşderi hasap çekini töläninden soň, haryt müşderiniň öýüne eltilýär.

Elektron söwdasy ulgamynyň dogry we üznüksiz işlemegi üçin onuň degişli infrastrukturasy döredilýär. Ol birnäçe operasion toplumlardan ybarat:

1. Önümçilik infrastrukturasy;
2. Ýerini üýtgetmek, göçürmek infrastrukturasy;
3. Önümi ýerleşdirmek infrastrukturasy;
4. Hyzmat infrastrukturasy.

Elektron söwdasynyň önümçilik infrastrukturasyna önümi, ýagny harytlary öndürmek üçin zerur bolan hyzmatlar, maglumatlar ulgamy, multimediýa we maglumat önümleri hem-de hyzmatlary degişlidir.

Ýerini üýtgetmek, göçürmek infrastrukturasynyň düzümine Internet, kabel teleýaýlymlary, telefon ulgamy, firmalaryň arasyndaky resminamalar we programmalar, özara alyş-çalşygy üpjün edýän goragly torlar degişlidir.

Önümi ýerleşdirmek infrastrukturasyna satyn alnan harydy ýa-da edilýän hyzmatlary müşderä ýetirmek işleri degişlidir. Bu hyzmatlara elektron poçtasy, web-serwerler, dürli görnüşdäki kataloglar degişlidir.

Hyzmat etmek infrastrukturasy haryt satyn alnandan soňky hasaplaşyk (bank kartlary, elektron pullary), gorag çärelerini, elektron poçtany, web-serwerleri, dürli görnüşdäki kataloglary we haryt satylandan soňky hyzmatlary öz içine alýar. Wirtual dükanynyň amatly mümkinçilikleriniň biri-de harytlaryň we hyzmatlaryň müşderilere arzan bahadan we nobata durmazdan ýetirilmegi bolup durýar. Munuň üçin müşderi bary-ýogy satyjynyň dükany tarapyndan özüne ugradylýan maglumatnamany doldurýar hem-de şol maglumatnamanyň üsti bilen we haýsy önüm has köp möçberde geçýänligi, haýsy önümlere has köp islegiň bildirilýändigini bileninden soň, özüne gerekli we bahasy amatly harydy sargyt edip bilýär.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz tagallalary bilen biziň Internet ulgamyndan giňden peýdalanmaga bolan mümkinçiliklerimiz barha artýar. Internet ulgamy ýurdumyzyň hemme künjeklerinde elýeter edilýär. Hatda gündelik ulanýan ykjam (mobil) telefonlarymyzda hem 3G Internet aragatnaşyk mümkinçilikleri bolup, munuň özi telefon aragatnaşygynyň üsti bilen söwda işlerini geçirmäge ýa-da Internet dükanyna gelen täze harytlary görmäge mümkinçilik berýär.

Halkara söwda bileleşigi dünýäde Internet arkaly ýerine ýetirilýän söwda we hasaplaşyk işleri üçin gümrük salgytlaryny goýmazlyk baradaky ylalaşygy biragyzdan goldady. Bütindünýä maglumatlar ulgamynyň kömegi bilen ýerine ýetirilýän söwda işleriniň ählisi, aragatnaşyk ulgamynyň hyzmatlarynda bolşy ýaly, elektron görnüşinde ýerine ýetirilýär.

Müşderi elektron ulgamynda özüniň işleýän bankynyň rekwizitlerini we söwdanyň görnüşlerini görkezmek bilen, öz sargyt eden harydyny tiz we özüne amatly bahadan alyp bilýär. Şol bir wagtyň özünde harydyň eltip berleni üçin adaty aragatnaşyk hyzmatlary üçin göz öňünde tutulan tölegleri tölemeli bolýar, munuň özi bolsa hemmeler üçinem diýseň amatlydyr.

## Internetde satyn alnanlaryň tölegi

Häzirki döwürde abraýly söwda edaralarynyň hiç biri hem öz işini önümleriň assortimenti we bahalar baradaky jikme-jik maglumatlary Internet-sahypalarda bermezden ýöretmeýär. Internet-söwdanyň ägirt uly artykmaçlygy – onuň adaty dükanlardan we salonlardan tapawutlylykda harytlary hem ýakyndaky, hem alysdaky daşary ýurtlardan satyn almak mümkinçiligidir, bu bolsa az ähmiýetli däldir.




**Elektron «alyjy».** Umuman, Internetiň hyzmatlaryndan peýdalanýan adamlar ýeterlik bilimli, dumuşda material taýdan üpjün adamlar. Ýöne Internete adam köp çekildigiçe, onuň demo-

grafik düzümi dünýa ýüzüniň adamlarynyň demografik düzümine ýakynlaşýar.

Internetiň ulanyjylary gitdigiçe onuň üsti bilen söwdany köp ýerine ýetirýärler. Ýöne adaty marketingiň müşderileriniň işjeňligi Internet ulgamyna garanyňda has pesdir. Elektron söwdada-da, interaktiw marketingde-de, esasy aragatnaşygy sazlaýjy we alyp baryjy satyjy däl-de müşderidir. Internetiň *ÝAHOO!*, Google we Yandex ýaly gözleg serwerleri öz ägirt uly maglumatlar bazalary bilen öz ulanyjylaryna dürli maglumat çeşmelerine birleşmäge kömek berýärler. Bu bolsa ulanyjylaryň has habarly, düşünjeli alyjy bolmaklaryna getirýär. Mundan başga-da, Internetiň ulanyjylarynyň köpüsiniň özleri haýsam bolsa bir hyzmatyň ýa-da harydyň aýratynlyklary hakynda maglumatlary düzüjiler bolup hyzmat edýärler. Bu bolsa degişli harytlaryň, hyzmatlaryň geçginliligine uly täsir edýär. Şeýlelikde, elektron söwdanyň özi özüne täze marketing çemeleşmäni talap edýändigini görkezýär.

## Interaktiw marketingiň aýratynlyklary

Internetiň marketinginde giňden peýdalanylmagynyň sebäbi, onuň ulanyjylary, haryt öndürijileri üçin hem artykmaçlyklarynyň giňelýändigi sebäplidir.

Internet boýunça edilýän söwdanyň göni marketingiň beýleki görnüşlerindäki ýaly artykmaçlyklary bar. Alyjylara ol hemmetaraplaýyn amatlydyr. Internetiň we täjirçilik gyssagly maglumat gulluklaryň kömegi bilen alyjylar dürli deňeşdirme maglumatlaryna eýe bolýarlar. Bulardan başga-da, elektron söwda işjeň tertipde çalt ýerine ýetirilýär. Alyjylar öz öýünden çykman özüne gerek häsiýetdäki haryt hakynda satyjy bilen onuň WEB-sahypasy boýunça «gürleşip» bilýärler.

Interaktiw marketingiň öndürijiler üçin has köp artykmaçlyklary bar. Onuň tebigaty boýunça interaktiw hyzmat bolmagy, alyjy bilen satyjynyň arasynda ynamly gatnaşygy turuwbaşdan guramaga uly mümkinçilik berýär, ýagny olaryň arasyny ýakynlaşdyrýar. Bolup geçýän aragatnaşyk wagtynda kompaniýa müşderini doly öwrenmäge mümkinçilik alýar, ol hakda öz maglumatlar bazasynyň üstüni doldurýar. Öz gezeginde, «elektron» alyjy hem özüni gyzyklandyrýan

6. Sargyt № 3139

soraglara dogry jogap alyp bilýär. Şol ýagdaý kompaniýa alyjyny öz harydynyň we hyzmatynyň ulanyjylyk hilini artdyryp, kanagatlandyrmaga mümkinçilik alýar. Başgaça aýdylanda, EASTMAN KODAK firmasynyň ýerine ýetiriji direktory J.Fişeriň belleýşi ýaly, elektron söwda bize diňe öýden-öýe öz harytlary bilen «gezme» söwda işgärleriniň döwründäki gazanyp bolýan mümkinçilikler ýaly mümkinçilikleri döretmäge ýagdaý döretdi.

Interaktiw marketing nyrhy peseldip, söwdanyň peýdalylygyny artdyrdy. Satyjylarda dükan saklamak ýaly kynçylyklary ýok. Ol olar üçin ähli jähtden amatlydyr. Meselem, telemahabat pul harç edenden, Web-sahypada öz hususy mahabatyňy döredeniň arzan. Interaktiw marketing beýlekilere garanda has ýokary çeýeligi döretmäge, ýagny alyja elmydama öz düzedişlerini girizmäge mümkinçilik berýär. Bu harydyň bäsleşige hötde geliş ukybyny artdyrýar.

Iň esasy zat, Internet hakykatda iň uly bazar meýdançasy bolup, ol «meýdançada» alyja we satyja biri-birini sekuntlaryň ülşünde tapyp bilýärler. Hatda, «iň ownuk elektron täjirine-de» bu ägirt bazarda orun bar.

*Interaktiw marketingiň ýollary.* Satyjylar interaktiw marketing bilen dört usul boýunça iş salşyp bilerler:

- elektron dükan döredip;
- Internetde mahabat ýerleşdirip;
- Internet – forumlara, täzelikler toparyna, telekonferensiýalara gatnaşyp;
- elektron poçtadan we WEB-habar berişden peýdalanyp.

• *Elektron dükany döredýän* kompaniýanyň iki ýoly bar: haýsam bolsa bir gyssagly-maglumat hyzmatyň *(GMH)* «ýerinden» peýdalanmaly ýa-da öz hususy Web-sahypasyny döretmeli.

Birinji ýagdaýda kompaniýa ýa-da *GMH*-iň kompýuterinde disk ýadyna ýa-da onuň «söwda hatarlarynda» bellibir ýeri kärendesine alýar. *GMH*-öz gezeginde, öz müşderilerini bu şertnama bilen habarly edýär. Şol hyzmaty üçin *GMH* kompaniýadan bellibir ýyllyk töleg we onuň elektron söwdasynyň bellibir ülşüni alýar.

Haýsam bolsa bir *GMH*-den ýeri kärende almakdan başga-da, müňlerçe kompaniýalar öz WEB-sahypalaryny döredýärler. Esasy köp ýaýran WEB-sahypa korporatiw WEB-sahypadyr.

*Korporatiw WEB-sahypa* – bu WEB-de, kompaniya hakda ulanyjyny gyzyklandyraýjak ähli maglumatlary özünde saklaýan, olaryň gözüniň öňünde kompaniya hakda abraý getirip biljek mümkinçilikler döredilen sahypadyr. Ol haryt satuwyna ýöriteleşdirilmedik, diňe ulanyjylar bilen interaktiw aragatnaşykda bolmaga niýetlenen. Bu sahypalardan daşlaşmanka, ulanyjy öz isleg-arzuwlaryny elektron poçta boýunça iberip bilýär. Käbir kompaniýalar marketing WEB-sahypalary döredýärler.

*Marketing WEB-sahypa* – bu kompaniýa tarapyndan beýlekiler bilen has ýakyn aragatnaşykda bolup, harydyň söwdasyna itergi bermek maksady bilen döredilýän Web-sahypadyr. Munuň ýaly sahypalara haryt kataloglaryny, alyjylara maslahatlary we olarda isleg döreder ýaly, söwdalaşanda nyrhy aşaklatmak ýaly mümkinçilikler hakda maglumatlar ýerleşdirilýär.

Kompaniýalar öz marketing WEB-sahypalary hakda radioda, telewideniýede mahabat ýerleşdirýärler.

WEB-sahypalary döretmek işiň ýarysydyr. Ony işlemäge ugrukdyrmak gerekdir. Onuň üçin WEB-sahypalara bir gezek ýüzlenen adamlaryň, oňa elmydama ýüzlenmegini gazanmak gerek. Kompaniýa onuň üçin WEB-sahypanyň mazmunyny täzeläp durmaly.

Interaktiw marketingiň ikinji bir ýoly *Internetde mahabat ýerleşdirmekdir.* Munuň üçin täjirçilik gyssagly maglumat gullugyň (*TGMH*-niň) ýörite bölümleri ulanylýar. Mahabat üç usul bilen ýerleşdirilip bilner. *Birinjiden*, ýokarky görkezilen ýörite bölümlerde bildirişler ýerleşdirilýär. *Ikinjiden*, mahabat bildirişleri Internet täzelikleriniň toparlarynyň birinde ýerleşdirilip bilner. *Üçünjiden*, kompaniýa öz mahabatyny *TGMH*-niň maglumatlaryň seredilýän döwründe kompýuteriň ekranynda emele geler ýaly edip, töleg töläp ýerleşdirip biler (meselem, «ylgaýan» setir görnüşde). Internetdäki mahabatlaryň ygtybarlygyny artdyrmagyň ugrunda *TGMH*-ler ähli mümkinçiliklerden peýdalanýarlar.

Kompaniya öz işinde Internet-forumlarda, täzelikler toplumlarynda, elektron bildiriş tagtalarynda çykyş edip, gatnaşyp biler. Forumlar diskussiýa klublary görnüşinde bolup, «gürleşmek üçin otagy» ýada salýar. Köp forumlarda bellibir «gyzyklanmalar» boýunça söhbetdeşlik guralýar we şol tema boýunça kitaphanalar döredilýär.

Täzelikler topary hem forumlaryň Internet görnüşidir. Täjirçilik forumlardan tapawutlylykda, olara gatnaşyjylar bellibir temalar boýunça habar iberýän we alýan adamlardyr. Forumlardan tapawutlylykda kitaphanalar, konferensiýalar guralanok, beýleki habarlar klawiaturadan girizilip, diskussiýa günüň dowamynda bolup geçmegi mümkin.

*Elektron bildirişleriň tagtasy* – bu öz işini belli tema ýa-da topara bagyşlan gyssagly-maglumat gullugydyr. Haryt öndürijiler öz harydy hakda ulanyjylaryň elektron poçtanyň üsti bilen ýüzlenmegini hem gazanyp bilerler. Kompaniýa poçta boýunça ýaýratmaly sanawlary düzýärler. Şol sanawlar boýunça kompaniýa dürli maglumatlary özünde jemleýän maglumat býulletenleri iberýär.

Kompaniýa şeýle-de, Web-habar ýaýradyş gullugyň müşderisi bolup, onuň kömegi bilen öz maglumat býulletenini ýaýradyp biler.

# 7. MARKETING MAKSATNAMASYNYŇ ÝERINE ÝETIRILIŞINIŇ BARLAGY

## 7.1. Marketing barlagynyň esasy görnüşleriniň häsiýetnamalary. Maglumatlar bankynyň ulanylyşynyň barlagy

Marketing maksatnamasyny ýerine ýetirmekde her-hili, öňünden bilip bolmajak wakalaryň bolmagynyň mümkindigi we olaryň önümçilige täsir edýändigi sebäpli, marketing bölümi marketing çärelerini hemişe marketing barlagynda saklamaly.

*Marketingi barlamak* – bu marketing çäreleriniň (maksatnama, meýilnama we strategik çäreler) ýerine ýetirilişine mukdar taýdan kesgitleme berip, hil tarapyna baha berýän we öňde goýlan maksady amala aşyrmak üçin degişli düzedişleri girizmegiň işidir. Ol, umuman, dört tapgyrdan ybaratdyr:

- takyk marketing meselelerini teswirlemek;
- işiň netijeleriniň barlagy, ölçegi;
- işiň netijeleriniň derňewi;
- düzediş girizme hereketleri.

Tapgyrlaryň ilkinjisinde edaranyň ýolbaşçylary takyk marketing meselelerini orta atýar. Soňra ol meseleleriň bazarda ýerine ýetirilişiniň mukdar taýdan ölçegleri geçirilýär. Eger gyşarmalar bar bolsa, onda olaryň sebäpleri derňew edilýär. Iň soňunda, ýolbaşçylar goýlan maksatlardan gyşarmalary düzetmegiň ýollaryny kesgitleýärler we ony ýerine ýetirýärler. Kähalatlarda ilki öňde goýlan maksatnama täze düzedişleri hem girizmeli bolýar.

Marketingi barlamak üçin kähalatlarda gaýragoýulmasyz barlaglar geçirilýär.

Gaýragoýulmasyz barlagyň maksady – edaranyň ýyllyk meýilnamasynda öňde goýlan görkezijileriň, girdejiniň derejesi, satuwyň derejesi we başga maksatlara ýetilişine gözegçilik etmekdir. Onuň üsti bilen käbir harydyň satuw bazary, gurşaýan çäkleri, girdejililigi hem kesgitlenilýär. Kähalatlarda strategik barlaglar geçirilýär. Ol edaranyň esasy strategiýasynyň, onuň mümkinçilklerine gabat gelşine gözegçilik etmekdir. Edaranyň strategiýasy elmydama üýtgäp durýar.

Şonuň üçin strategik barlaglar birsyhly geçirilip durmalydyr. Şeýle barlaglaryň mümkinçilikleriniň biri audit barlagydyr.

Eger gürrüň maglumat önüm we interaktiw hyzmatyň bazary hakynda barýan bolsa, onda marketing maksatnamasynyň barlagy bu hyzmatlaryň aýratynlyklaryna görä üýtgeýär. Adaty harydyňkydan aýratynlykda, maglumatlar bankynyň hakyky hili, ol ulanyp başlanylanda interaktiw hyzmatyň hiline baglylykda üýtgeýär.

Maglumat önümiň we interaktiw hyzmatyň marketing maksatnamasynyň barlagynyň esasy görnüşleriniň gysgaça häsiýetnamasy 5-nji tablisada berlendir.

*5-nji tablisa*

**Maglumatlar bankyny ulanmagyň barlagy**

| **Barlagyň görnüşi** | **Barlagyň maksady** | **Barlagyň usuly** |
|---|---|---|
| *Maglumatlar bankynyň ulanylyşynyň barlagy* | *MÖ we MH hakyky islegi öwrenmek* | *Maglumatlar bankynyň ulanylyşyny derňemek* |
| *Girdejiliginiň barlagy* | *Maglumatlar bankynyň netijeliligini kesgitlemek* | *Maglumatlar bankynyň täjirçilik ulanylyşynyň netijeliligini derňemek* |
| *Strategiki barlag* | *Marketing maksatnamasyny gowulandyrmak* | *Marketingi derňemek* |

Maglumatlar bankynyň ulanylyşynyň barlagy, ony täjirçilik nukdaýnazarda ulanylanda interaktiw hyzmata we maglumat önüme hakyky islegi öwrenmek üçin geçirilýär. Onuň maglumat üpjünçiligine ulanylyşyň statistiki maglumatlaryny ýygnamaga kömek edýär. Maglumatlar bankynyň täjirçilik maksatlarda ulanylyşynyň hasabatlyk maglumatlary ştatlaýyn enjamlar we ýörite döredilen maksatnamalar bilen ýygnalýar. Bu enjamlar her bir ulanyjynyň maglumatlar bankynyň mümkinçiliklerinden bar bolan bahalaryň düzümine laýyklykda ulanyşy hakda görkezijileri ýygnamaga mümkinçilik döretmelidir. Şol esasy görkezijiler bolup:

- ❒ her ulanyjynyň maglumatlar banky bilen işiniň wagty (aýry-aýry maglumatlar bazasy bilen işiň dowamlylygyny bölmek bilen);
- ❒ her bir ulanyjynyň alan maglumatlarynyň sany (maglumatlar bazalary boýunça we tertipler (reźimler) boýunça bölmek bilen).

Bulardan başga-da, maglumatlar bankynyň serişdeleriniň kömegi bilen ulanyjylar hakda şertli – hemişelik rekwizitleri özünde saklaýan pasportlary alyp barmak we saklamak alnyp barylýar. Rekwizitler bolup identifikatorlar, parollar, ulanyjynyň doly ady, poçta salgysy, şertnamanyň tertip sany we baglaşylan senesi we hasabat bermek üçin alamatlary hyzmat edýärler. Barlag işlerini geçirmek üçin ulanyjynyň pasportyna bazaryň segmentleşdirilmegine degişli rekwizitleri goşmak hem maksada laýykdyr. Şeýle rekwizit bolup ulanyjynyň görnüşi girip biler.

Meselem, 0 – döwlet guramasy, 1 – jemgyýetçilik guramasy, 2 – hususy gurama, 3 – paýdarlar jemgyýeti, 4 – hususy adam we ş.m. Ulanyjynyň başga hili toparlara bölünmegi hem mümkin.

Meselem, pudaga ýa-da ministrlige degişliligi, iş ýagdaýy boýunça – senagat, maliýe, ylym, bilim we ş.m.

Ýygnalan hasabatyň üstünde maglumatlar bankyny ulanmagyň aşakdaky maksatlara görä barlagy geçirilýär:

❒ islegiň anyklanmagy (bazaryň ünsi güýçlendirmeli segmentini kesgitlemek we mahabat işini güýçlendirmäge mätäçlik, pes islegli ulanyjylary anyklamak);
❒ çaklanylýan we hakyky islegiň görkezijileriniň arasyndaky degişliligi anyklamak;
❒ has öndürijilikli işleýän ulanyjylary kesgitlemek.

Maglumatlar bankynyň ulanylyşyny derňemek işi geçirilende aşakdaky toparlara ilkinjileriň hatarynda üns berilmelidir:

❒ döwür dowamynda (ýyl, çärýek, aý) ulanyjylaryň maglumatlar bankyna (maglumatlar bazasyna bölünen) birikmesiniň sagat sanyna görä toparlaryna;
❒ ulanyjylaryň belli döwür dowamynda (ýyl, çärýek, aý) maglumatlar bankyndan alan maglumat resminamalaryň (maglumatlar bazasyna, tertipler (reźimler) boýunça bölünen) sany boýunça toparlaryna;
❒ ulanyjylaryň belli döwür dowamynda (ýyl, çärýek, aý) aýry-aýry maglumatlar bazasyna birikmesiniň (tertiplere bölmek bilen) sagat sany boýunça toparlaryna;

- ulanyjylaryň maglumatlar banky bilen işiniň çaltlygy boýunça toparlaryna. Bu ululyk wagt birliginde alnan maglumat birliginiň ululygyna görä ölçenilýär;
- ulanyjylaryň ýurtlar boýunça bölünişine;
- ulanyjylaryň görnüşleri boýunça bölünişine;
- «tertipli» ulanyjylaryň bölünişine, ýagny maglumatlar banky bilen işe wagtynda töleýän ulanyjylaryň toparlaryna;
- «hemişelik» ulanyjylaryň bölünişine, ýagny maglumatlar banky bilen şertnamalarynyň dowamlylygy boýunça ulanyjylaryň bölünişine;
- maglumatlar bazasynyň olara birikmeleriniň sany boýunça bölünişine;
- maglumatlar bazasynyň olardan alnan maglumat birliginiň sany boýunça bölünişine (reźimler boýunça bölüp);
- maglumatlar bazasynyň ulanylyş çaltlygy boýunça bölünişine (tertipler boýunça bölüp) we ş.m.

### Maglumatlar bankynyň girdejililiginiň barlagy

Täjirçilik maglumatlar bankynyň girdejililiginiň barlagy, onuň ulanyşynyň ykdysady netijeleriniň derňewini geçirmekligi aňladyp, onuň asyl maksady ygtybarlygyny we peýdalylygyny anyklamakdyr.

### Maglumatlar bankyny täjirçilik maksatda ulanmagyň ykdysady netijeleri

Maglumatlar bankynyň täjirçilik maksatda ulanylyşynyň ykdysady netijeleri şulardan ybarat:

a) maglumat hyzmatdan alnan girdeji, şol sanda:

- esasy girdeji – esasy hyzmatlardan alnan girdeji (maglumatlar bazasyndaky maglumaty interaktiw tertipde täjirçilik maksatda ýaýratmak);
- goşmaça girdeji – goşmaça hyzmatlaryň, meselem, maglumatlar banky bilen işlemegiň okuwy, habar beriji maglumatlary bermegiň hasabyna alynýan girdejiler.

b) peýda: girdeji bilen çykarylan harajatyň tapawudy, şol sanda:

- esasy peýda – esasy hyzmatdan alnan peýda;
- goşmaça peýda – goşmaça hyzmatlardan alnan peýda.

Degişlilikde, maglumatlar bankyny döretmäge we ulanmaga edilen çykdajylar birwagtda we gerekli wagtynda edilýän:

a) esasy hyzmatlaryň maglumatlar bazasynyň we bankynyň döredilmegine edilen çykdajylar;

b) goşmaça hyzmatlara edilen çykdajylar.

Birwagtlaýyn we gerekli wagtynda edilen çykdajylary aşakdaky kesgitleme boýunça hasaplap bolar:

<çykarylan çykdajylar> = <birwagtlaýyn çykdajylar>**E+ <wag-tlaýyn çykdajylar>,

bu ýerde: E – getirme koeffisiýenti.

Şeýlelikde, täjirçilik maglumatlar bankynyň işlemekliginiň ykdysady netijeleri aşakdaky görnüşlerde aňladylýar.

*6-njy tablisa*

**Täjirçilik maglumatlar bankynyň işlemekliginiň ykdysady netijeleri**

| **Görkeziji** | **Hyzmatyň görnüşleri** | | |
|---|---|---|---|
| | **A (esasy)** | **B (goşmaça)** | **Maglumatlar bankynyň berýän ähli maglumat hyzmatlary** |
| *Girdeji* | *RA* | *RB* | *R = RA + RB* |
| *Çykdajy* | *CA* | *CB* | *C = CA + CB* |
| *Peýda* | *ПA=RA -CA* | *ПB=RB - CB* | *П=R-C=ПA+ПB* |

Interaktiw tertipde maglumaty täjirçilik maksatda ýaýratmagyň ykdysady netijelerini häsiýetlendirýän görkezijileri aşakdaky görnüşde hasaplap bolar:

*RA* = ra (1) + … + ra (Ndb),

*CA* = ca (1) + … + ra (Ndb),

*ПA* = na (1) + … + na (Ndb),

*Na (i)* = ra (i) – ca (i),

bu ýerde: Ra (i) we na (i) – degişlilikde i – tertipli maglumatlar bazasyndaky maglumaty ýaýratmakdan alnan girdeji we peýda; ca (i) i-nji *MB*-de berilýän interaktiw hyzmat üçin çykdaýjylar. *Ndb* – maglumatlar bankyna girýän maglumatlar bazalarynyň sany.

## 7.2. Maglumatlar bankynyň täjirçilik maksatlarda dogry peýdalanylyşynyň barlagy

**Strategik barlag.** Bu barlag maglumatlar bankynyň netijeliliginiň bir bitewülikdäki barlagydyr. Maglumatlar bankynyň netijeliligi bir bitewülikde barlanylanda, barlanylýan görkezijileriň hasaplanylýan bahalary olara degişli maksatlaýyn bahalary bilen deňeşdirilýär. Eger birinjiler soňkulardan uly ýa-da deň bolsalar, onda maglumatlar bankynyň işi täjirçilik nukdaý nazardan netijeli hasap edilýär.

Maglumatlar bankynyň netijeliliginiň görkezijiler ulgamyna aşakylar girip biler:

a) düşewüntliligiň esasy görkezijileri (düşewüntlilik derejesi we peýdalylyk derejesi);

b) düşewüntliligiň deňeşdirme görkezijileri (W): W1=R/C; W2 =P/C; W3= P/R = W2/W1 (peýdanyň bahadaky paýy).

**Aýry-aýry maglumatlar bazasynyň netijeliliginiň barlagy.** Bu barlagyň dowamynda aýry-aýry maglumatlar bazasynyň täjirçilik maksadynda netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijileriň bahalary deňeşdirilýär. Şol deňeşdirmäniň esasynda, has düşewüntli ýa-da pes düşewüntli maglumatlar bazasy kesgitlenilýär. Şu ýagdaýda aşaky deňeşdirme görkezijilere garamak maksada laýykdyr:

a) i-nji MB-ni täjirçilik maksadynda ýaýradylanda gelýän r(i) girdejiniň paýy:

r (i) = r (ai)/RA,

r (1) + r (2) +....+ r (No/b) = 1.

b) i-nji MB-niň düşewüntliligi:

wa (i) = ra (i)/ ca (i),

wa (1) x f (1) +....+ wa (Nb) = WA,

bu ýerde: WA – maglumatlar banky üçin bütinleý alnanda maglumaty interaktiw tertipde, täjirçilik maksadynda ýaýratmagyň düşewüntliligi:

WA = RA/CA; f (i) = ca (i) / CA.

ç) i-nji MB-niň udel düşewüntliligi:

wa` (i) = wa (i)/WA = r (i) / f (i),

wa`(1) x f (1) +.....+ wa`(Ndb)x f (Ndb) = 1.

Eger maglumatlar bazasynyň düşewüntliligi ähli maglumatlar bazasynyň düşewüntliliginiň ortaça bahasyndan geçýän bolsa, ýagny *wa(i)>WA* ýa-da wa`(i)>1 bolsa, onda oňa *ýeterlik netijeli maglumatlar bazasy* diýilýär.

Degişlilikde, eger wa (i)< WA ýa-da wa`(i)< 1 bolsa, oňa ýeterlik netijeli däl MB-ni diýilýär.

Şeýlelikde, eger bu maglumatlar bazasynyň getirýän otnositel girdejisi *r(i)* ortaça deňeşdirme girdejiden az bolsa, ýagny *r (i)< 1/ Ndb* bolsa, onda ony maglumatlar bankynyň düzüminde saklamagyň zerurlygy ýitýär.

*Mysal.* Goý, maglumatlar bankynyň serişdelerini döretmäge we ösdürmäge çykýan çykdajylar 1 mln. $ bolup, onuň (maglumatlar bankynyň) düzümine 7 sany maglumatlar bazasy *(Nab=7)* girýän bolsun we olaryň göwrümi (q), olary öndürmäge we ösdürmäge çykýan çykdajylar *(ra`)*, olardaky maglumatlary interaktiw tertipde, täjirçilik maksatlar üçin ýaýratmakdan alynýan girdejiler *(ra)* degişlilikde aşakdakylara deň bolsunlar.

*7-nji tablisa*

**Maglumatlar bankynyň serişdelerini döretmäge we ösdürmäge çykýan çykdajylar**

| I | q (i), müň resminama | ca`(i) müň manat | ra (i) müň manat |
|---|---|---|---|
| 1. | 10 | 40 | 30 |
| 2. | 15 | 40 | 65 |
| 3. | 20 | 50 | 70 |
| 4. | 25 | 45 | 60 |
| 5. | 30 | 30 | 75 |
| 6. | 40 | 45 | 60 |
| 7. | 50 | 50 | 40 |

Onda maglumatlar bankyny işläp düzmäge we ösdürmäge çykýan ähli çykdajylaryň her bir maglumatlar bazasyna düşýäni *(ca)* aşakdaka deň bolar:

Ca (i) = ca`(i) + q (i)/Q x CA,

bu ýerde: Q = q (i) +.....+ q (7) = 190 müň resminama.

Şeýlelikde, hasaplamalaryň netijesinde alnan netijeliligiň görkezijileri (*r* we wa`) 5-nji suratda görkezilendir:

MB ( r )-e düşýän girdejiniň paýy




5-nji surat. Maglumatlar bazasynyň özüne düşýän düşewüntliligi

Bu suratdan, has netijeli maglumatlar bazasynyň 2-nji tertip sanly maglumatlar bazadygy, soňra 3 we 5-niji maglumatlar bazadygy görünýär. 7-nji tertip sanly maglumatlar bazasy şol bir wagtyň özünde özüne düşýän düşewündi pes, hem getirýän girdejisi ortaçadan aşak.

Täjirçilik maglumatlar bankynyň netijeliligini ýokarlandyrmak çykdajylary azaltmagyň we girdejileri artdyrmagyň hasabyna-da gazanyp bolar. Maglumatlar banky ulanmagyň harajatlaryny maglumatlar bazanyň islegden peýdalanmaýanlaryny ulanmakdan aýyrmagyň hasabyna, maglumaty ýygnamagyň, täzeden işlemegiň we saklamagyň kämilleşdirmegiň hasabyna, programma üpjünçiligini ösdürmäge çykdajylary azaltmagyň hasabyna azaldyp bolar.

Maglumatlar bankyny ulanmakdan alynýan girdejileri artdyrmagyň mümkingadar çäreleri bolup, edilýän hyzmatlary kämilleşdirmek; bazaryň bellibir segmentlerine has berk üns bermegiň hasabyna, has

netijeli mahabat işini alyp barmak bilen we bahany üýtgetmegiň hasabyna gazanmak bolar.

Bar bolan bahanyň hakyky islege dogry gabat gelýänligi maglumatlar bankynyň eýesiniň nazary bilen aýry-aýry maglumatlar bazanyň netijeliligi deňeşdirilende ýa-da olaryň önümçiligi ulanyjynyň pikirine görä deňeşdirilende göz ýetirilip bilner. Hususan-da, eger ulanyjy haýsam bolsa bir maglumatlar bazasyna has köp ýüzlenýän bolsa, ýöne ol hem netijeli däl bolsa, bu onuň bahasynyň üýtgedilmeginiň zerurlygyny (ýokarlandyrylmalydygyny) aňladýar.

## Strategik derňew

Maglumatlar bankynyň ulanylyşyny barlamakda alnan maglumatlary we maglumatlar bazardaky täzelikleri bilelikde marketingiň maksatnamasyny kämilleşdirmeklige ulanmak strategik derňewiň üsti bilen amala aşyrylýar. Strategik derňewiň esasy usuly bolup *marketingi derňemek* diýilýän usul ýa-da marketingiň ýagdaýyny hemmetaraplaýyn, çynlakaý we wagtly-wagtynda barlamak hyzmat edýär. Bular firmanyň marketing işiniň kämilleşmek ugurlarynyň meýilnamasyny düzmäge ugrukdyrylan görkezmeleri bermäge, mümkinçilikleri ýüze çykarmaga ugrukdyrylandyrlar. Marketingi derňemegiň netijesinde strategiki, taktiki we haýal-ýagal çözüwler, kararlar kabul edilýär.

*Strategiki çözüwler* maglumatlar banky ösdürmegiň esasy ugurlaryny uzak wagtlaýyn maksatda gönükdirmek we teswirlemek bilen baglydyrlar.

Meselem, bellibir maglumatyň görnüşine durnukly islegiň barlygy ýüze çykarylandan soň, häzirki maglumatlar bazasyny döredenler bilen onuň bahasyny üýtgetmek barada, uzak wagtlaýyn şertnamalary baglaşmak hakda karar kabul edilip bilner.

*Taktik çözgütler* maglumatlar bazanyň (döwürleýin görkezijilerine baglylykda), aýry-aýry maglumatlar bahasyny üýtgetmäge ugrukdyrylan, maglumatlar bankyň iş tertibini üýtgetmäge ugrukdyrylan ýa-da goşmaça mahabat işlerini geçirmek ýaly çärelere degişli kararlaryň kabul edilmegi bilen bagly çözüwlerdir.

*Haýal-ýagal* (gyssagly) çözgütler, maglumatlar bankyň gündelik işleýşiniň düzedilip durulmagyna ugrukdyrylyp, ol elmydama hasaplaşygy wagtynda ýerine ýetirmeýän ýa-da şertnamanyň başga

şertlerini birsyhly bozup durýan ulanyjylary maglumatlar bankyna golaýlaşdyrmagy çäklendirmek ýaly meselelere degişlidir.

Bu çözgütleriň amala aşyrylmagy, hakykat ýüzünde, maglumatlar banky ýaly mydama ösüşde bolýan ulgamy täjirçilik maksadynda ulanmakda ýüze çykýan täze maglumatlary göz öňünde tutup, marketing maksatnamasyna girýän işleri gaýtalamagy aňladýar. Şonuň üçin, marketing maksatnamasynyň ýerine ýetirilmegi bir çäre bolman, eýsem, ýüze çykýan ýagdaýlara görä ýygnanýan, barlanylýan maglumatlaryň göz öňünde tutulyp, täze degişli çözgütleriň hem kabul edilip durulmagydyr. Bu işleriň haýal-ýagallygyny we hilini ýokarlandyrmak üçin ýörite, özünde mydama maglumat ýygnap, barlap, täzeden işläp durýan marketingiň awtomatlaşdyrylan ulgamyny döretmek maksada laýykdyr. Şeýlelikde, bütin marketingden tapawutlylykda, bu ulgam diňe bellibir yzygiderlikde ýerine ýetirilýän aýry-aýry marketing operasiýalarynyň topary bolman, eýsem, bu amallarynyň arasynda berk özara baglanyşygy guraýan, häzirki zaman maglumat tehnologiýa esaslanýan bitewi toplumdyr.

Marketingiň awtomatlaşdyrylan ulgamyny döretmegiň başlangyç tapgyrlarynda, ýokarda agzalan işleri amala aşyrmaga gerek boljak maglumatlary özünde jemleýän maglumatlar bazasyny işläp düzmelidir. Özüniň ösüşiniň soňky tapgyrlarynda, ol marketing maksatnamasyny awtomatlaşdyrylan tertipde amala aşyrýan we degişli görkezijileri işläp düzýän barlaýjy ulgama özgerdilip bilner.

## Maglumat önümiň we hyzmatyň marketingi bölümini özleşdirmek boýunça soraglar

1. Maglumat we maglumat önümi näme?
2. Maglumat we interaktiw hyzmatlar nähili guralýar?
3. Maglumat marketing näme?
4. Maglumat marketingiň maksatnamasynyň esaslary.
5. Maglumat önümiň bazary.
6. Maglumat önümiň bazarynyň segmentlere bölünişi.
7. Täjirçilik maksatlarynda ýaýradylýan maglumatlar bazasyndan edilýän talaplar.
8. Maglumatlar bankyndan edilýän talaplar.
9. Maglumat önümiň durmuş döwri.

10. Nyrhlaryň görnüşleri.
11. Maglumatlar bazary gurşap almakda nyrh syýasaty.
12. Nyrh syýasatynyň modifikasiýasy.
13. Göni marketing we onuň görnüşleri.
14. Interaktiw marketing we onuň orny.
15. Maglumat marketingiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň barlagy.

# 8. INTERNETDE IŞLEMEGIŇ ESASLARY

## 8.1. Internet hakda gysgaça taryhy maglumatlar

Internet ABŞ-nyň Goranmak ministrliginiň *ARPA* Agentliginiň 1969-njy ýylda işläp düzen taslamasyndan döredi. Bu taslamanyň esasynda harby barlaglary geçirýän alymlary, laboratoriýalary we institutlary birleşdirer ýaly, *ARPANET* kompýuter tory döredildi.

Ilki-ilkiler bu tor boýunça daş aralykda ýerleşen kompýutere faýl iberip, ony işe goýbermek, elektron poçta boýunça maglumat alyp bermek ýaly işler amala aşyrylýardy.




Toruň ösmegi bilen tor tehnologiýasy hem ösdi, täze taslamalar işlenilip düzüldi. Olardan Internetiň *«Project»* atly taslamanyň kömegi bilen dürli usullarda işleýän torlary birleşdirmek üçin şlýuzlar we marşrutizatorlary ulanmak teklibi orta atyldy we işe girizildi.

1974-nji ýylda *ARPANET-i* döredіji R.Keniň teklibi bilen *TCP/IP (Transmision Control Protocol/Internet Protocol)* protokollaryň toplumy girizildi.

1983-nji ýylda ABŞ-nyň goranmak ministrligi *TCP/IP* protokollar toplumyny *ARPANET-iň* ähli kompýuterlerinde ulanmagy karar etdi. Şol ýyl Pentagon *ARPANET-den* diňe harby maksatlar üçin ulanmaga NILNET toruny bölüp aýyrdy. Toruň galan bölegi ählumumy ulanyşa berildi we Internet diýlip at berlip başlandy. 1983-nji ýyl *INTERNET-iň* döredilen ýyly hasap edilýär we şol ýyldan başlap, Internet sözi gündelik ulanylýan häzirki wagtda, köplenç, fiziki toruň özi däl-de, Bütindünýä kerebi we ondaky elýeterli maglumatlar göz öňünde tutulýar.

## Internetiň hukuk aspektleri

1. Internetiň eýesi ýok, ony öçürmek bolmaýar, sebäbi marşrutizatorlaryň daşky dolandyryjylary ýok. Ol tutuş adamzadyň baýlygydyr.
2. Internetde gyzyklanýan adamlar tarapyndan ulanylýan peýdaly we peýdaly däl köp häsiýetler bar.
3. Ol ilki bilen maglumatlaryň açyk saklanmagy we ýaýradylmagy. Ugradylan maglumatyň ýolda alynmagy we gabat gelen tarapyndan okalmagy mümkin.
4. Internet edil telefon torundaky ýaly islendik kompýuteri tora çatylan başga islendik kompýuter bilen baglanyşdyryp bilýär.

*TCP/IP* protokollar toplumy onuň esasy bolup hyzmat edip başlady.

**Protokol** – bu tor düwünlerinde we olaryň arasynda (ýagny tora girýän islendik gurluşlaryň arasynda) aragatnaşyk guramaga we maglumat alyp-bermegi guramakda dogry kesgitlenen we ýerine ýetirmeli usullaryň toplumydyr.

*TCP/IP* protokollar toplumyna aşakdaky protokollar girýär:

- **IP** – torara protokol, bu protokolyň kömegi bilen iki düwnüň arasynda gönüden-göni aragatnaşyk guramazdan, maglumat alyp-berme guralýar. Onuň üsti bilen düwünlere salgy berlip, olar tanalýar. Şeýlelikde, *TCP* we *IP* biri-birini doldurýar.
- **Telnet** *(TNP)* – bu protokol hem *TCP* bilen bilelikde ulanylyp, onuň kömegi bilen islendik ulanyja daşda ýerleşen host – kompýuteriň ulgamyna aralaşmaga we öz terminalynda işiň netijelerini görmäge mümkinçilik berilýär.
- **FTP** (*File Transfer Protocol* – faýl alyp-bermegiň protokoly) – iki host kompýuterleriň arasynda faýl alyp-berişmäni guraýar.
- **SMTP** (*Simple Mail Transfer Protocol* – poçta aragatnaşygyny guramagy ýönekeýleşdiriji protokol) – elektron poçtanyň ýönekeý hyzmatlaryny guramaga niýetlenendir.
- **PPP** (*Point–to–Point Protocol* – iki nokatlaýyn birleşmäniň protokoly) – kompýuter bilen toruň arasyndaky birleşmäni gurýar.
- **SLIP** (*Serial Line INTERNET Protocol* – yzygider aragatnaşygyň torara protokoly) – *IP* protokoly telefon aragatnaşygynda ulanmagy guraýar.

*TSP/IP* protokollar toplumyna başga-da käbir prosesler bilen bagly protokollar girýär.

## Interneti gurnamagyň prinsipleri

Internet köp müňlerçe korporatiw, ylmy, hökümet we öý kompýuter torlardan durýar. Dürli arhitekturaly we topologiýaly torlary birleşdirmek IP protokoly (*Internet Protocol*) we maglumatlary marşrutlaşdyrma prinsipiniň esasynda mümkin boldy.

IP protokol aragatnaşygyň fiziki kanallaryna görä ýörite agnostic görnüşde döredildi. Ýagny sanly maglumatlary islendik geçiriji ulgam, simli ýa-da simsiz, Internetiň grafigini hem geçirip bilýär. Torlaryň birleşýän ýerlerindäki ýörite marşrutizatorlar (programma ýa-da enjam) maglumatlaryň paketlerini olary kabul edijileriň IP-salgylary esasynda awtomatiki sortlamak we olary gaýtadan ugrukdyrmak bilen meşgul bolýarlar.

IP protokol tutuş dünýä möçberinde bütewi salgy giňişligini döredýär, ýöne her aýratyn torda hususy bölek giňişligi bolup bilýär. IP-salgylaryň şeýle gurnalmagy marşrutizatorlara maglumatlaryň her bir kiçijik paketi üçin onuň indiki ugurlaryny birbahaly kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Netijede, Internetiň aýratyn torlarynyň arasynda gapma-garşylyklar döremeýär, maglumatlar päsgelçiliksiz we takyk bir tordan beýleki tora tutuş planeta hem-de ýakyn kosmos boýunça geçirilýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde Internet ulgamynyň hyzmatlaryndan peýdalanmak üstünligiň girewi bolup durýar we dünýä bazaryna çykmagyň möhüm şerti hasaplanýar. Internet ulgamy Türkmenistanyň ykdysadyýetini gülletjek gurallaryň birine öwrüler.

Häzirki döwürde Internetiň mümkinçiliklerini çuňňur öwrenmek, onuň işleýiş tertibini ele almak ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny ösdürmekde iň bir wajyp meseleleriň biridir.

Aragatnaşykda tehnologiýalaryň örän çalt üýtgemegi we gündelik durmuşymyza siňmegi biziň bu ösýän senagatyň pudagyna düşunmegimizi we ykdysady ösüşiniň strategiýasynyň düzülmegini kynlaşdyrýar.

Telekommunikasiýa hyzmatlaryna bolan isleg ilatyň sanynyň artmagy bilen köpelýär. Iň täze sanly tehnologiýalar esasynda telekommunikasiýa ulgamyny hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak dowam etdirilýär.

*INTERNET* ulgamyny ýurdumyzda köpçülikleýin ulanmak we ornaşdyrmak, ösüşiň iň bir esasy görkezijisidir.

Ýurtdaky kompýuterleri Internete birikdirmegi we Internet hyzmatlaryny prowaýder diýlip at berilýän aragatnaşyk edarasy ýerine ýetirýär.

1997-nji ýylyň maý aýynda türkmenistanly ulanyjylaryň Internet ulgamyna birleşdirlişi hasaba alyndy.




***Altyn asyr*** ***Turkmentelekom*** ***MTC***

2004-nji ýylda döredilen «Altyn Asyr» öýjükli aragatnaşyk ulgamy *GSM* standartly Operatorlaryň bütindünýä assosiýasynyň agzalygyna kabul edildi. Bu ýerde Türkmenistanyň ykjam milli aragatnaşyk ulgamy «*TM CELL*» ykjam aragatnaşyk ulgamy 43802 belgi bilen hasaba alyndy.

Milli ykjam aragatnaşyk ulgamy gysga döwrüň içinde ýurduň hemme ýerine diýen ýaly ýaýrady.

Internetiň has meşhur hyzmatlary:

- Web-forumlar.
- Bloglar.
- Wiki-taslamalar (hususanda, Wikipediýa).
- Internet-dükanlar.
- Internet-auksionlar.
- Elektron poçta we paýlamagyň sanawlary.
- Täzelikleriň topary.
- Faýl alyş-çalyş torlary.
- Elektron töleg ulgamlary.
- Internet-radio.
- Internet-telewideniýe.
- IP-telefon.
- Messenjerler (*Internet-peýjerler*).
- Gözleg ulgamlary.
- Internet-mahabat.

## Web-forumlar

*Web-forum* ýa-da *Web-konferensiýa* – web-saýta girenleriň gatnaşygyny gurnamak üçin niýetlenen programma üpjünçiligi.

Forum maslahatlaşmak üçin bölümleriň toplumyny hödürleýär. Forumyň işi peýdalanyjylar tarapyndan bölümlerdäki temalaryň döredilmegi we soňra bu temalaryň içindäki maslahatdyr.

Web-forumyň ýaýran bölünmesi: Bölümler → Temalar → Habarlar.

Adatça habarlar «*Автор — Тема — Содержание — Дата/Время*» (*Awtor – Tema – Mazmuny – Sene/Wagt*) maglumatlary berýärler. Habar we oňa berlen hemme jogaplar şahany emele getirýär.

Maslahat tema degişli bolmalydyr. Berlen temadan gyşarmaklyk, köplenç, forumy alyp barmagyň düzgünleri bilen gadagan edilýär. Düzgünleriň ýerine ýetirilişine moderator – kesgitlenen bölüme ýa-da tema degişli bolmadyk habarlary ýok etmäge, şeýle hem olara käbir gatnaşyjylaryň girmegini derňemäge ygtyýary bolan gatnaşyjy jogap berýär.

Forumlarda habarlara girmegiň adatdan daşary çeýe çäklendirmeleri ulanylyp bilner. Käbir forumlarda habarlary okamak we täze habarlary döretmek islendik tötänden gatnaşyjy üçin elýeterli, käbirlerinde bolsa öňünden registrasiýa (has köp ýaýran wariant) zerur – olary we beýleki forumlary açyk diýip atlandyrýarlar. Garyşyk wariant hem ulanylýar – käbir temalar hemme gatnaşyjylar üçin elýeterli, käbirleri bolsa diňe registrirlenen gatnaşyjylar üçin elýeterlidir. Açyk forumlardan başga ýapyk forumlar hem bar, olara her bir gatnaşyjynyň girip bilmegi olaryň hersi üçin forumyň administratorlary tarapyndan kesgitlenýär. Tejribede forumyň käbir bölümleriniň hemmeler üçin elýeterli, galan böleginiň bolsa gatnaşyjylaryň diňe az sanlysyna elýeterli bolan wariantyna hem duş gelinýär.

Registrasiýa wagtynda foruma gatnaşyjylar profilleri – gatnaşyjy barada maglumatlar bolan sahypalary döredip bilerler. Gatnaşyjy öz profilinde özi hakda maglumatlary habar berip, islege baglylykda öz surat ýa-da ýazgysyny sazlap bilýär. Ýazgy statiki tekst bolup ýa-da grafiki suratlary saklap biler.

Forumlaryň köpüsinde priwat habarlar ulgamy bar, ol awtorizirlenen peýdalanyjylara edil elektron poçtadaky ýaly indiwidual gatnaşmaga mümkinçilik berýär.

Her anyk forumyň öz giň temasy bar, onuň çäklerinde köpmaksatly maslahatlary geçirip bolýar. Köplenç birnäçe forumlary bir ýerde birleşdirýärler, olary hem forum (giň manysynda) diýip atlandyrýarlar.

Temalaryň toplumynyň döredilişine baglylykda temalaryň dinamiki sanawy we temalaryň hemişelik sanawy bolan forumlar bar. Temalaryň dinamiki sanawy bolan forumlarda ýönekeý gatnaşyjylar forumyň temasynyň ramkasynda täze temany döredip bilýärler.

Köplenç forum özüniň habarlar bazasynda gözleg geçirip bilýär.

Düzgün boýunça forum çatdan has möhüm maslahatlary bilen tapawutlanýar, sebäbi ol jogap berýänlere jogaby pikirlenmek üçin köp wagt berýär. Forumlar, köplenç, dürli görnüşli maslahatlar üçin, tehniki goldaw gullugynyň işinde ulanylýar.

Häzirki döwürde web-forumlar Internetde sowallary maslahatlaşmagyň iň meşhur usullarynyň biridir.

Bütindünýä toruny gözleg serişdesi hökmünde ulanmak 1989-njy ýylda *Tim Berners* Lee diýen alymyň ýolbaşçylygynda maglumat akymyň tehnologiýasy bolan *World Wide Web (WWW)* ulgamyň döremegi bilen uly gerime eýe bolup başlady.




*WWW* ýa-da *Web* tehnologiýa düşünjesi Internetiň döremegi bilen peýda boldy.

*Web* tehnologiýa diýlende häzirki zaman maglumatlaryň alyş-çalşygyny kämil innowasion tehnologiýalar arkaly amala aşyrmaklyga düşünilýär. Bu bolsa öz gezeginde esasy iki şerte baglydyr:

1. Tehniki-apparat üpjünçiligi (ýerli torlarynyň ýokary tizlikli maglumat geçirijiligi);

2. Programma üpjünçiligi (*.NET, JAVA* ýaly platformalary goldamagy).

Dünýä tejribesinde Web tehnologiýalar arkaly maglumatlaryň alyş-çalşygynda tor protokollary üçin bellibir ýüzlenme modeli (*OSI-Open Systems Interconnections*) ulanylýar. Bu modele bildirilýän ta-

laplar *ISO* – halkara ülňüler guramasy tarapyndan kesgitlenildi. Bu tor protokollary ýedi sany aýry-aýry gatlaklardan ybarat:

1. Fiziki gatlak.
2. Maglumat salgylanmalary («link», «ссылки»).
3. Tor gatlagy.
4. Geçiriji gatlagy (translýator).
5. Sessiýa gatlagy.
6. Prezentasiýa gatlagy.
7. Ulanyş (application) gatlagy.

Web ulgamynyň binagärligi iki bölekden durýar:

➢ web-serwerler;
➢ web-müşderiler.

Bularyň arasyndaky aragatnaşyk *TCP/IP* shemasy boýunça bolup geçýär. «*Müşderi-serwer*» arhitekturasynda üç basgançakly goşundy programma ulanylýar:

❒ maglumatlar bazasynyň serweri;
❒ goşundy-serwer;
❒ web-brauzer.

Web-serwerleriň we ony dolandyrmak üçin niýetlenen programma üpjünçiligi hökmany suratda bar bolanda *NET, JAVA* programmirleme gurşawlaryň kömegi bilen ýerli torlarda maglumatlaryň alyş-çalşygyny amala aşyrýan web-saýtlarda esaslandyrylan goşundy programmalary taýýarlamak bolar.

Web tehnologiýasy aşakdaky üç düzümden durýar:

➢ **HTTP** (*Hyper Text Transfer Protocol* – giperýazgy bermegiň protokoly) – giperýazgyly resminamanyň ýerleýän ýerine garamazdan, onuň bilen aragatnaşyk guraýjy protokol;
➢ **HTML** (*Hyper Text Markup Language* – giperýazgyny belleýji dil). Resminamany *Web-e* girizmek üçin ondan giperýazgy döredýän, komandalaryň dili;
➢ **CGI** (*Common Gateway Interface* – şlýuzyň standart interfeýsi) – bu protokol Web – serwerleriň oňa gelýän daşky programmalary kabul etmäge, maglumatlary ulanyjylara Web – sahypa görnüşde bermäge ýardam edýär.

Web ulgamy tor boýunça ähli resminamalary we faýllary giperýazgy aragatnaşygy boýunça birleşdirýär. Bu resminamalar bilen iş salyşmak üçin ulanyja olaryň salgylaryny bilmek ýeterlik.

Salgylar (global salgylar) URL (*Uniform Resource Locator* – mümkinçilikleriň ýöriteleşdirilen görkezijisi) diýen görkeziji bilen aňladylýar. Ol üç bölekden ybarat:

- protokolyň ady – ol bölek maglumata girmäge haýsy protokolyň ýardam edýänligini (*HTTP* ýa-da *FTP*) görkezýär. Meselem, http:// ýa-da ftp://;
- domeniň ady – *INTERNET*-däki serweriň ady. We-serwer bu maglumaty *HTTP* nusgalyk görnüşde özleşdirmäge gerek programma bilen üpjün edilen kompýuter. Bu kompýuteriň ady, meselem, WWW.pemag.com. görnüşde berilýär;
- çeşmäniň salgysy – kompýuteriň faýl ulgamynda çeşmäniň, faýlyň ýerleşen ýerini görkezýär.

Internete girmegi we onda işlemegi guraýjy programmalara Web-brauzerler diýilýär. Web-brauzerler Internet gurşawdaky serwerlerde ýerleşdirilen maglumatlary ulanyjylara elýeter etmegi guraýar. Internet gurşawa elýeter ulanyjylaryň ulanýan Web-brauzerleri – programmalary mugt ýaýradylýar.

Häzirki döwürde aşakdaky Web-brauzerler giňden ulanylýarlar.



## 8.2. Interneteriň kömegi bilen Web-sahypalary gözden geçirmek

Internet iş prowaýderiň serweri bilen birleşenden soň işe başlaýar. Internet Explorer işe goýberilenden soň, onuň esasy sahypasy peýda bolýar.




6- njy surat. Internet Explorer 7  brauzeriň  iş meýdany

Haýsam bolsa bir Web-sahypa girmek üçin, salgy setirinde onuň salgysyny (*URL*) ýazyp, <*Enter*> düwmäni basmaly. Ol salgyny girizmekde ýalňyşmazlyk üçin, başga ýoldan peýdalansa-da bolar. Onuň üçin Web-sahypanyň gipersalgysyna basmak ýeterlikdir. Şeýle ýol bilen ulanyjy sahypadan sahypa geçip biler. Şeýle ýola «Web boýun sefing» diýilýär.




7-nji  surat. Internet Explorer  brauzeriň  interfeýsi

Köp sahypalarda «indeksler» temalar boýunça sahypalaryň sanawy bolýar. Şol sanawdan gerek tema geçip bolýar.

Internetde alnyp barylýan gözleg işine syn etmek üçin indikatorlaryň panelindäki tora goşulmanyň suratyna basmak ýeterlikdir. Iki gezek basylanda seans hakda maglumatlaryň penjiresi ekrana çykar. Web-sahypalar boýunça gözlege meta-sahypalar hem, ýagny Web-de bellibir tema boýunça maglumat gözlemegiň baş sahypasy hem kömek edýär. Sahypalarda «gezilip» ýörlende ýörite aýratyn aýlanýan kadrly ýazgyly panellere üns bermeli. Olaryň üsti bilen hem degişli sahypalara geçip bolýar. Eger birnäçe geçişden soň yza öwrülmeli bolsa, «*Назад*» (yza) ýa-da «*Домой*» (öýe) düwmeleri peýdalanylmaly. Eger öňe gitmeli bolsa, «*Вперед*» (öňe) düwmäni, öňräk ulanylan Web-sahypa geçmek üçin «*Переход*» (geçiş) düwmäni peýdalanyp geçip bolýar.

## Sahypanyň obýektleri bilen işlemek

Web-sahypalary açanda, ulanyjynyň öňünde simwollary (nyşanlary) kodlama meselesi döreýär. Kirillisanyň elipbiýinde ýazylanlary kodlamak üçin *KOI8-K*. *DOS*, Windows we *ISO* nusgalyk derejelerinden peýdalanylýar.

Dogry kodlanmadyk ýazgylary şol sahypadaky menýudan degişli kod saýlap alyp ýa-da «*Шрифт*» düwmejiginden peýdalanyp (meselem, «*Вид* → *Шрифт*») kodlap bolýar.

Ekrandaky obýektleriň üstünde dürli komandalary ýerine ýetirip bolýar. Onuň üçin şol obýektiň üstünde syçanjygyň sag düwmejigini basmaly. Emele gelen kontekst menýusynda giperýazgy üçin:

- ❒ şol penjirede ýa-da başga penjirede açmak;
- ❒ islendik papkada saklamak;
- ❒ çap etmek;
- ❒ «*избранные*» (saýlananlar) papkasyna goşmak ýaly buýruklary ýerine ýetirip bolýar;

Grafiki suratlar üçin ýüze çykan kontekst menýusynyň kömegi bilen:

- ❒ diskde saklamak;
- ❒ salgylanmany şu ýa-da täze penjirede açmak;
- ❒ Windows –XX iş stolunda suraty çap etmek;
- ❒ çap etmek;
- ❒ islendik resminama goýmak üçin nusgalamak;

❒ «*Избранные*» (saýlananlar) papkasyna goşmak ýaly buýruklary ýerine ýetirip bolýar.

Internet Explorer ulgamynyň iş ýagdaýyna düzedişler girizmek üçin, ýagny parametrlerini dogry guramak üçin «Вид → *Свойства*» buýrukdan peýdalanyp, emele gelen penjiredäki bölek punktlara girýän buýruklary degişli ýerinde ulanmany başarmaly.

## Faýllar bilen işlemek

Web-serwerlerde we *FTP* – arhiwlerde ulanyja gerek bolaýjak birgiden faýllar saklanýar. Şol faýllary ýüklemek üçin hem gipersalgylar ulanylýar.

Programma ýa-da arhiw faýllary göwrümi boýunça uly bolansoň, tor boýunça hereket edende, adatça ***.zip*** faýl görnüşde gysylyp iberilýär. . exe giňelmeli, özi açylýan gysylan faýllara az duş gelinýär. Şonuň üçin, ***.zip*** giňelmeli faýllary açmaga kompýuterde Win Zip programmany gurap goýmaly. Faýl ýüklemek üçin oňa degişli gipersalga basmak ýeterlik. Ony kabul etmek üçin FTP protokol faýllary ýüklemegiň ussasyny işe goýberýär. Faýl ***.zip*** giňelmeli bolsa, ony degişli papka göçürip, soň onuň bilen işläbermeli. Bu ugurdan mugt programma kömegini http:*/WWW.freeware.ru, …stolisa.ru, freesoft*. ru Web – düwmelerden peýdalanyp bolar.

Ulanyjy özüni gyzyklandyrýan faýly «*Файл → Сохранить как*» buýrugy berip, *html we* ***.txt*** ölçeglerde (formatlarda) saklap biler. Sahypanyň aýry-aýry obýektini şol obýektiň kontekst menýusynda «*Сохранить объект как*» ýa-da «*Сохранить рисунок как*» buýruklary peýdalanyp saklap biler.

Internetden alnan faýllar C:*Windows\\Temporary Internet Files*\\ papkada saklanyp, ony «*Просмотр файлов*» buýrugy bilen çagyryp bolýar. Oňa awtonom tertipde, ýagny Internete girilmedik ýagdaýynda-da seredip bolýar. Şol papkadaky faýllaryň üstünde kontekst menýusy boýunça faýllar üçin adaty buýruklary ýerine ýetirip bolýar. Özüňi gyzyklandyrýan obýekti başga resminamalara geçirip ulanyp bolar.

Internetiň ýatlanylyp geçilen mümkinçiliklerini goldamaga niýetlenilen serişdeleriniň ýörite ulgamlary bardyr. Meselem, birnäçe

ulanyjynyň bilelikdäki gürrüňini, çat-klublary guramak üçin Internet *Relay Chat* ulgamy bolup, ony guramakda ulanyjynyň *Microsoft – Chat* programmasy ulanylýar.

Internetiň hyzmatlary bolan elektron poçta, onuň Intertnetde belgilenişi *E-mail* bolup, has giň gerimde ulanyjylar tarapyndan peýdalanylýar.

Elektron poçta kompýuter tory döredilende ilkinji hyzmat bolup, onuň işleýişi edil kagyzda hat ýazyp, ony bukja salyp ugratmak we kabul etmek ýalydyr. Onuň üçin ýokary tizlikli we ýokary hilli aragatnaşyk kanalynyň bolmagy hökman däldir. Adaty poçta haty birnäçe günde gowşursa, elektron poçta haty birnäçe sekuntda gowşurýar. Elektron hat ýeke bir tekst ýazylan haty ibermek bilen çäklenmän, oňa goşulan faýllary (programmalary, grafikleri, sesleri, wideofilmleri we ş.m.) hem bilelikde iberýär. Elektron hat bilen uly möçberli faýllary ibermek maslahat berilmeýär, şeýle iş kompýuter toruň işini haýalladýar. Käbir poçta serwerler elektron habarlaryň möçberini çäklendirýär, mysal üçin, 2 000000 baýta çenli.

Elektron poçta bilen iş serwer, kliýent, protokol, elektron salgy, maglumatlary geçirmek ýaly esasy (açar) düşünjeler bilen baglanyşyklydyr.

*Serwer* – ol uzakdaky maşynda ýerleşen bolup, programmalara öz hyzmatyny hödürleýän ýörite programmadyr. Elektron poçta ýagdaýynda serwer içinde siziň habarlaryňyz bolan poçta gutularynyň ýerleşýän uzakdaky maşyndyr.

*Kliýent* – ol hem serwer tarapyndan hödürlenýän hyzmatlary peýdalanýan ýörite programmadyr. Biziň ýagdaýymyzda kliýent bolup Outlook çykyş edýär, ol serwerdäki poçta gutularyna gelen habarlary gözden geçirmäge ýardam edýär.

*Protokol* – ol maglumatlary serwerden kliýente we tersine geçirmegiň algoritmini kesgitleýän düzgünleriň toplumydyr.

*Elektron salgy* – habarlaryň gelýän poçta gutuňyzy kesgitleýän özboluşly identifikatordyr.

Elektron poçtanyň iş prosesi 8-nji suratda şekillendirilendir.

Elektron poçta bilen işlemegiň *Microsoft Outlook* programmasy baş menýudan «*Пуск → Программы → Microsoft Outlook*» zynjyr boýunça ýa-da «*Microsoft Office*» panelinden goýberilip bilner.




8-nji surat. Elektron poçtanyň işleýiş prinsipi

Ekranda emele gelen iş meýdanynyň «*Почта*» düwmejigine basyp, poçta papkalaryna girmäge mümkinçilik alyp bolar. Outlook Internetiň poçta serwerine görä guralýar we *Outlook Express* üçin goşmaça (rezerw) bolup hyzmat edýär. Poçta programmalaryny çalyşmak üçin «*Вид* → *Свойства обозревателя*» (görnüş → synçynyň (ýagny, Explorer-iň) häsiýetleri) zynjyrdan peýdalanmaly. Emele gelen gepleşik penjiresiniň «*Программы*» bölüminden «*Сообшения*» (habarlar) bölümçäni saýlap, «*Почта*» sanawyndan gerek poçta programmany saýlamaly. Poçta serwerine girmek üçin tora girip, «*Сервис* → *Доставить почту*» (poçtany getirmek) ýa-da «*Доставить почту через*» (poçtany … üsti bilen getirmek) buýruklary ulanmaly. Emele gelen penjirede okalmadyk we başga-da habarlaryň sany ýa-da sanawy görner. Poçta programmalaryny «*Сервис* → *Программы*» komandanyň kömegi bilen sazlamak bolar.

Gelen habarlary «*Почта*» bölümindäki «Входящие» (gelenler) bölümçä girip ýa-da «*Личные*» (hususy) panelden «*Входящие*» bölümçä girip okap bolar. Zerur habarlar baýdajyk bilen, faýly bar habarlar «skrepka» bilen belgilenendir. Eger açyk ýa-da ýapyk bolsa, diýmek, onda habar ýok ýa-da ondaky habar okalan.

Ibermeklige habar döretmek üçin «*Создать сообщение*» düwmejige basmaly ýa-da «Файл → Создать (döretmek) → *Сообщение*» habar buýruklaryndan peýdalanmaly. Emele gelen «*Сообщение*» diýen sözleýiş penjiresinden, onuň elementleriniň kömeginden peýdalanmaly. Meselem, habary ibermeli salgysy «*Адресная книга*» düwmejikden peýdalanyp tapmaly. Habary «*Тема*» setirine dolduryarlar. Habaryň ýany bilen faýl ýa-da obýekt

ibermek üçin «*Добавить файл*» (faýl goşmak) ýa-da «*Вставка → Файл*» (ýa-da obýekt komanda zynjyryndan peýdalanmaly).

Taýýarlanan habary «Отправить» (ugratmak) düwmejigi boýunça ýa-da «*Файл → Отправить*» komanda zynjyryndan peýdalanyp iberip bolar. Bu ýagdaýda «*Сообщение*» penjiresi ýapylyp «*Outlook*» penjiresi açylar.

Eger Internet bilen aragatnaşyk guralan bolsa, onda «*Сервис → Доставить почту*» (poçtany eltmeli ýerine ýetirmeli) buýruklar bilen iberip bolar. Bu ýagdaýda, iberilen habaryň nusgasy «*Отправленные*» (iberilenler) papkada galýar. Eger Internet bilen aragatnaşyk ýok bolsa, onda habar «*Исходящие*» (çykýanlar) papka ýygnanýar.




9-njy surat. *Microsoft Outlook* ulgamynyň iş meýdany

## 8.3. Internetde gözleg ulgamlardan peýdalanmak

Maglumatlary gözlemegiň iň bir belli we meşhur ulgamlary:

- *Google* (iňlis, rus, türkmen, türk we ş.m. dilleri) - http://www.google.com, http://www.google.ru, http://www.google.tm
- *Яndex* (rus dilli) - *http://www.yandex.ru*
- *Rambler* (rus dilli) - *http://www.rambler.ru*
- *Yahoo!* (iňlis dilli) - *http://www.yahoo.com*

- *AltaVista* (iňlis dilli) - *http://www.altavista.com*
- *InfoSeek* (iňlis dilli) - *http://www.infoseek.com*




Maglumatlary gözlemek mümkinçiligi – Internetiň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Onuň üçin gözleg ulgamlarynyň birgideni döredilen. Olar dürli mehanizmlere esaslanýarlar, özlerem her-hili mümkinçiliklere eýedir. Häzirki günde gözleg ulgamlary bilen işlemek sadalaşdyryldy. Indi iň bir taýýarlyksyz peýdalanyjy hem özüni gyzyklandyrýan maglumatlary tapyp bilýär. Onuň üçin gözleg talabyny, ýagny özüňizi gyzyklandyrýan zadyny ýörite forma girizmeli we ***Поиск*** (*Search*) (Gözleg) düwmesini basmaly.

Gözlegiň kriteriýalaryny düzmäge ýeterlik ähmiýet bermeli. Nädogry düzülen talabyň hiç bir zadyň tapylmazlygyna ýa-da özüňize gerek bolmadyk zatlaryň tapylmagyna getirmegi mümkin. Şoňa görä-de birinji synanyşykda mümkin boldugyça köp açar sözlerini,

şeýle hem islendik gözleg ulgamynda bar bolan giňeldilen gözlegiň mümkinçiliklerini ulanmak maslahat berilýär.

Mysal hökmünde, Yandex gözleg ulgamyna seredeliň. Mysal üçin, bizi Torpedo (Moskwa) we SSKA toparlarynyň oýnunyň netijesi gyzyklandyrýan bolsun. Onuň üçin ýörite meýdanda «*результаты матча Торпедо (Москва) и ЦСКА*» girizýäris we Поиск (Search) (Gözleg) düwmesini basýarys. Täze web-sahypa ýüklener, onda oýunlaryň netjelerine salgylanmalaryň köp mukdary bar. Ýöne bizi diňe iň soňky oýnuň netijeleri gyzyklandyrýar. Iki sany ýol bar:

1. Sene boýunça sortlamagy goýmaly, ýagny iň soňky indeksirlenen faýl iň ýokarda ýerleşer ýa-da giňeldilen gözlegi ulanmaly.

2. Ikinjini saýlaýarys, sebäbi ol has ygtybarly we wagty tygşytlaýar. Bu ýerde gözleg geçirilýän wagt aralygyny, şeýle hem goşmaça parametrleri berip bolýar. Şunlukda, netijeler az bolar, ýöne olar bize gerek bolmagy mümkin. Degişlilikde gözleg üçin sarp edilýän wagt hem görnetin azalar.

Gözlegiň örän ýönekeý kriteriýasyny berip, gerekli maglumatlary tapmak örän kyn, sebäbi ony saklaýan Web-sahypalaryň köpüsiniň gabat gelmegi mümkin. Diňe Web-sahypalary däl, eýsem olaryň sanawuny yzygider görmek hem köp wagty alar. Şoňa görä-de anyk kriteriýany bermek üçin gözleg gulluklarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak maksadalaýyk bolar. Dürli gulluklar üçin gözlegi guramagyň prinsipleriniň tapawutlanýan bolmagy mümkin, ýöne bu gulluklaryň esasy sahypasynda kömek beriji maglumatlary tapyp bolýar. Mysal hökmünde Google gözleg ulgamynyň kömegi bilen gözlegi guramaga seredeliň.

Gözlegiň şertini bermegiň iň ýönekeý we düşnükli usuly – gözleg setirine özüňizi gyzyklandyrýan sözi girizmekdir. Şu ýagdaýda gözleg ulgamy görkezilen söz gabat gelýän hemme Web-sahypalary saýlar. Islegiňize görä, siz sözleriň arasyndaky uzaklygyň minimal bolmalydygyny görkezip bilersiňiz. Onuň üçin *$NEAR* hyzmatçy sözi ulanylýar.

Meselem, siz deňizde dynç almakçy we Internetiň kömegi bilen bu mesele boýunça dürli maglumatlary almakçy bolsaňyz, onda gözleg meýdanyna *отдых на море* (deňizde dynç almak) giriziň we *Искать* (Gözlemek) düwmesini basyň. Gözleg ulgamy bu söz-

ler gabat gelýän Web-sahypalaryň sanawyny saýlar *(10-njy surat)*. Sanawyň başynda talabyň sözleri köp duşýan we biri-birine has golaý ýerleşenlerini saklaýan resminamalar durar.




10-njy surat. Gözlegiň ýönekeý şerti

Gözleg üçin girizilen sözleriň diňe ýanaşyk ýerleşen Web-sahypalaryny tapmak üçin olary goşadyrnak bilen tapawutlandyryň. Şu ýagdaýda saýlanan Web-sahypalaryň sany öňki gözlegdäkiden az bolar.

Öňki gözlegiň netijesinde 160 sany sahypa tapyldy. Şeýle mukdardaky sahypalary gözden geçirmek mümkin däl. Talaby anyklamaga synanyşalyň.




11-nji surat. Gözlegiň has çylşyrymly kriteriýasyny kanagatlandyrýan Web-sahypalar

Goý, sizi diňe deňizde dynç almak däl-de, eýsem Arçmanda ýa-da Baýramalyda dynç almak gyzyklandyrýan bolsun. Aýratyn jümleleri ýa-da sözleri logiki birleşdirmek üçin And, o we Not açar sözlerini ulanýan logiki amallar peýdalanylýar. Olaryň ýerine ýa-da olar bilen bile &, | и ! belgiler hem ulanylyp bilner. Gözleg şertiniň berilýän setirinde *(отдых на курорте & (Арчман OR Байрамали)* teksti giriziň. Şu ýagdaýda saýlanan Web-sahypalaryň mukdary has az bolar *(11-nji surat)*.

## 8.4. WEB-saýtlar we olaryň döredilişi




Bilşimiz yaly, serwerlerde müşderi-programmalaryň soraýan resminamalaryny alyp-bermäge taýýar bolup duran serwer-programmalary işleýär. *WWW* gullugynyň hemme resminamalarynyň bolsa, şol bir *HTML* formaty bardyr. Olara *Web-sahypalar, Web-resminamalar* ýa-da *HTML-resminamalary* diýilýär.

Umumy tematikaly, umumy awtorlary, umumy eýeçiligi bolan özara baglanyşykly Web-sahypalaryň toplumyna – *Web saýt* ya-da ýöne saýt diýilýär. Meselem, instituta bagyşlanan Web-saýt aşakdaky Web-sahypalary özünde saklap biler:

- institutyň taryhy;
- professor – mugallymlar;
- fakultetler – kafedralar;
- sport durmuşy;
- medeni durmuşy;
- täzelikler we ş.m.

Saýty döretmegiň esasy maksady – bazar gatnaşyklaryna baglylykda onda alnyp barylýan işler, onuň goşmaça mümkinçilikleri we ş.m. barada gysgaça düşündirişleri bermekden ybarat.

*Saýt* – bu öňünden bellibir maksat bilen Internetde ýerleşdirilen we gurnalan hem-de tutuş auditoriýanyň işjeň kabul etmegi üçin niýetlenen, maglumat we programma sütünleriniň atlandyrylan toplumydyr.

Kesgitlemeden belli bolşy ýaly, saýtyň hökmany suratda öz ady bar (ony saýtyň salgysy diýip atlandyrmak kabul edilen), ondaky maglumat bolsa tutuş auditoriýanyň islegine (gyzyklanmasyna) görä saýlanylýar. Saýty döretmegiň esasy maksady kärhananyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, şeýle-de, jemgyýet üçin esasy maglumatlary we hemmeleriň dykgatyna ýetirmek.

Düşewünt saýtyň maksady bolup duranok. Şeýle-de, jemgyýetçilik guramalary we şahsy taraplardan öňe sürülýän ideýalary öz içine alýar. Esasanam narkotik serişdelerine we zor salmaklyga garşy saýtlar, gramýazgylaryň we wideofilmleriň alyş-çalşygy üçin torlar, dini guramalaryň, syýasy guramalaryň we ş.m. saýtlarlikden has tanymaldyr.

*Saýty döretmegiň esasy maksady.* Saýtyň gurluşy we ugry bellibir bir derejede saýtyň maksadyna bagly bolup durýar. Elbetde şu aşakdaky sanalýan ähli ýagdaýlar islendik saýtda bolup bilýär, şeýle bolsa-da, olaryň aýratynlyklaryny anyk kesgitlemeklige we kärhana üçin haýsysynyň wajyplygyny, maksatlaryny we meselelerini çözmeklige gönükdirilendir:

- *Kärhana, onuň önümleri we hyzmatlary barada dürli ugurly maglumatlaryň ýaýradylyşy.* Şeýle ýagdaýda maglumatyň dolulygyna (üstüniň doldurylyşyna) üns berilýär. Bu günki gün «Elektron bukletiň» klassyk prinsipine laýyklykda korporatiw saýtlaryň köplügi gurulýar.
- *Marketing kärhanasyny goldamak we kärhananyň brendininiň (markasynyň, sortunyň) ösmegi.* Kärhananyň milli önüminiň ýa-da söwda markasynyň öňe gitmeginde, esasanam, eger önüm ýa-da hyzmat soňky sarp edijilere niýetlenen bolsa, şeýle ýagdaýlarda saýt kömekçi ähmiýetli bolýar. Bu maksat üçin iň gowusy «promo-saýt» diýip atlandyrylýan dürli, owadan hereket edýän

harytlaryň suratlary laýyk gelýär. Olaryň üstüne kursor eltilende suratlaryň ölçegi ulalýar ýa-da hereket etmegini bes edýär we olaryň aşagyndan zerur bolan ýagdaýynda harytlaryň ýazgylary we häsiýetnamalary peýda bolýar.

- *Bellibir derejede müşderiler bilen işlemeklik önümiň katalogynda esaslandyrylan.* Beýleki saýtlardan tapawutlylykda bu katalog – saýtyň esasy häsiýetli tarapy – uzyn düzümleýin tablisa görnüşinde maglumatlaryň suratlandyrylyşy. Käwagt saýty «garaşsyz» görnüşinde hödürlemek peýdaly, bu mümkinçiliklerden hünärmenleriň aglabasy peýdalanyp biler.
- *Internet arkaly harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasy.* Eger saýt imijden ýa-da maglumatlardan sarp edijilere satmaklyga köp derejede gönükdirilen bolsa, onda saýty harytlaryň gözleginiň we saýlawynyň, tabşyryklary kabul etmek we ony ýerine ýetirmeklige ugratmak ýaly giň mümkinçilikleri bilen elektron dükan görnüşinde gurnalmagy has gowy netije berer. Kärhanada hemişeki sarp edijileri özüne berkitmek üçin müşderiler we olaryň satyn alýan harytlary barada maglumatlary saklamaklygy zerur. Sebäbi bu ulgam olary «tanar» ýaly, olara goşmaça ýeňillikleri döreder ýaly we ş.m.
- *Aýry harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň bazardaky hereketi.* Bu ýagdaýda saýt uly bolmadyk, ykjam we minimum maglumaty saklaýan görnüşde bolup biler. Adatça, şeýle sahypalar web–sahypalar diýip atlandyrylýar. Şuňa meňzeş sahypalary işläp taýýarlamaklyk ýönekeý we indiwidual telekeçileriň hem-de kiçi kärhanalaryň köpüsi üçin ýeterlikdir.
- *Çig mallary, harytlary ýerlemek ýa-da olaryň söwdasy üçin auksionlary we tenderleri geçirmek.* Munuň üçin ýöriteleşdirilen programma üpjünçiligi ulanylýar, olar tender ýa-da auksion arzalary kabul etmeklige we gelýän maglumatlary saýtda görkezmeklige mümkinçilik döredýärler.

Web saýtlary ulanmagyň aýratynlyklary aşakdakylardan ybaratdyr:

- *Bazarlaryň milli aýratynlyklary.* Saýt dürli bazarlaryň salgylarynyň we telefon nomerleriniň ähli ýazgylaryny öz içine alyp, milli aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Aýdaly, eger kärhana içerki bazarda önümiň bir görnüşini, daşarky ba-

zarda bolsa beýlekisini goýsa, onda kärhananyň ähli önümçiligi hakda doly maglumatlary dürli dillerde bermek zerurlygy ýokdur. Degişlilikde, eger-de kärhanada sarp edijileriň bazary üçin-de, kärhanalaryň bazary üçin-de önümçiligi bar bolsa, onda saýtyň gurnalyşy we dürli segmentler üçin kontentler tapawutlanyp bilerler. Bu ýagdaýlary göz öňünde tutup, dürli bazarlar üçin dürli atly, dürli saýtlary açmaklyk kärhana üçin maksadalaýykdyr.

- *Haýsy dillerde saýt hödürlenmeli?* Bu bolsa kärhanalaryň haýsy bazarlary işleýänligine baglydyr. Niýetlenen saýtlar üçin ýazgylary dünýä dilleriniň onlarçasynda ýazmak hökman däl, sebäbi bu saýty ulanmaklygy kynlaşdyrýar.
- *Saýtyň esasy auditoriýasy:* lomaý satyn alyjylar, ýekeleýin satyn alyjylar, hünärmenler, hemişeki müşderiler, dillerler we ş.m. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, satyn alyjy kärhanalar üçin (*B2B*) niýetlenen saýtlar ýönekeýräk we maglumatlyrak bolmaly, soňky ulanyjylar (*B2C*) üçin saýtlar bolsa, minimum tehniki anyklamalary öz içinde saklamaly.

## Web saýtlaryň täzelenişi

Maglumat işewürliginde saýtlary ýa-da ondaky bar bolan maglumatlary yzygiderli täzeläp durmaklyk esasy meseleleriň biridir.

- ***Statiki saýtlar.*** Adatça, korporatiw saýtlar käwagt (birnäçe aýdan bir gezek) täzelenýär. Şeýle saýtlar statiki bolman hem biler, şeýle-de işläp bejerijiler saýtyň strukturasyna maglumat taýdan üstüniň ýetirilmegini turuwbaşdan «berkidýärler». Netijede, eger kärhanada hiç kim *HTML* – dilinde taslamagyň esaslaryny bilmeýän bolsa, onda saýtda iň bolmanda bir sözi üýtgetmek üçin işläp bejerijä ýüz tutmaly bolýar we zähmeti üçin tölemeli bolýar.
- ***Dinamiki saýtlar.*** Eger maglumat gündelik ýa-da hepdelik täzelenýän bolsa, onda dinamiki saýty döretmegiň mümkinçiligini gözden geçirmek zerurdyr. Her gezek dinamiki saýta ýüz tutulanda, onuň sahypalary (şablonlary) esasynda formilirlenýärler we ýüzugra maglumatlar bazasyndaky maglumatlar bilen doldurylýar. Işiň bu ulgamy örän çeýedir, onuň üçin maglumatlary-da ýeterlikli derejede üýtgedip bolýar.

- ***Özbaşdak täzelemegiň çäkli mümkinçiligi.*** Saýtyň maglumatlary käwagt täzelenýär, emma kärhana üçin saýtyň ýörite «penjilerinde» uly göwrümli bolmadyk täze hasabatlary ýygy-ýygydan ýerleşdirip durmaly, täzelikler, press-relizler, bildirişler, nyrhlar we ş.m.

***Goşmaça mümkinçilikler***

Internet ulgamynda ulanylýan goşmaça mümkinçilikler bar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ***Habarlara ýazylmak.*** Göni marketingiň has effektiw (netijeli) çäresi - hünärmeni gyzyklandyrýan maglumata ýazylmak. Habarlaryň has yzygiderli döremegine gözegçilik etmeli we okyjy üçin hakykatdan-da gyzykly bolmaly (ýagny, diňe bir mahabat maglumatdan ybarat bolmaly däl).
- ***Sorag-jogap geçirmek.*** Kärhananyň saýtynda sorag-jogap anketasy ýerleşdirilip bilner. Bu ýerde kärhananyň marketing gullugyny gyzyklandyrýan soraglary berip bolar: önümçiligiň hiliniň bahasy, önümçiligiň dürli görnüşlerine gyzyklanma we ş.m. Korporatiw saýtdaky sorag-jogap bazary barlagdan geçirmek üçin däl-de, eýsem lotereýler, wiktorinalar, möwsümleýin arzanlatmalar, dogry jogap berenlere ýadygärlik sowgatlar geçirilen mahalynda potensial sarp edijiler üçin höweslendirlemeklige hyzmat edýär.
- ***Gatnaşygyň hasaby.*** Gatnaşyk mahabatlama meýdançalarynyň tanymallyk kriteriýalarynyň biri bolup durýar. Şeýle bolsa-da tanymallyk korporatiw saýtyň hiliniň kriteriýasy bolup bilmez. Saýta bir günüň dowamynda mahabat boýunça müňlerçe ýetginjekler gelip biler we hiç zat almazlyklary mümkin, käwagt bolsa aýda tutuş gatnaşyjylaryň 10-dan biri kärhananyň ýarymýyllyk önümçilik maksatnamasyny üpjün edip biler.

## 8.5. Internetde mahabatyň ýerleşdirilişi

Islendik mahabat beriji üçin mahabaty alyp barmagyň esasy meseleleriniň biri – onuň netijeliliginiň maksimallygydyr. Muňa ýetmegiň esasy faktorlarynyň biri–mahabaty geçirmegiň meýilnamasyny düzmekde mahabat göterijilerini (mahabaty bermegiň ýollary)

dogry saýlamakdyr. Elbetde mahabat gerekli auditoriýa ýetirilmeli we mahabat göterijilere edilýän ähli talaplary kanagatlandyrmalydyr.

Şeýlelikde, mahabat göterijileri saýlamakda şu aşakdaky esasy çäreleri göz öňünde tutmak hökmanydyr:

- Gurşalyp alnan auditoriýanyň göwrümi.
- Auditoriýanyň demografiki, sarp edijilik, özüni alyp baryjylyk we ş.m. häsiýetnamalary.
- Mahabat göterijileriň gurşap alýan geografiýasy.
- Mahabatyň nyrhy.

Maksimal netijeliligi gazanmak üçin gurşalyp alynýan auditoriýanyň häsiýetnamalaryna seretmeli. Elbetde mahabaty hemmelere, hemme ýerde we hemişe görkezmek bolar. Emma mahabaty berijiler näçe çykdajy ederler we bu mahabatyň peýdasy nähili bolar? Şonuň üçin maksimal netijäni almak maksady bilen, şol mahabaty kime gerek bolsa, şoňa ugrukdyrmalydyr.

Şu maksat bilen, mysal üçin, mahabat göterijileriň esasylarynyň biri bolan (telewideniýe, radio, metbugat) aragatnaşyk serişdeleri ähli mümkin bolan marketing gözegçiliklerini möwsümleýin geçirýär.

Interneti ulanmak bilen mahabat işinde maksimal netijeliligi gazanmak bolarmy? Hawa, şeýle-de, az çykdajy etmek bilen Interneti ulanyjylar barada hem, şeýle zerur maglumatlary ýygnamak bolar. Mundan başga-da, beýleki mahabat göterijileri bilen deňeşdirilende, Internetde mahabat berlende beýleki parametrler hem göz öňünde tutulýar, ýagny görkezmeleriň geografiýasy, wagty we ýygylygy. Şeýle-de, adaty mahabat göterijilerinden tapawutlylykda (mysal üçin, gazetiň ýa-da žurnalyň nobatdaky sanyna garaşmaly) Internetde reklamany islendik wagtda goýbermek bolar. Mundan başga-da, Internetde interaktiwlilik ýaly esasy häsiýeti bardyr, bu bolsa sarp edijiler bilen aragatnaşygy (mahabatlama olaryň täsirini anyk kesgitlemek maksady bilen) maksimal ýeňilleşdirýär.

Adaty usullara garanyňda Internet arkaly has köp maglumatlary ýygnap bolýar, maglumatlary ýygnamak we işläp taýýarlamak has arzan we bu maglumat yzygiderli täzelenmek hem-de doldurylmak bilen has aktual bolar.

Media-meýilnamalaşdyrma islendik mahabat işiniň esasy bölegi bolup durýar. Media-meýilnamalaşdyrma düzülende mahabatyň

görkeziljek meýdanlaryny, wagtyny, ýygylygyny we dowamlylygyny saýlamaly.

Internetde mahabat meýdany hökmünde iri kontent-taslamalar çykyş edýär. Şeýle taslamalaryň eýeleri öz hyzmatlaryny mahabat meýdanlary hökmünde hödürleýärler. Internetde şeýle mahabat meýdanlary hökmünde banner torlary çykyş edýärler.

Elektron maglumatlar ulgamynda harydy ýerlemegiň we mahabat etmegiň esasy görnüşleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- Banner mahabaty.
- Tele-radio mahabaty.
- Gözleg ulgamynda we kataloglarda ýerleşdirmek arkaly guralýan mahabat.

*Banner* – bu mahabatly ýa-da bildirişli surat bolup, onuň öz animasiýasy bolýar we Internetiň haýsy hem bolsa bir Internet gorlarynyň salgysyny özünde saklaýar. Aýry saýtlar bilen deňeşdirilende, ol özüniň auditoriýany has giňişleýin gurşap almagy bilen häsiýetlendirilýär.

Iri saýtlarda mahabat ýerleşdirilende, adaty aragatnaşyk serişdelerinde mahabatyň ýerleşdirilişi ýaly, saýtlaryň göwrümini we auditoriýanyň düzümini, möwsümleýin giriş dinamikasyny, onuň auditoriýasynyň täzelenişini bilmek hökmanydyr.

Häzirki wagtda ulanylýan tehnologiýalar Internetde mahabat işini alyp barmakda media-meýilnamany düzmek üçin zerur maglumatlary anyk we aktual maglumatlary bermäge kömek edýärler.

Banner torlary barada aýdylanda bolsa, onda bu ýerde marketing ýaly elementler esasy rol oýnaýar. Adaty mahabat göterijilerinden we iri kontent-taslamalardan tapawutlylykda, banner torlar mahabatynyň ýerleşdiriljek saýtyny saýlap görkezilmeginiň edil öň ýanynda amala aşyrylýar.

Mahabat işinde esasy üns bermeli zatlaryň biri – nähili maksat bilen bu mahabat işiniň geçirilýänligidir. Eger satuwyň göwrümini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilen bolsa, onda mahabat işiniň netijeliligini kesgitlemek kynçylyk döretmeýär. Eger-de söwda markasynyň imijini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilen bolsa, onda goşmaça sorag-jogap geçirmek zerurdyr. Emma şeýle ýagdaýda-da Internet beýleki mahabat göterijileri bilen deňeşdirilende esasy orny eýeleýär. Şeýlelikde, bannerler görkezilende görkezmeleriň

mukdary, seslenmeler (banner boýunça haýsy saýtlarda has köp seslenmeler köpräk, haýsylarynda azrakdygy) barada maglumatlar fiksirlenýär. Mundan başga-da saýtyň haýsy sahypalaryna ulanyjylar has köpräk girýärler, haýsylaryna azrak (ulanyjylaryň mukdary) we ş.m. kesgitlemek bolýar. Goşmaça sorag-jogaplary geçirmek bilen sarp edijileriň şol ýa-da başga bir önümlere bolan gyzyklanmalaryny, pikirlerini we isleglerini bilmek bolýar.

Şeýlelik bilen, ýokarda agzalanlaryň esasynda häzirki wagtda Internetiň esasy hakyky we netijeli mahabat meýdanlarynyň biri bolup durýar. Internetde mahabatyň ýerleşdirilişi bellibir bilimi we aýratyn bir çykdajylary talap etmeýär, aýratyn hem – Internet gitdigiçe has kämilleşdirilýär.

## Banner mahabat işleriň dolandyrylyşy

Banner (iňlisçe-«Banner»-at) grafiki usul bolmak bilen, mahabat maglumatlaryny gipersalgylanmalaryň (ugrukdyryjy salgylanmalaryň) üsti bilen web-sahypasynda ýerleşdirmäge mümkinçilik berýär. Biziň günlerimizde bannerler esasy şu ölçeglerde: 468x60, 400x50, 88x31 ulanylýar. Banner mahabaty Internet ulgamynda barha uly orna eýe bolýar.

## Teleradio mahabaty

Tele we radio mahabaty Internet ulgamynyň öz önümlerini meşhur sungat ussatlarynyň üsti bilen mahabat etmesidir. Başgaça aýdanymyzda, Internetden peýdalanyjylar we olaryň iri birleşmeleri özüniň alyp barýan söwda işleriniň agramly bölegini teleradio we çaphana hyzmatlarynyň üsti bilen, esasan hem, täze açylan ýa-da häzirki wagtda öz işini ýerine ýetirýän kärhanalaryň we şereketleriň söwda kysymlaryny we atlaryny mahabatlandyrýarlar. Munuň özi köpçüligiň aňynda şol kärhanalar barada gowy pikir döretmek maksady bilen edilýär. Radiomahabatyň esasy muşdaklary 35-55 ýaş aralygyndaky adamlar hasaplanylýar.

## Gözleg ulgamynda we kataloglarda ýerleşdirilýän mahabatlar

Katalog (grekçe «katalogos»- sanaw) maglumatlar gözlenende aňsat tapmak we elýeter etmek üçin aýry-aýry ugurlary, böleklere

bölünen sanawlardan we temalardan ybaratdyr. Sanawyň aýry-aýry böleklerine özbaşdak at berilýär. Katalogda hasaba durmak üçin web-sahypanyň ýerleşdiriljek ýeri onuň gözleg edilende aňsatlyk bilen tapylmagyny üpjün etmelidir. Şu maksat bilen ýazmaça gözleg sözlerinden doldurylan talapnamany şol kataloga hyzmat edýän adamlaryň adyna ugradýarlar. Katalogda hasaba durmak we onuň düzümine kabul etmek işi dolulygyna şol katalogyň işini ýöredýänlere baglydyr. Häzirki wagtda müşderiler interenetiň üsti bilen haryt barada kataloglardan, mahabatlardan, tele we radio aragatnaşyklaryndan, telefonyň we kompýuteriň üsti bilen doly maglumat alyp bilýärler. Belläp geçmeli zatlaryň ýene-de biri, elektron söwdasynyň durnuklylygy maglumatlaryň alyş-çalşygyna we wagtly-wagtynda gelmesine bagly bolup durýandyr. Internetiň üsti bilen amala aşyrylýan elektron söwdasy şereketlere söwda bazarynda öz ornuny tapmaga, bäsdeşlik şertlerinde gatnaşmaga hem tejribe toplamaga ýardam berýär. Şol bir wagtyň özünde, şereketler öz harytlaryny bütin dünýäde mahabatlandyrmaga mümkinçilik alýarlar. Emma elektron söwda ulgamynda müşderilere tiz hem ýokary hilli hyzmat etmek, şertnamalary dogry, sowatly baglaşmagy başarmak möhüm meseleleriň biri bolup durýar. Türkmenistanda interaktiw telekeçiligiň ösdürilmegi elektron bazarynda bitewi we özbaşdak söwda bileleşigini (ulgamyny) döretmäge, birnäçe özbaşdak şereketleriň arasynda netijeli arabaglanyşygy ýola goýmaga mümkinçlik berer.

Banner mahabaty häzirki wagtda *WEB*-sahypalara we saýtlara alyjylary çekmek üçin giňden ulanylýar. Onuň daşyndan, banner mahabaty imij mahabatynyň amatly guraly bolup durýar. Banner munuň özi *WEB*-sahypalarda ýa-da *WEB*-saýtlarda ýerleşdirilýän grafiki suratlerdir. Has giňden ýaýran görnüşleri: *GIF* we *JPG* formatly bannerler. Soňky wagtda bannerleriň *ShockWave, Java* formatly gonüşleri ulanylýar.

Tejribede has giňden 468 60 piksel ölçegli bannerler ulanylýar. ABŞ-nyň ady belli guramalary Internet *Advertising Bureau (www.iab.net) we CASIE (The Coalition for Advertising Supported Information & Entertainment*) bannerleriň giňden ulanylýan görnüşlerini ulanmaklygy teklip edýärler. Bannerleriň görnüşleri 8-nji tablisada görkezilýär.

**Bannerleriň giňden ulanylýan görnüşleri**

| **Ölçegi (pikselde)** | **Banneriň görnüşi** |
|---|---|
| *468 60* | *Doly ölçegli banner (Full Banner)* |
| *234 60* | *Ýarym ölçegli banner (Half Banner)* |
| *125 125* | *Kwadrat ölçegli banner(Square Banner)* |
| *120 90* | *#1 düwmeli (Button #1)* |
| *120 60* | *#2 düwmeli (Button #2)* |
| *88 31* | *Mikrodüwmeli(Micro Button)* |
| *120 240* | *Dikligine ýerleşýän banner (Vertical Banner)* |

Banner mahabatynyň usullary şulardan ybarat:

1. *WEB*-saýtyň eýesi bilen şertnama arkaly bannerleriň arasynda alyş-çalşygy guramak.
2. Belli tölegleriň esasynda banner ulgamlary, gözleg serwerleri, kataloglary ulanmak.
3. Bannerleriň alyş-çalşygyny geçirmek üçin ýörite gulluklary ulanmak (*Banner Exchange Services*).

Tejribede köplenç banner mahabatynyň birinji usuly ulanylýar. Ol çeýeligi, netijeliligi bilen tapawutlanýar. Bu usul aşakdaky nyşanlar bilen häsiýetlendirilýär:

1. Umumy – dürli tema boýunça saýtlar kabul edilýär. Öňdebaryjylar: *RLE*, Intermahabat;
2. Tematiki – belli tema boýunça saýtlar kabul edilýär. Meselem: ýeňil maşyn («Awtobanner» ulgamy) we ş.m.
3. Sebitler – belli sebitler boýunça saýtlar kabul edilýär.
4. Goldanylýan mahabat formatlary.

Köp sanly torlar kärende ýa-da satyn alnan programma üpjünçiliginde ulanylýar. Bu üpjünçilik Banner Bank, Rota Banner и RLE Satellite tilsimatlara esaslanýar.

Häzirki wagtda öňdebaryjy banner torlar hökmünde aşakdakylar çykyş edýärler:

- *RLE*;
- lnterMahabat (*www.ir.ru*)
- *RB2 (rb2.design.ru)*.

## 8.6. Internetde täjirçilik we elektron täjirçiligi

***Elektron işewürligi*** *(e-business)* – bu kompaniýanyň Internet tehnologiýalaryny ornaşdyrmak ýoly bilen işiň netijeliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilen esasy işewürlik prosesleriniň kämilleşdirilmegi. Başga sözler bilen aýdylanda, elektron işewürligi – bu kompaniýanyň içki we daşky aragatnaşyklaryny kämilleşdirmek üçin bütindünýä maglumat torlarynyň mümkinçiliklerini peýdalanmak.

Elektron işewürliginiň düzümi aşakdaky ýaly funksional elementlerden durýar:

1. Elektron täjirçiligi *(e-commerce)*;
2. Elektron söwdalar *(e-procurement)*;
3. Müşderileriň elektron hyzmatlary *(e-care for customers)*;
4. Işgärleriň elektron hyzmatlary *(e-care for employees)*;
5. Işdeş ýoldaşlaryň elektron hyzmatlary *(e-care for Business Partners)*;
6. Wezipeli adamlaryň elektron hyzmatlary (e-care for influencers).

Maglumat bazary babatda torda işjeňligi iki görnüş esasynda çäklendirilýär:

- ***Internetde işewürlik (täjirçilik)***
- ***Elektron täjirçiligi.***

Olaryň aýratynlyklaryna seredip geçeliň.

*Internetde täjirçilik* (Internet commerce)– işewürligi alyp barmagyň täze bir goşmaça serişdesi hökmünde Interneti ulanýar. Ýagny firma işewürligi alyp barmagyň adaty usullaryny ulanmak bilen, wirtual mümkinçilikleri üpjün edýär. Mysal üçin, täze müşderileri gözlemek, olar bilen baglanyşmagyň täze mümkinçilikleri. Şeýlelikde, «Internetde täjirçilik» diýmek bilen, işiň bellibir bölegini tora geçirmeklige ýa-da tory (Interneti) goşmaça serişde hökmünde ulanmak bilen söwda amallaryny ýerine ýetirmeklige düşünilýär.

***Elektron täjirçiligi*** *(e-commerce)* – bu Internetde işewürligi alyp barmakdyr. Ýagny bu Internetde işewürligi ýönekeý guramakdan has giň we çylşyrymly ugurdyr. Bu ýerde müşderileriň harytlar bilen tanyşmagyndan başlap, tä tölegler doly geçirilip, haryt satyn alnyp (bu ýerde haryt diýlip maglumat ýa-da programma üpjünçiligi göz öňünde tutulýar), müşderä gowuşýança alnyp barylýan işleriň ähli-si tutuşlygyna Internete degişli bolup durýar. Şeýlelikde, *«elektron täjirçilik»* – bu adaty usullary ulanmazdan, işewürligi alyp barmagyň «*online*» görnüşidir.

Hünärmenleriň kesgitlemegine görä, torda işewürligi üstünlikli alyp barmagyň esasy faktorlarynyň biri soraglary dogry bermekligi we olara obýektiw jogaplary almaklygy başarmakdyr.

Öňden belli bolşy ýaly, işewürligi alyp barmagyň görnüşi hökmünde elektron täjirçiliginde Internet diňe bir gurşaw däl-de, eýsem, serişde hökmünde ulanmaklyga düşünilýär.

Elektron täjirçiligiň esasy subýektleri – satyjy, satyjynyň banky, alyjy we alyjynyň banky.

Umuman, elektron täjirçilik Internet ulgamyň üsti bilen täjirçilik amallaryny elektron görnüşde geçirmek üçin mümkinçilik berýär. Bu amallar şu aşakdaky görnüşlere bölünýärler:

- ***B2B*** *(Business-to-business)* – birnäçe kompaniýalaryň arasynda täjirçilik amallary geçirilýär.
- ***B2C*** *(Business-to-consumer)* – kompaniýa bilen ulanyjy (sarp ediji).
- ***C2C*** *(Consumer-to-consumer)* – ulanyjy bilen ulanyjy (sarp ediji bilen sarp ediji).
- ***Başgalar, ýagny C2B*** *(Consumer-to-business)* – ulanyjy bilen kompaniýa, ***G2B*** *(Government-to-business)* – döwlet gulluklary bilen kompaniýa, ***G2C*** *(Government-to-consumer)* – döwlet gulluklary bilen ulanyjy (sarp ediji).

Indi bolsa, ýokarda agzalan täjirçilik amallaryň görnüşleriniň üstünde gysgaça durup geçeliň:

***B2B*** *(Business-to-business)* – giňden ýaýran elektron täjirçiligiň görnüşi. Bu amalyň üsti bilen birnäçe kompaniýalaryň arasynda

elektron torlary ulanyp, iş gatnaşyklary gurnalýar. Bu gatnaşyklarda bazardaky hyzmatyň hereketiniň dürli ugurlary, ýagny mahabatlandyrma işi, marketing işleri, tehniki goldaw, maliýe işi we ş.m. ulanylýar.

Bir kompaniýa öz Internet sahypasynda bellibir önümi satyn aljakdygy barada bildiriş ýerleşdirýär. Kompaniýa – satyjy bolsa Internet torunyň üsti bilen şol kompaniýa öz täjirçilik tekliplerini iberýär. Internet-sahypalarda ýerleşen kompaniýalaryň auksion ýa-da tendr görnüşli amallar *B2B* täjirçilikde giňden ulanylýar.

***B2C** (Business-to-consumer)* – bu täjirçilik amalynyň esasy bolup, Internet ulgamynyň kömegi bilen elektron söwdany guramak we alyp barmakdyr. Müşderiler, satyjylar we alyjylar (sarp edijiler) Internet ulgamyň üsti bilen özüniň gyzyklanýan önümi ýa-da harydy barada maglumatlary alyp, söwda amallaryny geçirip bilýär. Bu täjirçilik amalynyň esasy aýratynlygy – öndürijiler, satyjylar we alyjylar özleriniň wagtyny we pul serişdelerini tygşytlap bilýärler.

Häzirki wagtda bu amalyň üsti bilen Internet dükanlar döredilip başlandy. Dünýäde Internet dükanlaryň arasynda *Amazon.com we Buy.com* elektron dükanlary iň irisi hökmünde özüni tanatdylar.

***C2C** (Consumer-to-consumer)* – bu *B2C* amalynyň täze görnüşi bolup çykyş edýär.

Onuň esasy aýratynlygy – harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşygy sarp edijileriň arasynda geçirilýär. Oňa mysal edip, dünýäde giňden ýaýran *ebay.com wirtual* auksionyny getirip bolar.

***C2C*** täjirçilik amaly nähili işleýär? Ilki bilen alyjylar Internet-auksiona gatnaşýarlar we olary gyzyklandyrýan harytlary saýlaýarlar. Soňra olar öz tekliplerini ýerleşdirýärler. Şol teklipler kabul edilse, auksiondaky harytlar alyjylara satylýar.

Häzirki wagtda Internet ulgamynyň kömegi bilen islendik telekeçilik amallary elektron söwdanyň, tele-wideo konferensiýalaryň, elektron dükanlaryň üsti bilen ýerine ýetirip bolýar.

**C2C** täjirçilik amalynyň esasy bolup, Internet ulgamynyň kömegi bilen elektron söwdany guramak we alyp barmak mümkinçilikleri hödürleýär.




12-nji surat. Elektron işewürliginde amallaryň görnüşleri

Umuman aýdylanda, elektron işewürligiň üsti bilen edilýän amallaryň artykmaçlyklary bar. Alyjylara ol hemmetaraplaýyn amatlydyr. Internet ulgamynyň we täjirçilik maglumat gulluklaryň kömegi bilen alyjylar dürli deňeşdirme maglumatlaryna eýe bolýarlar. Bulardan başga-da, elektron täjirçiligi işjeň tertipde çalt ýerine ýetirilýär. Alyjylar öz öýünden çykman özüne gerek häsiýetdäki haryt hakynda satyjy bilen onuň WEB-sahypasy boýunça «gürleşip» bilýärler.Ýokarda agzalan täjirçilik amallaryň görnüşleri 12-nji suratda görkezilýär.

# 9. TÖLEG ULGAMY WE ONUŇ AÝRATYNLYKLARY

## 9.1. Bank kartynyň ornaşdyrylyşy

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen halkymyz eşretli durmuşda bagtyýar ýaşaýar. Bu eşretli durmuşy türkmen halkymyza peşgeş beren hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bu oňyn syýasaty halkymyzyň bagtly geljege bolan ynamyny artdyrýar.

Türkmenistanda döwlet möçberli alnyp barylýan işleriň gerimi barha giňeýär. Amala aşyrylýan özgertmeleriň binýadynda bolsa, milli ykdysadyýetimiziň gazanýan üstünlikleri durýar.

Ýurdumyzy mundan beýläk hem durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin kesgitlenen strategik ugurlary durmuşa geçirmekde netijeli bank ulgamynyň roluny güýçlendirmek döwletiň möhüm wezipeleriniň biridir. Sebäbi durmuş-ykdysady özgertmeler bilen bir hatarda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny kämilleşdirmek, ýurdumyzda maliýe hasabatlarynyň halkara ülňülerini ornaşdyrmak, hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny kämilleşdirmek, milli walýutamyzyň hereketini çaltlandyrmak ýaly çäreleriň geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmek ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmekde we ösen döwletleriň derejesine ýetirmekde alnyp barylýan işleri, Türkmenistanyň pul-karz we walýuta syýasatyny has-da kämilleşdirmek maksady bilen, 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidenti 11498 belgili Karara gol çekdi. Oňa laýyklykda, Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy, şeýle hem, Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmek boýunça amala aşyrylmaly çäreleriň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasy tassyklanyldy. Bu Döwlet maksatnamasy bank ulgamynyň ösüşiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek bilen ykdysadyýetdäki ýagdaýlara baglylykda çaklanylýan sepgitleri belleýär we olaryň durmuşa geçirilmegi Türkmenistan döwletimizde bazar gatnaşyklaryna uýgunlaşan häzirki zaman bank ulgamynyň döredilmegine itergi berýär.

Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda hasaplaşyklar we töleg ulgamyny ösdürmek maksat edilip goýulýar we geljekde durmuşa geçirmeli işleriň esasyny düzýär. Çünki häzirki zaman bazar ykdysadyýeti şertlerinde pul-karzy kadalaşdyrmak, pul dolanyşygynyň guralyşy banklaryň esasy orun eýeleýän töleg-hasaplaşyk amallaryna daýanýar. Döwlet Maksatnamasynda bellenişine görä, bölekleýin nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek prosesinde toruň işini kämilleşdirmek, bank kartlary boýunça hereket edýän töleg ulgamlary bilen halkara ulgamlaryň birikdirilmegi boýunça işleri geçirmek, bank kartlarynyň kömegi bilen, hyzmatlar üçin tölegleri nagt däl görnüşinde amala aşyrmak mümkinçiliklerini döretmek, şeýle-de bank ulgamy tarapyndan nagt pul dolanyşygyny azaltmak üçin häzirki zaman tehnologiýalaryna esaslanýan, bank kartlaryny ulanmak bilen, nagt däl töleg usularyny ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Altyn asyr» bank kart töleg ulgamynyň kömegi bilen nagt däl hasaplaşyklary netijeli we çalt amala aşyrmagy üpjün etmeklik, şeýle hem ýurdumyzda ilata harytlar we hyzmatlar üçin hasaplaşyklary töleg kartlarynyň üsti bilen geçirmek mümkinçiligi kämilleşdirilýär. Bankara prosesiniň merkeziniň işini kämilleşdirmek bank kartlaryny ösdürmekde zerur şertleriň biri bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň goýberen «Altyn asyr» bank kartlary ulanyşda hereket edýär.

Dolanyşykda hereket edýän bank kartlarynyň bähbitli taraplary:

- pullary ýasamak, daşamak we saklamak üçin çykdajylary tygşytlamakdan;
- pul dolanyşygynyň netijeliligini artdyrmakdan;
- puluň ýitirilmeginiň we galplaşdyrylmagynyň öňüni almakdan;
- hasaplaşyklary geçirmekde wagty tygşytlamakdan;
- pul geçirimlerini aňsatlaşdyrmakdan we çaltlaşdyrmakdan;
- karz almak we goýum goýmak işlerini ýeňilleşdirmekden ybaratdyr.

«Altyn asyr» bank kartynyň tehniki aýratynlyklary barada şulary aýtmak bolar:

- «Altyn asyr» bank karty mikroshema esasynda işleýär.

- Karta oturdylan mikroshema (çip) ýörite enjamlaryň kömegi bilen özüne ýazylan bank kartynyň eýesi baradaky identifikasiýalaşdyryş maglumatlaryny hem-de syrly elektron gol suratyny berýär.
- Elektron goly we hiç kime mälim bolmadyk tötänleýin sanlaryň yzygiderligini çatmak arkaly mikroshema çatyp, bank karty işjeň ýagdaýa getirilýär. Bu kartlaryň üsti bilen zähmet haklarynyň berilmegi töleg kartlarynyň giňden peýdalanylmagyna amatly şertleri döredýär. Geljekde bu kartlaryň üsti bilen pul geçirimlerini, ulag sürüjilere ýangyç üçin, ilata ykjam telefonlar we beýleki ýaşaýyş jaý jemagat hyzmatlary üçin hasaplaşyklaryň gysga wagtda we nagt däl görnüşinde amala aşyrylmak işleri ýola goýular.

Şeýlelikde, ýurdumyzda töleg ulgamyny kämilleşdirmekde, häzirki zaman kommunikasion tehnologiýalaryny hem-de nagt däl hasaplaşyklary geçirmekde «Altyn asyr» bank kartlarynyň ornaşdyrylmagyny, bank işjeňliginiň kämilleşmegini we halkara bank ulgamyna sazlaşykly girişmegini üpjün etmekde Türkmenistanda hereket edýän täjirçilik banklarynyň hyzmatlary uludyr.

Häzirki wagtda täjirçilik banklarynyň şahamçalary bilen elektron aragatnaşygy optiki-süýüm ulgamynyň üsti bilen amala aşyrmaklyga başlady. Bu bolsa bitewi maglumatlar toplumy bolan ýörite bank programmasyny peýdalanmaga, ýerli şahamçalarda hasaplaşyklaryň nagt däl görnüşini ulanmaklyga, ýagny bank kart ulgamynyň bankomatlaryň, plastiki kart terminallarynyň Türkmenistanyň ähli künjeklerinde ulanylmagyna amatly şertleri döredýär.

Geljekde bu döwlet ähmiýetli alnyp barylýan işleriň durmuşa giňden ornaşdyrylmagy bolsa, ykdysady ösüş ýolumyzda gadamymyzyň batlanmagyna ýurdumyzyň ösen döwletleriň hatarynda ynamly hereket etmegine ýardam eder.

## 9.2. Nagt däl hasaplaşyklar

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri syýasatynyň baş maksady – milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlylygyny artdyrmakdan we halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şu nukdaýnazardan bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda

amala aşyrylýan ykdysady özgertmeleriň çägindäki bank ulgamynyň işini, hasaplaşyk tölegleriniň hilini gowulandyrmak boýunça düýpli işler edildi. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kartly töleg ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, şeýle hem ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklary geçirmegiň tertibini düzgünleşdirmek we gerimini giňeltmek babatynda öňegidişlikler gazanyldy.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin kabul eden Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek üçin bank ulgamyny dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary düzgünleşdirmek boýunça degişli işler amala aşyrdy. Bu ugurda Türkmenistanyň banklary tarapyndan iri söwda merkezlerinde hem-de ministrlikleriň we pudak edaralarynda bankomatlar, töleg terminallary ornaşdyrylýar, şeýle hem zähmet haklaryny bank kartlary arkaly paýlamak tejribesi durmuşa ornaşdyrylýar.

Ýurdumyzyň çäginde nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmagy düzgünleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 2009-njy ýylyň ýanwar aýynda «Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklar hakynda» Düzgünnama tassyklanyldy we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde hasaba alyndy. Bu Düzgünnama bilen Türkmenistanda ulanylýan hasaplaşyk resminamalaryň görnüşleri hem-de olary doldurmagyň we resmileşdirmegiň tertibi kesgitlenildi. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleriniň biri hem bank kartlar bilen geçirilýän hasaplaşyklardyr.

Nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek we pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak, söwda we hyzmatlar babatda olaryň hasabynyň ýöredilişine we dolanyşygyna gözegçiligi kämilleşdirmek işleriniň durmuşa geçirilmegi, ýurdumyzyň maliýe taýdan durnuklylygyny pugtalandyrmaklyga, milli puluň hümmetini berkitmäge we milli ykdysadyýetiň ösüşini üpjün etmäge ýardam edýär. Häzirki döwürde ulanylýan bank kartlary döwrüň ösmegi bilen has-da kämilleşdirilýär. Onuň ýerine ýetirýän wezipeleri, tehniki häsiýetleri we aýratynlyklary tapawutlydyr. Olaryň artykmaçlyklarynyň biri hem kartlar rugsat edilmedik daşky täsirlerden ýokary derejede goralandyr. Bank kartynyň kömegi bilen dürli hyzmatlar we harytlar üçin tölegler

nagt däl görnüşde amala aşyrylyp bilinýär. Bu karz we goýum amallary geçirmäge hem mümkinçilik berýär.

Nagt däl hasaplaşyklaryň üsti bilen geçirilýän karzlaşdyrma amallarynyň bir görnüşi hökmünde «owerdraft» dünýä tejribesinde giňden ulanylýar. «Owerdraft» iňlis dilinde (over – *artyk, draft* – taslama) gysga möhletli karzyň bir görnüşini aňladýar. Muňa bank karz berýär diýip düşünilýär. Tejribede oňa meýilnamalaşdyrylmadyk ýagdaýlarda puluň sarp edilişi üçin peýdaly serişde hökmünde garalýar. Munuň özi bank öz müşderisine diňe bir karz kartyny bermek däl-de, eýsem zerur ýagdaýlarda karz möçberini hem ulanmaga mümkinçilik berýändigini aňladýar.

Raýatlar üçin bank kartlary diňe bir karz almaga amatly bolman, eýsem olar üçin pullarynyň ýitmezligine, wagtyň tygşytlylygyna, ýeňillikler bilen tölegleri geçirmäge, goýumlaryny goýmaga hem amatlydyr.

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Merkezi bankynyň programma üpjünçiligi we kartly töleg ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» kabul eden Karary esasynda ýurdumyzyň çäginde bank kartlaryny giňden ýaýbaňlandyrmak, onuň netijesinde pul-karz ulgamyny kämilleşdirmek, nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek, milli ykdysadyýetde pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak, nagt däl pul dolanyşygyna ilatyň nagt serişdelerini çekmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň «Altyn asyr» kart töleg ulgamy ähli täjirçilik banklaryň gatnaşmagynda işjeň ulanylýar.

Töleg ulgamynyň kartlarynyň eýeleri üçin bank hyzmatlarynyň dürli görnüşleri hereket edýär. Mälim bolşy ýaly, bank ulgamyny kämilleşdirmek ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçilmegine we dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň häzirki zaman ulgamyna mundan beýläk-de sazlaşykly goşulyşmagyna amatly şertleri döredýär. Häzirki döwürde pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak bank ulgamynyň öňünde durýan esasy wezipeleriniň biridir. Şu meseläni çözmek üçin banklar töleg kartlary bilen pul gatnaşyklaryny amala aşyrýarlar. Töleg karty bilen geçirilýän amallar müşderilere maliýe babatynda hyzmat etmegiň täze geljegi bar bolan görnüşini açýar we şonuň bilen bilelikde, bankyň girdejisini ýygym tölegleriň hasabyna artdyrmaga mümkinçilik berýär. Bu täze görnüşli hyzmatyň

esasynda bankyň müşderileriniň sany artýar we nagt pul dolanyşygy boýunça hyzmat etmegiň çykdajylary azalýar.

Umuman aýdylanda, nagt däl hasaplaşyklary ösdürip, pul serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak we töleg ulgamynyň netijeliligini artdyrmak işleriniň amala aşyrylmagy, ýurdumyzyň maliýe taýdan durnuklylygyny pugtalandyrmaklyga, milli puluň hümmetini berkitmeklige, ýurdumyzyň ykdysady ösüşini we pul serişdeleriň kadaly dolanyşygyny üpjün etmäge, müşderileriň pul serişdelerine bolan wagtlaýynça zerurlyklaryny aradan aýyrmaga, olaryň pul serişdelerini berk gorap saklamaklaryna oňaýly täsir edýär.

## 9.3. Bank geçirimleri

Bu geçirimleriň ygtybarlylygy bilen baglylykda harytlara we hyzmatlara tölegler geçirilende saýlaw usuly bolmagyna ýardam edýär. Köp banklaryň biziň ýurdumyzda işleýän şahamçalary, olaryň kömegi bilen müşderilere daşary ýurtlarda satyn almaga mümkinçilik döredip bilýärler. Olaryň her biriniň diýen ýaly hyzmatlarynyň sanawynda halkara pul geçirimleri bar, olar şu bankda hasap açylan ýa-da açylmadyk şertlerinde hem amala aşyrylýar. Ugratmak prosedurasy kyn däldir. Ony amala aşyrmak üçin size birnäçe hökmany pursatlary bilmek zerurdyr:




1. Kabul ediji bankynyň ady we salgysy.
2. Kabul ediji bankynyň *SWIFT*-kody.
3. Kabul ediji hasap belgisi.
4. Geçirimi kabul edijiniň pasportynyň belgisi, familiýasy we salgysy (onuň işjeň hasabat bank hasaby bar bolanda – onuň belgisi).

Internet-satyn almalaryň töleginiň bu usuly giňden, aýratyn hem Ýewropa ýurtlarynyň auksionlarynda ýaýrandyr. Şol ýerde häzir hem tölegiň elektron ulgamlary we bank kartlary bilen bäsleşik edýär. Şoňa görä-de, Günbatar Ýewropadan haryt alynmaly bolsa, bu barada ýatlap durmaly.

## Bank çekleri




Bank çekleri Günbatar Ýewropada giňden ýaýran töleg usuly. Onuň meşhurlygynyň sebäbi – Çek kitapçalarynyň kömegi bilen ulanmak, amatly bolan serişdeleriň bank hasaplarynyň köpüsinde bar bolmagydyr. Nagt pullar bilen iş salyşmazdan alnan zatlar üçin doly hasaplaşyp bolýar, şunlukda, ol haçan-da alyjy satyjy bilen gös-göni iş salyşýan wagtynda hem, haçan-da çeki salga ugratmaly bolanda hem amala aşyrylyp bilner. Çekiň at ýazylan resminamalygy we blankada ady görkezilen alyjydan başga hiç kimiň ony bankda nagt pula öwrüp bilmeýänligi sebäpli ygtybarlyk berjaý edilýär. Banklar köplenç çeki pula öwürmegiň wagtyny çäklendirýärler. Ol adatça birnäçe aýlardan durýar, bu bolsa poçta geçirimini dünýäniň islendik nokadyna geçirmek üçin ýeterlikdir. Ýöne çekiň banka eltilýän wagty ýaly wagtyň çekiň hakykydygyny anyklamak üçin onuň yzyna – bank-eýesine ugratmak üçin sarp edilýändigini hasaba almalydyr.

Bank tarapyndan çek pula öwrülendäki alynýan komission ýygym satyjy tarapyndan öňünden anyklanmalydyr, sebäbi geçirişler amala aşyrylanda ol hasaba alynmalydyr. Dürli döwletleriň dürli banklarynda komission ýygym ep-esli derejede tapawutlanýar.

Diýmek, tölegiň beýan edilen usuly örän uzak, goşmaça kynçylyklar üçin satyja amatly däl, ýöne çekiň belli ada ýazylany üçin ynamly, alyjy üçin ýönekeý, çünki diňe gol goýlan çeki kabul edijiniň salgysy bolan bukja salmak ýeterlik.

### Tiz pul geçirimleri



SPECIAL RATES

| Country | | Amount | Charge |
|---|---|---|---|
| Ethiopia | $ | 1-500 | $9 |
| | $ | 500.01-1000 | $10 |
| Bangladesh | $ | 1-1000 | $10 |
| Sri Lanka | $ | 1-500 | $7 |
| | $ | 500.01-1000 | $10 |
| Kenya | $ | 1-300 | $10 |
| | $ | 300.01-500 | $12 |
| India | $ | 1-1000 | $10 |
| Nepal | $ | 1-1000 | $10 |
| Egypt | $ | 1-1000 | $10 |
| | $ | 1000.01-2000 | $20 |
| Philippines | $ | 1-500 | $7 |
| | $ | 500.01-1000 | $14 |
| Sudan | $ | 1-1000 | $10 |
| | $ | 1000.01-2000 | $20 |
| Madagascar | $ | 1-200 | $10 |
| | $ | 200.01-400 | $20 |
| Pakistan | $ | 1-1000 | $10 |

*Western Union* – pul serişdelerini geçiriji ulgamda ilkinji we häzirki wagtda öňdebaryjy kompaniýadyr. Ol şu pudakda öz işini 1871-nji ýylda başlady, şoňa görä-de onuň toplan tejribesi ummasyzdyr. Häzirki günde kompaniýanyň 200-den gowrak ýurtlarda wekillikleri bar, pullary ugradýan we kabul edýän punktlarynyň umumy sany bolsa 280 000-den geçýär.

Wagtyň geçmegi bilen geçirimleriň artýan ynamlylygyndan başga-da, Western Union resminamalary taýýarlamagyň ýönekeýligi we teklip edilýän hyzmatlaryň ýerine ýetirilişiniň çaltlygy bilen tapawutlanýar.

Geçirimleri ugratmak üçin size diňe kabul edijiniň ýurduny, şäherini, familiýasyny we adyny bilmek ýeterlik. Hyzmat ediş punktynda blankany doldurmak, ugradyjynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamany görkezmek, kassa geçirilmeli puly we komission ýygymy tölemek zerur, ondan soň operator ugradyja geçirimiň belgisini (*MTCN – money transfer control number*) habar berer. Bu belginiň dakylmagy bilen ugradylýan pul töleg üçin elýeterli bolýar. Ony we geçirilýän pullaryň mukdaryny kabul edijä habar bermek zerurdyr, goşmaça töleg bilen geçirim barada mälim etmegi kompaniýa tabşyrmak bolýar. Ol muny adaty iki ýol: poçta ýa-da telefon bilen ýerine ýetirip bilýär. Bu goşmaça hyzmatlardan başga-da ugradyjy howpsuzlyk üçin blankada jogaby bilen gizlin sowaly görkezip bilýär. Şu ýagdaýda geçirimi almak üçin müşderi – kabul ediji ugradyjynyň familiýasyndan we adyndan, ugradylan ýurdundan, Barlag *MTCN*-belgiden we geçirilen puluň mukdaryndan başga-da sowalyň jogabyny bilmelidir.

Geçirimi alýan wagty, müşderi geçirimiň belgisini görkezmek bilen blankany doldurmalydyr, şahsyýetini tassyklaýan resminamany görkezmelidir, ondan soň ol kassadan pul serişdelerini alyp bilýär. Dürli ýurtlaryň *Western Union* nokatlarynda geçirimleri bermegiň üç görnüşi bar:

1) diňe kabul eden ýurduň walýutasynda;
2) diňe amerikan dollarynda;
3) milli walýutada ýa-da *USD* almagy saýlamak (birinji ýagdaýda çalşyk Western Union kompaniýasynyň öz hususy kursy boýunça geçirilýär).



### Tölegiň Online ulgamlary

Häzir *Cyber Source Corporation* korporasiýasynyň eýeçiliginde bolan belli töleg resurslarynyň biri bolan *BidPay* – elektron tölegler boýunça hyzmatlaryň hödürlenýän pudagyndaky liderleriň biri.

BidPay®
ACTIVE ACCOUNTS PAYABLE DISCOUNTING

Ondan peýdalanmak üçin *Visa* ýa-da *MasterCard* (debit ýa-da karz– tapawudy ýok) ulgamynyň halkara bank kartynyň eýesi bolmak we bellige almagyň çylşyrymly bolmadyk prosesini geçmek ýeterlikdir.

Saýtyň sahypasyna giren wagtyňyz size *eBay* auksionynyň ýa-da *Amazon* dükanynyň lotlaryna geçmek teklip ediler.

Bütewüligine *BidPay* howpsuzlygy bilen tapawutlanýar. Sebäbi taýýarlaýyş prosesinde tölenýän *auksion loty* ýa-da daşary ýurt dükanynyň harydy baradaky, satyjy (hususan-da, onuň BidPay-identifikatory), alyjy hökmünde siz hakda maglumatlar görkezilýär.

Skrill
moneybookers

*Moneybookers Limited* — iňlis ulgamy, ol ýerleşýän ýerine garamazdan In-

terneti peýdalanyjylara elektron poçta arkaly tölegleri çalt geçirmek mümkinçiligini döredýär.

Tölegleri geçirmek üçin diňe bellikden geçmek we öz parolyňy hem-de elektron poçtany ulanyp, *E-mail* poçtasy bolan islendik adama (onuň hat-da *Moneybookers* ulgamynda bellige alnan bolmagy hem hökman däl) puly ugratmak ýeterlik. Serişdeleriň çeşmesi hökmünde bank kartalary ýa-da işjeň bank hasaplary ulanylýar. Akkauntdaky puluň üstüni doldurmak üçin saýtda kartyň rekwizitlerini görkezmek ýeterlik, serişdeler hasaba birnäçe pursatdan soň gelip düşer, ýöne bu usul saýlananda geçirilýän puluň mukdaryna garamazdan 1,8 € möçberde komission ýygym tölenmelidir. Serişdeler halkara bank geçirimleri arkaly geçirilse bu operasiýa mugtdyr. *Moneybookers* ulgamy arkaly pul geçirimleri haçanda hasapda serişdeleriň ýeterlik möçberi we geçirimler üçin tölegler bar bolanda mümkindir. Geçirimler üçin tölegler geçirilýän puluň mukdarynyň 0,1% bolup, onuň maksimumy - 0,5 €.




*Moneybookers* ulgamynyň artykmaçlygy – hyzmatlaryň arzanlygy, elementar ýönekeýlik we amala aşyrmagyň çaltlygy (pullar real wagtda saklanmazdan geçirilýär).

*PayPal* – ýokarda beýan edilen ýörelge boýunça işleýän tölegiň halkara ulgamy.

Köp ýurtlar üçin ony peýdalanmakda çäklendirmeler bar, ýöne Russiýa Federasiýasy üçin ulgam töleg serişdesi hökmünde elýeterli, şoňa görä-de onuň ýaşaýjylary *PayPal* ulgamyndan peýdalanyp bilerler. Bu ulgam eýýäm köp wagtlardan bäri giň meşhurlyga eýe bolmaga ýetişdi. Bu ulgamy ulanýan alyjylar öz alan zatlary we satyjydan harydy alyp bilmedik ýagdaýlary üçin 2 000 $ çenli ätiýaçlandyrma bil baglap bilerler. Auksionlardaky we dükanlardaky söwdalaryň köp böleginiň şu mukdaryň çäklerinde amala aşyrylýandygy hasaba alnyp, peýdalanyjylara olaryň söwda edenlerindäki ulanýan pullarynyň mukdarynyň barysynyň goragy kepillendirilýär.

*Web Money* – Internet arkaly pul geçirimleri üçin ýörite döredilen programma üpjünçiligini ulanýan, Russiýada döredilen töleg ulgamydyr.




Ol tölegleri lokal we halkara derejelerde geçirmäge mümkinçilik berýär, ýöne tölegler bu ulgamyň gurnalan döwletlerinde ulanylyp bilner. Sanaw uly däl, ýöne bu döwletlerde daşary ýurtlardan Internet arkaly almaga kömek berýän araçy kompaniýalaryň köpüsi bar. Şu hyzmatlary üçin bolsa olar *WebMoney* ulgamyndan tölegi kabul etmäge taýýar. Tölegiň beýleki usullary bilen deňeşdirilende komission ýygymyň möçberi – ortaça derejede.

# 10. MAGLUMAT HOWPSUZLYGY

## 10.1. Maglumat howpsuzlygyny guramagyň serişdeleri

**Maglumat howpsuzlygyny dünýä derejesinde guramagyň serişdeleri.** Dünýä derejesinde maglumat howpsuzlygy aşakdaky serişdelere esaslanýar:

*1. Guramaçylyk we administratiw serişdeler.* Bu serişdeleriň maksady – howpsuzlyga haýbat atma mümkinçiliklerini kynlaşdyrmak. Esasy ýerine ýetirilýän çäreler:

- gözegçilik düzgünini döretmek;
- ýörite rugsatnamalary paýlamak;
- ynamdar wezipeli adamlara rugsat bermek;
- daşky göterijileri ýörite seýflerde saklamak;
- düzgünnamalary işläp taýýarlamak.

*2. Tehniki serişdeler.* Bu serişdeleriň maksady – täze naýbaşy tehniki serişdeleri bilen üpjün etmek.

*3. Tehnologik serişdeler.* Esasy ýerine ýetirilýän çäreler:

- göterijileriň arhiw görnüşinde nusgalaryny döretmek;
- kompýuteriň daşky huşunda faýllary awtomatik usul bilen ýatda saklamak;
- ulanyjylary žurnallarda bellige almak;
- ýorite resminamalary işläp taýýarlamak.

*4. Hukuk we etika serişdeleri.* Esasy ýerine ýetirilýän çäreler:

- Kanunlary kabul etmek. Türkmenistan döwletimizde 2001-nji ýylyň ýanwar aýynyň 2-sine «Elektron resminamalar» hakynda Kanun kabul edildi.
- Normatiw aktlary kabul etmek.

Maglumatlaryň goralyşy – kompýuter torlarynyň ösüşiniň kanunalaýyklygydyr. Kompýuter torlarynyň döredilmegi, kompýuterleriň giňden ulanylmagy we maglumat ulgamlarynyň ornaşdyrylmagy bilen maglumatlary goramak meselesini çözmegiň zerurlygyny döretdi.

Maglumatlary goramak, diýmek, aşakdakylary göz öňünde tutmak:

1. maglumatyň fiziki taýdan umumylygyny üpjün etmek, ýagny maglumatyň elementleriniň zaýalanmagyna ýa-da ýok edilmegine ýol bermezlik;
2. maglumatyň umumylygynyň saklanylýan döwründe, onuň elementleriniň çalşyrylmagyna ýol bermezlik;
3. rugsatsyz adamlaryň maglumaty bikanun almagyna ýol bermezlik;
4. maglumatynyň ulanyjysy onuň ibermekliginiň ýa-da satmaklygynyň netijesinde sargyt edene ýetirmeklik.

Maglumatlaryň we resminamanyň döredilişi, işlenip taýýarlanylyşy, saklanylyşy, berlişi we kabul edilişi anyk maglumatlar ulgamyna bildirilýän howpsuzlyk talaplaryny ödemelidir.

Edaralarda we kärhanalarda çözülýän meseleleriň maksatnamalary we resminamalary ogurlykdan, ýitirilmekden, ýok edilmekden, wiruslardan we ş.m. zyýançylyklardan maglumat tilsimatynda işleýänlere belli bolan çäreler bilen goralmalydyr. Onuň üçin ondaky tehniki serişdeler we kompýuterleriň terminallary, maglumat göterijiler ýöriteleşdirilen usullar bilen goralmalydyr hem-de olardaky maglumat we programma üpjünçiliginiň nusgalary olardan aýry seýflerde saklanmalydyr.

## 10.2. Maglumatlaryň goralyş usullary

Ygtybarly goragy gurmak kompýuter ulgamynda aýlanyp ýören maglumatlary olaryň konfidensiallyk derejesini anyklamak, olaryň howpsuzlygynyň potensial howplaryny derňemek we olary goramak üçin zerur režimi kesgitlemek maksady bilen bahalandyrmagy öz içine alýar.

Häzirki döwürde ol ýa-da beýleki maglumaty – täjirçilik syry kategoriýasyna dürs girizmegi amala aşyrýan haýsydyr bir uniwersal usulyýet ýok.

Maglumaty goramagyň maksady:

- maglumatyň ýitmeginiň, ogurlanmagynyň, ýoýulmagynyň, galplaşdyrylmagynyň öňüni almak;
- maglumaty ýok etmek, ýoýmak, ýapmak üçin rugsat berilmedik hereketleriň öňüni almak;

- ➤ döwlet syryny, resmileşdirilen maglumatyň konfidensiallygyny gizlin saklamak.

Maglumatlary goramak çärelerine edaranyň, kärhananyň we guramanyň ýolbaşçylary, anyk ulanyjylar, taslaýjylar hem-de guraýjylar degişlilikde gatnaşmalydyrlar.

Elektron arhiwlerde maglumatlary goramak üçin dürli usullar we serişdeler ulanylýar. Iň bir ýönekeý usuly – kodlanmadyk parollary ibermek; iň çylşyrymly usuly – parollary gurmak. Olaryň arasynda protokol *Extensible Authentication Protokol (EAP)* giňden ulanylýar. Bu protokol hakykylygy barlamak üçin ulanylýan usullary goldaýar. Meselem, smart-kartlaryň, sertifikatlaryň hakykylygyny barlamak we ş.m.

Tejribede aşakdaky usullar has giňden ulanylýar:

1. Sorag-jogap görnüşde çagyrmak.
2. Howpsuzlyk ulgamynyň hereketleri.
3. Maglumatlary kodlamak.
4. Hakykylygyny barlamak.

**1.** Sorag-jogap görnüşde çagyrmak usuly çykdajylary azaldýar we arhiwiň goşmaça goralyşyny üpjün edýär. Eger-de ulanyjy serwere ýüzlense, onda aşakdaky amallar ýerine ýetirilýär:

- serwer ulanyjynyň we parolyň dogrulygyny barlaýar;
- eger-de olar dogry bolsalar, onda serwer öz işini tamamlaýar we jogap görnüşde çagyrmak işleri ýerine ýetirýär.

**2.** Howpsuzlyk ulgamynyň hereket ediş usuly boýunça aşakdaky operasiýalar ýerine ýetirilýär:

- ➤ kompýuter daşlaşdyrylan serweri çagyrýar;
- ➤ kompýuter öz parolyny serwere iberýär;
- ➤ serwer ulanyjynyň maglumatlar bazasyndaky ýerleşýän maglumatlary bilen deňeşdirýär.

**3.** Maglumatlary kodlamak usuly boýunça maglumatlar açar arkaly kodlanýarlar. Maglumatlary şifr (kod) belgileriň iki sany usuly bar: *MPPE RSA RC4* algoritmiň esasynda we *IPSec DES* algoritmiň esasynda (*Data Encryption Standard*). *MPPE* we *IPSec* kodlamagyň birnäçe derejeleri goldaýarlar. Olaryň derejeleri 9-njy tablisada görkezilýär:

*9-njy tablisa*

**MPPE we IPSec kodlamagyň birnäçe derejeleri**

| Kodlamagyň ýerine ýetirilişi | Ulanylyşy |
|---|---|
| *Standart MPPE (40-bit, 56-bit)* | *Halkara* |
| *Kämilleşdirilen MPPE (128-bit)* | *Demirgazyk Amerika* |
| *IPSec DES (56-bit)* | *Halkara* |
| *IPSec Triple DES (3DES)* | *Demirgazyk Amerikada* |

*MPPE* usuly (*Microsoft Point-to-Point Encryption*) ýerli torlar bilen serweriň arasynda iberilýän maglumatlary goramak üçin ulanylýar.

*IPSec* usuly torlary uzak wagtlaýyn goramak üçin ulanylýar. Bu usulyň maglumatlary kodlamak üçin aşakdaky ülňüleri ulanylýar:

- *Data Encryption Standard (DES)* .
- *Triple DES (3DES)*.

Bu ülňüler halkara ülňüleri diýip hasaplanýar. Eger-de torlar Windows 2000 operasion ulgamynyň esasynda işleýän bolsalar, onda şol torlarda maglumatlary goramak üçin IPSec usulynyň aşakdaky protokollary ulanylýar:

***AH** (Authentication Header)* ***protokoly.*** Protokol *AH* maglumatlaryň hakykylygyny we bitewüligini barlaýar. Bu protokol hemme maglumatlara gol goýýar. Maglumatlara kod belgisi goýulmaýar. Maglumatlary okap bolýar, emma üýtgedip bolmaýar. Protokol AH maglumatlara gol goýmak üçin *HMAC* algoritmleri ulanylýar.

***ESP** (Encapsulating Security Payload)* ***protokoly.*** Bu protokol hemme maglumatlara gol we kod belgisini goýýar. Maglumatlary okap bolýar, emma üýtgedip bolmaýar.

**4.** Hakykylygyny barlamak. Kompýuter torlarda hakykylygy barlamak üçin Windows 98, Windows 2000 operasion ulgamlarda ýörite gurallar peýdalanýar. Olaryň arasynda: Kerberos V5, *Secure Socket Layer/Transport Layer Security (SSL/TLS), LAN* Manager ýaly gurallar.

Şeýle hem kompýuter torlarda hakykylygy barlamak üçin aşakdaky usullar we protokollar ulanylýar:

1. *PAP* protokoly (*Password Authentication Protocol*).
2. *CHAP* protokoly (*Challenge Handshake Authentication Protocol*);

3. *SPAP* protokoly (*Shiva Password Authentication Protocol*);
4. *MS Shap* protokoly (*Microsoft Challenge Handshake Authentication Protocol*).
5. *MS CHAR v2* (*Microsoft Challenge Handshake Authentication Protocol*).
6. EAP protokoly (Extensible Authentication Protocol).
7. Smart-kartlaryň we sertifikatlaryň kömegi bilen hakykylygy barlamak.

Maglumat howpsuzlygy guramak işlerinde goraýyş elementleri hökmünde aşakdaky elementler hasaplanýarlar:

1. Kompýuteriň esasy huşunda ýerleşýän maglumatlar we programmalar.
2. Daşky göterijilerde ýerleşýän maglumatlar we programmalar.
3. Monitoryň ekranyna çykýan maglumatlar.
4. Printer gurluşynda çykarylýan maglumatlar.
5. Torlar arkaly iberilýän maglumatlaryň toplumy.
6. Kseroks gurluşy arkaly çykarylýan maglumatlar.
7. Paroly bellige alýan žurnallar.
8. Iş resminamalarynyň gullugy.
9. Maglumatlar bazalary, banklary we arhiwleri.

Maglumatlary goramak ulgamy howpsuzlygynyň arhitekturasy diýlip atlandyrylýar. Bu arhitekturada işler birnäçe tapgyrlar boýunça geçirilýär:

1. Howpsuzlygyň seljermesi.
2. Goraýyş ulgamyny işläp taýýarlamak.
3. Goraýyş ulgamyny durmuşa geçirmek.
4. Goraýýs ulgamyny alyp barmak.

## Wirus näme we kompýutere wirusyň ýetirýän zyýany

Kompýuter wirusy – bu ýerine ýetirilýän koduň fragmentidir. Ol beýleki programmany modifisirläp, onda özüni nusgalaýar. Şu ýerde munuň adaty programmadygyny, dogrusy, ulanyjynyň talaplaryny kanagatlandyrmak üçin niýetlenilmändigini, tersine, gymmatly maglumaty ýok etmeklige, operasion ulgamy we programma üpjünçiligine dürli «hyzmat» arkaly barmaga, material ýetmezçilik we ş.m. döretmäge gönükdirilendigini bellemelidiris.

## Kompýutere wirusyň ýetirýän zyýany

*1. Wiruslar gymmatly maglumatlary gizläp bilýär:* Gymmatly maglumatlary ogurlamaga niýetlenilen kompýuter wiruslarynyň dürli görnüşleri bar. Adatça munuň bilen «troýan atlary» meşgullanýarlar. Size material taýdan ýetmezçilik getirýän zatlarynyň biri, köplenç parollaryň dürli görnüşini, mysal üçin, Internet toruna, pin-kodlara girmek we ş.m. ogurlaýarlar. Gymmatly maglumatlary ogurlamak bilen meşgullanýan «Troýan atlary» maglumaty ýa kimdir biriniň elektron bukjasyna ibermegi mümkin, siziň kompýuteriňiz Internet toruna çatylan ýagdaýynda, amala aşmaýar ýa-da tutuş maglumaty faýlyň tekst ýa-da beýleki formatynda saklap biler. Klawiatura içalylary diýlip atlandyrylýany aýratyn derejededir. Olar diňe bir parollaryň we kodlaryň aýan edilmegine getirmän, eýsem siziň klawiaturanyň kömegi arkaly kompýutere girizýän maglumatlaryňyzyň ählisiniň aýan edilmegine getirip biler.

*2. Wiruslar kompýuteriň komponentlerini zaýalap biler:* Kompýuteriň bir ýa-da birnäçe komponentiniň, mysal üçin, enelik platasynyň hatardan çykarylmagyna getirýän wirusyň dürli görnüşi bar. Bu ýagdaý *FLASH*- ýat diýlip atlandyrylýanyň ulanylyp başlanylmagy bilen mümkin boldy. Ol adaty programmalaryň kömegi bilen onuň mazmunyny üýtgetmäge mümkinçilik berýär. Şonda *FLASH* – ýadyň mikroshemasyndaky ýazgy programmanyň kody däl, ýöne tötänlikdäki «hapa» bu enjamyň ulanylmazlygyna getirýär. Şeýle wiruslara *Win CIH* ýa-da onuň howply wirusdüşeri *I Worm Magistr* mysal bolup bilerler.

*3. Wiruslar maglumatlaryň ýitmegine getirýär: .doc, .txt* giňeltmek bilen tutuş faýllaryň zaýalanmagyna getirýän wirus bar. Şeýle-de faýllar ulgamyny ýok edýän, diskdäki faýllaryň ählisiniň ýitmegine getirýän wirus hem bar. Dogrusy, köplenç ýagdaýda maglumatlary dikeltmäge mümkinçiligiň bardygyny bilmek zerurdyr.

## Antiwirus programma üpjünçiliginiň artykmaçlyklary

*Antiwirus programma* – bu wirus bilen zäherlenmeginiň öňüni alýan we zäherlenmäniň ýetiren zyýanyndan saplaýan programmadyr. Eger kompýuter wirusy bar bolýan bolsa, onda şol wiruslary zyýansyzlandyrýan kompýuterden aýyrýan, hatda käte zaýalanan maglumatlary halas edip bilýän antiwirus programmalary-da bar.

Kompýuteriň «zäherlenme,» mümkinçiliginiň öňüni almak üçin, adatça antiwirus programmalary peýdalanylýar. Olary:

- *antiwirus skaneri* – bu kategoriýa gaty diskde ýa-da islendik çalşykly göterijide ýerleşýän, olarda haýsydyr bir kompýuter wirusyna häsiýetli programma kodunyň barlygyny barlaýan faýllary we kataloglary barlamaga mümkinçilik berýär (wiruslaryň beýleki programmalaryň üstüni dolýan faýllara özüni «berkidýändigi» gizlin däl). Munda siziň üçin islendik amatly wagtda barlagy işe girizip bilersiňiz.
- *antiwirus monitory* – bu kategoriýa ähli işe girizilýän programmalary we nusgalanylýan (ýeri üýtgedilýän, aýrylýan, açylýan) faýllary hemişelik barlamak üçin niýetlenilendir. Düzgün boýunça, antiwirus monitory operasion ulgamy bilen bilelikde goýberilýär we operatiw ýatda ýerine ýetirilýän işleriň ählisini barlaýar. Eger kompýuterde bellibir dowrüň dowamynda hiç-hili iş geçirilmedik bolsa, monitor goşmaça gulluk hökmünde gaty diskdäki faýllary barlap biler. Şonda kompýuteriň işleýşi biraz haýallaýar, käte has gowşak bolýar. Bu ýerde ähli zat nähili ölçegdäki faýlyň ulanylýandygyna baglydyr. Işiň haýallygy köplenç oýunlarda mälim bolýar.

## Howpsuzlyk çäreleri

Elektron poçtany peýdalanyjylar elektron hatlaryň üsti bilen ýaýradylýan *spam* we wiruslar ýaly käbir howplara sezewar bolup bilerler.

*SPAM* ***(Спам)*** – olary kabul etmek barada razylyk bermedik adamlara köp mukdarda ugradylýan habarlardyr. «Spam» adalgasy birinji nobatda elektron hatlara degişlidir.

## Spamlaryň has köp ýaýran görnüşleri mahabat

Spamlaryň bu görnüşi has köp gabat gelýär – biznes bilen açyk iş salyşýan kompaniýalaryň käbirleri *spam* arkaly öz harytlaryny we hyzmatlaryny (mahabatlandyrýarlar). Olar ony özbaşdak ugradyp hem bilýärler, ýöne ony, köplenç, şu ugurda ýöriteleşen kompaniýalara (ýa-da adamlara) buýurýarlar. Şeýle mahabatyň özüne çekijiligi onuň örän pes bahasy we müşderileriň köp sanlysynyň gurşalyp alynýanlygydyr.

## Kanundan daşary önümiň mahabaty

Spamlaryň kömegi bilen başga usullar arkaly habar berip bolmaýan, meselem ogurlyk maglumatlar (maglumatlar bazalary), programma üpjünçiligi ýaly önümler barada mahabatlar berilýär.

## Antimahabat

Mahabat boýunça kanunçylyk aktlary boýunça gadagan edilen maglumatlar meselem, konkurentleri we olaryň önümlerini aýyplamak hem spamlaryň kömegi bilen ýaýradylyp bilner.

## «Nigeriýa hatlary»

Spamlar haty kabul edijiden aldap pul almak üçin ulanylýar. Has ýaýran usul «nigeriýa hatlary» adyny aldy, sebäbi şeýle hatlaryň agramly bölegi Nigeriýadan geldi. Şeýle hat ony kabul edijiniň haýsy hem bolsa bir usul bilen örän köp mukdarda pul alyp biljekdigi, haty ugradyjynyň bolsa oňa kömek edip biljekdigi baradaky habary saklaýar. Soňra haty ugradyjy käbir, meselem, resminamalary düzetmek ýa-da hasabyny açmak ýaly bahanalar bilen oňa az-owlak pul ibermegi haýyş edýär. Bu puly aldap almak bolsa hilegärleriň maksady bolup durýar.

Bu hilegärligiň has ýörite ady – *skam* ýa-da *skam 419* (Nigeriýanyň Jenaýat kodeksiniň maddasynyň nomeri boýunça).

## Fişiň (Фишинг)

*«Fişiň»* (iňlis dilindäki fishing – balyk tutmak sözünden alnan *phishing*) – spamyň kömegi bilen edilýän ýene bir hilegärlik. Ol haty kabul edijiden onuň karz kartoçkalarynyň nomerini ýa-da *Online* tölegleriniň ulgamyna girmegiň parolyny aldap almak üçin edilýän synanyşykdyr. Şu hili hat köplenç bankyň administrasiýasynyň adyndan ugradylýan resmi hat ýaly görnüşde bolýar. Onda haty kabul edijiniň özi baradaky maglumatlary tassyklamagy, bolmasa onuň hasabynyň duruzyljakdygy barada aýdylýar we kabul edijiniň doldurmaly formasynda saýtyň salgysy (spamerlere degişli). Habar berilmegi talap edilýän maglumatlaryň arasynda hilegärlere gerekleri hem bar. Pida aldanýanlygyny aňmaz ýaly, bu saýtyň bezegi hem bankyň resmi saýty ýaly görnüşde berilýär.

10. Sargyt № 3139

## Ýetirilýän zyýan

Bu ugratmalar *spamer* üçin hiç-hili baha durmaýar, ýöne *spamy* kabul edijilere örän gymmat düşýär. Sebäbi olar poçta serwerinden kabul eden talap etmedik habarlary üçin sarp edilen wagtyň (ýa-da trafigiň) bahasyny öz prowaýderlerine tölemeli bolýarlar. Elbetde spamlar prowaýderlere kanallara düşýän ýüküň artmagynyň netijesinde amatsyzlyklar döredýär (ýöne ol peýdalanyjylardan alynýan tölegiň ýokarlandyrylmagynyň netijesinde özüni ödeýär). Poçta ugratmalarynyň köpçülikleýin häsiýetine görä olar maglumatlar ulgamlarynyň we resurslarynyň işini olar üçin peýdasyz ýük döretmek bilen kynlaşdyrýarlar.

Ondan başga-da tory peýdalanyjylar özleri üçin peýdasyz mahabat habarlaryny işlemek üçin gündeki wagtlaryny sarp etmeli bolýarlar. Bu wagty gysgaltmak üçin olar *spama* garşy süzgüçleri ulanýarlar, ýöne olar spamdyr öýdüp, möhüm habary hem öçürip bilýärler. Ýöne günüň dowamynda onlarça mahabat habarlaryny gözden geçirmäge mejbur bolan adam hem olaryň arasyndan gereklisini goýberip biler.

Spam troýan programmalaryny we kompýuter wiruslaryny geçiriji bolup biler – ýaman niýetli bu programmalary kompýuter ulgamlaryna girmek, olary hatardan çykarmak ýa-da gizlin maglumatlary almak üçin salgylaryň (bellibir kompýuter toruna girýän peýdalanyjylara degişli) bellibir diapazonyna ugradýar. Bu ýagdaý örän seýrek duş gelýär. Köplenç, wirus programmalary özbaşdak ýaýraýarlar, ýokarda bellenilişi ýaly, bu ýaýramalary adatça spamlara degişli etmeýärler.

Şeýle hem spam marketingiň berlen usulyna eýerýänleriň abraýyna şek ýetirýär. Spam-ugratmanyň öýkünmesi harydyň (onda mahabat edilýän) we (ýa-da) onuň salgylaryndan geçirilýän aragatnaşyk operatorynyň abraýyna şek ýetirmek üçin hem, ýagny spam ynsapsyz bäsdeşlikde ulanylyp bilner.

## Peýdalanylan edebiýatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, «Ylym» neşirýaty. 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. Aşgabat,Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-VIII tom. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008-2015.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom (Goşundylar). Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, Türkmen döwlet neşiriýat gullugy. 2014.
10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2013.
11. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
12. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2010.
13. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012 – 2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy». Aşgabat, 2012.
14. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi (Türkmenabat, 2014-nji ýylyň 20-nji oktýabry), //«Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 21-nji oktýabry.

15. Innowasiýa işi hakynda Türkmenistanyň Kanuny //«Türkmenistan» gazeti, 2014-nji ýylyň 27-nji awgusty.
16. Türkmenistanda Internet torunyň ösüşini we internet-hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Kanuny. //«Türkmenistan» gazeti. 2014-nji ýylyň 29-njy dekabry.
17. *Iwanow B.M., Ýazhanowa H.D., Ýazgylyjow A.Ý., Seýithanowa G.G., Atdaýewa O.G., Kiçiýewa Ş.A., Şükürow G.A., Işkabulow G.I., Ilmyradow D.D.* Ykdysadyýetde awtomatlaşdyrylan informasion tehnologiýalar. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001.
18. *Ýazgylyjow A., Ýazgulyýew A., Ýazhanowa H., Şükürow G., Aronskiý Ýu., Iwanow B., Seýithanowa G., Atdaýewa O., Kiçiýewa Ş., Ýagmyrow H., Bäşimowa N.* Informatika we kompýuter tehnikasynyň esaslary. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001.
19. *Atdaýewa O.G., Seýithanowa G.G., Şükürow G.A., Ilmyradow D.D., Myradow A.K.*. Hasaplaýyş maşynlar, ulgamlar we torlar. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001.
20. *Şükürow G.A., Iwanow B.M., Myradow A.K., Seýithanowa G.G., Kiçiýewa Ş.A*. Maglumatlar biznesi. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2001.
21. *Babakulyýew M., Muhammetberdiýew Ö*. Maglumatlar tehnologiýalarynyň adalgalarynyň sözlügi. Aşgabat, Ylym, 2004.
22. *Гриффин Р., Пастей М*. Международный бизнес. 4-е изд. / Пер. с англ. под ред. А. Г. Медведева, СПб.: Питер, 2010.
23. *Епишкин И.А.* Электронная коммерция. Методические указания к практическим занятиям по дисциплине «Электронная коммерция». – М.: МИИТ, 2009.
24. *Калинина А.Э.* Интернет-бизнес и электронная коммерция. Учебное пособие. Волгоград, 2004.
25. *Кобелев О.А.* Электронная коммерция: Учебное пособие / Под ред. проф. С.В. Пирогова. – 2-е изд., перераб. и доп. – М.: Издательско-торговая корпорация «Дашков и К°», 2009.
26. *Колесниченко О.В.* Аппаратные средства PC. СПб: БХВ-Петербург. 2010.
27. *Самойлов Е.Э.* Практическое руководство. Web-дизайн для начинающих: быстрый старт. М.:-Триумф, 2009.
28. *Хорошилов А.В., Селетков С.Н.* Мировые информационные ресурсы. Учебное пособие. СПб:. Питер, 2010.

29. *Чердынцев Е.С.* Мультимедийные сети: учебное пособие.– Томск: Изд-во Томского политехнического университета, 2012.


Internet saýtlary:

www.turkmenistan.ru
www.turkmenistan.gov.tm
www.science.gov.tm
www.online.tm
www.tdydi.tm
www.tdh.gov.tm
www.samouchiteli.ru
www.allbest.ru
www.weblist.ru
www.abc-it.lv
www.allrunet.ru
www.netoteka.ru
www.sci-innov.ru
www.microsoft.com
www.biblioteka.net.ru

## MAZMUNY


Giriş........................................................................................................7

**1. Maglumat önümçiligi we marketingi** .................................................9

1.1. Maglumat önümçiligi we marketingi barada umumy düşünje ............9
1.2. Täze maglumat tehnologiýalary.
Maglumatlaryň täjirçilik maksatlarda ýaýradylyşy ..................................13
1.3 Interaktiw hyzmatlaryň halkara bazary..............................................17

**2. Maglumat marketingiň maksatnamasy** ..........................................21

2.1. Marketingiň esasy prinsipleri. Maglumat marketing düşünjesi.
Maglumatlar marketingiň maksatnamasynyň esasy tapgyrlary................21
2.2 Marketingi amala aşyrýan subýektleriň işleriniň aýratynlyklary.
Maglumatlar bazasyny öndürijileriň ýerine ýetirýän marketingi..............27
2.3 Interaktiw gulluklaryň geçirýän marketingi. Marketingiň esasy
subýektleriniň we maglumatlar bankyny ulanyjylarynyň özara
aragatnaşyklary .......................................................................................29

**3. Maglumat önümiň we hyzmatyň bazary** ..........................................35

3.1. Maglumat önümiň we bazaryň barlagy.............................................35
3.2 Maglumatlar bankynyň we maglumatlar bazasynyň ýerine ýetirmeli
talaplary...................................................................................................39
3.3. Bazaryň segmentlere bölünişi. Bazary
segmentlere bölmekde maglumat marketingiň
düzgünleri ...............................................................................................41

**4. Maglumat hyzmatyň nyrhynyň döreýşi**............................................46

4.1. Bazar ykdysadyýetinde nyrhyň döreýşiniň
esasy nusgalary .......................................................................................46
4.2. Girdejiniň ýokarlandyrylyşy we nyrhlaryň derejesi ..........................46
4.3. Maglumat hyzmatlara nyrhyň döreýşi.
Nyrhyň döremeginiň bazar tejribeligi......................................................51

4.4. Bazaryň gurşalyşy. Nyrh syýasatynyň modifikasiýasy. Girdejiniň kesgitsizlik howpunyň peseldilişi.
Nyrhyň düzümi ....................57

**5. Mahabat işi** ....................63

5.1. Interaktiw hyzmatyň bazardaky hereketiniň esasy usullary. Mahabat işi, sorag-jogap materiallarynyň ýaýradylyşy barada ulanyjylara berilýän maslahatlar ....................63
5.2. Maglumat önümiň ösüş basgançaklary we interaktiw hyzmatyň bazardaky hereketleriniň görnüşleri. Harydyň durmuş döwrüniň tapgyrlary ....................67

**6. Göni we interaktiw marketing** ....................70

6.1. Göni marketingiň ösüşi, artykmaçlyklary we görnüşleri ....................70
6.2. Interaktiw marketing we elektron söwda ....................75
Wirtual dükanlarda söwda etmek ....................77

**7. Marketing maksatnamasynyň ýerine ýetirilişiniň barlagy** ....................85

7.1. Marketing barlagynyň esasy görnüşleriniň häsiýetnamalary. Maglumatlar bankynyň ulanylyşynyň barlagy ....................85
7.2. Maglumatlar bankynyň täjirçilik maksatlarda dogry peýdalanylyşynyň barlagy ....................90

**8. Internetde işlemegiň esaslary** ....................96

8.1. Internet hakda gysgaça taryhy maglumatlar ....................96
8.2. Internet *Exploreriň* kömegi bilen Web – sahypalary gözden geçirmek ....................104
8.3. Internetde gözleg ulgamlardan peýdalanmak ....................109
8.4. WEB-saýtlar we olaryň döredilişi ....................113
8.5. Internetde mahabatyň ýerleşdirilişi ....................117
8.6. Internetde täjirçilik we elektron täjirçiligi ....................123

**9. Töleg ulgamy we onuň aýratynlyklary** ....................127

9.1. Bank kartynyň ornaşdyrylyşy ....................127
9.2. Nagt däl hasaplaşyklar ....................129
9.3. Bank geçirimleri ....................132

**10. Maglumat howpsuzlygy** ....................138

10.1. Maglumat howpsuzlygyny guramagyň serişdeleri ....................138
10.2. Maglumatlaryň goralyş usullary ....................139

Peýdalanylan edebiýatlar ....................147

*Güljan Seýithanowa, Bäşim Iwanow, Gurbanguly Şükürow,*
*Alym Myradow, Şemşat Kerimberdiýewa,*
*Aýgözel Arlanowa, Döwletgeldi Sarygulow*

# HALKARA MAGLUMAT IŞEWÜRLIGI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *H. Sapargulyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *A. Kiçiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *G. Orazowa* |
| Neşir üçin jogapkär | *O. Atdaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 15.06.2016. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$. Edebi garniturasy.
Çap listi 9,5. Şertli çap listi 9,5. Hasap-neşir listi 8,51.
Şertli-reňkli ottiski 38,19. Sargyt 3139. Sany 600.

Turkmen dowlet neşiryat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Turkmen dowlet neşiryat gullugynyn Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyyew) koçe, 51/1.